Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK BILIMI MINISTRLIGI

O. MUSURMANOWA M. KARŞIBAÝEW,
R. KOÇKAROW,

# MILLI GARAŞSYZLYK TAGLYMY WE RUHYÝET ESASLARY

## 9-njy SYNP

Gaýtadan işlenen we doldurylan 7-nji neşir

***Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkezi tarapyndan neşire hödürlenen***

DAŞKENT «MA'NAVIYAT» 2015

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 37.035.6=512.164
KBK 66.3(5O’)
M 76

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 9-nji synplary üçin niýetlenen şu derslik Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» we «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitaplary esasynda gaýtadan işlenen. Onda Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslaryny düzýän esasy bilimler we düşünjeler döwrebap metodik usullar we talaplar esasynda açyp görkezilen.

**UO‘K 37.035.6=512.164**
**KBK 66.3(5O’)**

**S y n  ý a z a n l a r :**

Sosiologiýa ylymlarynyň doktory ***A. Halbekow***
Filologiýa ylymlarynyň kandidaty ***S. Olimow***

M 76 Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary: 9-njy synp. Okuw gollanmasy/Awtorlar: O. Musurmanowa, M. Karşibaýew, R. Koçkarow/. – Gaýtadan işlenen we doldurylan 7-nji neşir. – D.: «Ma’naviyat», 2015. – 128 s.
Sözbaşy: ÖzR Halk bilimi ministrligi.

ISBN 978-9943-04-160-8

**Şertli belgiler:**

– ýatda saklaň
– şuny bilmeli
– açar söz
– soraglar we ýumuşlar
– ünsli okaň

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-04-160-8

© O. Musurmanowa we başg., 2015.
© «Ma’naviyat», 2015.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I *bap*

# GARAŞSYZLYK WE MILLI TAGLYM

## IŇ BEÝIK MAKSAT

Eziz okuwçy, şu günlerde bütin ýurdumyz boýunça Garaşsyzlyk baýramy şadyýanlyklary dowam edýär.

Siz tälim alýan mekdepde, mugallymlaryňyzyň, synpdaş dostlaryňyzyň ýüzünde, gözünde, keýpinde-de ynha şu baýram şatlygy her ädimde duýlup dur. Şeýle guwançly pursatlarda biz, ilki bilen, garaşsyzlygyň halkymyzyň, Watanymyzyň durmuşynda, her birimiziň tagdyrymyzda nähili uly ähmiýete eýe bolandygy barada oýlaýarys. Bu babatda siz her ýyl täze okuw ýylynyň ilkinji derslerinde mugallymlaryňyz, synpdaşlaryňyz dostlaryňyz bilen giňişleýin söhbetleşýärsiňiz. Ynha şu pikirleriň ählisini umumlaşdyryp aýdýan bolsak, biz 1991-nji ýylyň 31-nji awgustyndan – halkymyz, ýurdumyz özüni özbaşdak diýip yglan eden günden başlap nähili üstünlikleri we netijeleri gazanan bolsak, olaryň ählisi garaşsyzlyk sebäplidir. Diňe bir gazanan däl, eýsem bu günki günde arzuw edip, ymtylýan sepgitleri eýelemegimiz üçin hem, ilki bilen, garaşsyzlyk, erkin we azat durmuş gerek. Şonuň üçin näçe näçe eždatlarymyz üçin arman bolup galan garaşsyzlygy biz iň beýik nygmat hökmünde gadyrlaýarys.

Bu gün siz öwrenmegi dowam edýän «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmynyň esasy ugurlaryndan biri milli taglymdyr.

**Milli taglymymyzyň esasynda-da iň beýik maksat, baş prinsip bolup, ilki bilen, garaşsyzlyk, ony gözüň göreji ýaly aýawly saklamak meselesi durýar.**

Prezidentimiz Islam Karimow bu hakda aýratyn belläp geçip, **«Biziň iň beýik maksadymyz, iň beýik taglymymyz şu, ýagny Özbegistanyň bir ýoly bar: garaşsyzlygy berkidip, ýurdumyzy her taraplaýyn ösdürip, ýagty we erkin durmuşa tarap öňe ýöremekdir»[1]**, diýip nygtamagy ýöne ýerden däl, elbetde.

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 76-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Siz milli taglymymyzyň esasynda ýurt parahatçylygy, Watanyň gülläp ösmegi we halk abadançylygy ýaly üç möhüm düşünje durýandygy barada 8-nji synpdan habarlysyňyz. Ine şu maksatlary amala aşyrmak üçin, ilki bilen, ýurdumyz özbaşdak, halkymyz azat we erkin bolmaly.

**Garaşsyzlygy gorap saklamagy we berkitmegi biz iň beýik maksat hasaplaýarys. Milli taglymymyzyň düýp many-mazmunyny kesgitleýän ine şu maksat biziň durmuşymyza, aňymyza-pikirimize siňip, dünýägaraýşymyzyň, amaly hereketlerimiziň esasyna öwrülmelidir.**

Adamyň kalbyny we aňyny eýelemek we şu arkaly ony özüniň betnebis niýetleri ugrunda ýönekeý gurala, serişdä öwürmäge çalyşýan dürli zyýanly akymlaryň we hereketleriň täsiri barha artýan bu günki çylşyrymly zamanda diňe hut ynha şeýle beýik maksatlara ymtylyp ýaşan adam azaşmaýar.

Adam tebigatyna görä gyzyklanyjy ynsandygy we şu sebäplide köplenç aldanyp hem galýandygy size syr däldir. Ol tebigatdaky we jemgyýetdäki ençeme waka-hadysalara, meselelere ýaşlygyndan başlap jogap gözleýär. Olaryň manysyny düşünmäge çalyşýar. Şeýlelikde onuň aňy ösüp, düşünjesi barha giňeýär. Bu proses üznüksiz bolup, älem hereketini bes etmeýşi ýaly, adam hem bilmekden we pikirlenmekden togtamaýar. Emma dünýä akyl ýetirmek we düşünmegiň özboluşly ýollary, şekilleri bar. Olara görä, bilimler peýdaly ýa-da zyýanly, gerekli ýa-da gerekmejek bolmagy mümkin. Ynha şu bilimlerden iň zerurlaryny almak üçin adamda anyk maksat bolmalydyr. Meselem, öňki SSSR döwründe okadylan bilimleriň köpüsi peýdasyz we gerekmejekdi. Çünki olaryň aglabasy galp, adamlary, aýratynam, ýaşlary aşagy puç we ýalan maksatlara ynandyrmaga gönükdirilipdi.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Taryha nazar taşlaýan bolsak, ne-ne beýik we janypkeş adamlar bütin ömrüni Watanyň gülläp ösmegine bagyşlandyklaryny görýäris. Çünki şeýle uly maksatlar bilen ýaşamak adamyň durmuşyna hakyky many-mazmun berýär, ony ösdürýär. Adam öz arzuw-isleglerini, gyzyklanmasyny we zerurlyklaryny amala aşyrmakda esas bolup hyzmat edýän ine şeýle maksada, taglyma hemişe zerurlyk duýup ýaşaýar.

Üns beren bolsaňyz, bäbegiň elinden oýnawajyny alsaňyz, birneme aglap, gykylyp turuzýar welin, aradan köp wagt geçmänkä, ony ýadyndan çykarýar. Çünki onuň hyýalyny başga zat, aýdaly, eline berlen süýji eýeleýär. Ýagny, onuň bäbek aňyndaky oýnawaja bolan gyzyklanmasy derrew başga zada bolan gyzyklanma eýeläp alýar. Adamyň tebigaty hem şeýle: bir zada gyzyklanmazdan, näme bilendir hyýalyny, kalbyny doldurman durup bilmeýär. Tebigatda, jemgyýetde boşluk bolmaýşy ýaly, adamyň kalbynda we aňynda hem boşluk bolmaýar.

**Şonuň üçin halkymyz gowy däpleri, urp-adatlary, ýaradyjy taglymlary asyrlardan asyrlara alyp geçip, perzentleriniň kalbyna siňdirýär. Garaşsyzlyk taglymy hem ine şeýle hiç haçan zowal bilmeýän taglymlardandyr.**

**Adamyň kalbynda ýa-da aňynda boşluga ýol berilse, ol öz arzuw-isleglerine we durmuş bähbitlerine laýyk gymmatlyklara däl, tersine, dogry ýoldan sowdurýan galp taglymlara hem-de aňyýetlere ynanyp, ýoldan azaşmagy, ýagşylygyň ýerine ýamanlygyň, gowulygyň ýerine ýowuzlygyň yzyna eýerip gitmegi mümkin.**

Aýratynam, adamy özüne tiz çekýän döwrebap habar serişdeleriniň işi barha güýjeýän bu günki günde şeýle howp-hatarlar dürli şekillerde ýyldyrym çaltlygynda köpelip barýar. Agressiw taglymlar we aňyýetler ine şu serişdelerden peýdalanyp, gowşak, ynamsyz adamlary duzaga salmaga hereket edýär.

*Agressiw taglym adamyň kalbyna çozup girip, onuň aňyny-pikirini hatardan çykarmaga çalyşýan taglymdyr.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Agressiwlik – bozgunçylygyň we weýran edijiliginiň esasy. Şonuň üçin dünýädäki aglaba weýran ediji güýçler agressiw taglymlara we aňyýetlere daýanýar.**

XX asyryň 30-njy ýyllarynda Germaniýada hökümdarlyk eden faşizm, geçen ýüzýyllykda öňki SSSR çäginde kök atan sowet düzüminiň gizlin hereketleri muňa mysal bolup bilýär.

Ýaradyjy taglymlar we aňyýetler bolsa öz täsirini aň-bilim esasynda ýaýmaga çalyşýar. Prezident Islam Karimowyň aýdyşy ýaly, olar tümlüge garşy aň-bilim bilen göreş alyp barýar.

*Ýaradyjy taglym – döretmäge we gurmaga, ýagşylyga hyzmat edýän taglym.*

Ýaradyjy taglyma we aňyýete eýe bolan halk hiç haçan agressiw güýçleriň täsirine düşmeýär. Çünki onuň kalby we aňy ene ýurda söýgi, Watana wepalylyk, mertlik, janypkeşlik duýgularyna, öz güýjüne görä ynama doly bolýar.

Biz garaşsyzlyk gazananymyzdan soň ýurdumyzyň ýerasty we ýer üsti baýlyklary bilen birlikde, halkymyzyň ruhy dünýäsini, kalbyny we aňyny gorap saklamak, baýlaşdyrmak meselesi-de iň möhüm wezipä öwrüldi. Şu maksatda ýurdumyzda ençeme işler amala aşyrylýar, şol sanda, milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri we prinsipleri döredilip, kämilleşdirilýär. Ýurtbaşymyzyň eserleri esasynda 2000-nji ýylda «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünjeler we prinsipler» kitaby çap edildi.



Milli garaşsyzlyk taglymynyň esasy düşünjeleri we prinsipleri halkymyzyň täze jemgyýet gurmak ugrundaky arzuw-isleglerini, garaşsyzlyk ýyllarynda toplanan baý tejribeleri, milli we umumadamzat gymmatlyklaryň sazlaşyklylygy, taglym we aňyýetler taryhy, bu günki dünýäniň aňyýet teswiri bilen bagly bilim hem-de düşünjeleri özünde jemleýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Milli garaşsyzlyk taglymy bilen bagly bilim we düşünjeleri tapgytlaýyn öwrenip barmak ýaşlarda ýokary dünýägaraýyş we aňyýet immunitetini şekillendirmäge hyzmat edýär. «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmy bu ugurda iň ýakyn kömekçi bolýar.**

Taglym we ruhyýet, jemgyýetçilik durmuşyndaky orny we wezipesi, terbiýeçilik ähmiýetine görä, bir-birine örän ýakyn. Taglym bilen bagly bilimler ruhyýet bilen bagly bilimleri hem talap edýär.

**Taglym hem, ruhyýet hem adamyň kalbyndaky we aňyndaky özgerişleri jemgyýetçilik durmuşyndaky wakalar bilen baglylykda öwrenmegi talap edýär. Şolaryň ählisini hasaba almak bilen, siz öwrenýän şu ylym «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» diýlip atlandyrylýar.**

Şu ylmy öwrenende ýokarda agzalan «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünjeler we prinsipler» kitaby, Prezident Islam Karimowyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitaby, milli taglyma we aňyýete, ruhyýete degişli başga eserleri, eždatlarymyzyň baý mirasy, milli we umumadamzat gymmatlyklar esasy çeşme, nazary esas bolup hyzmat edýär.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Biz näme üçin garaşsyzlygy iň beýik nygmat hökmünde gadyrlaýarys?
2. Prezidentimiz Islam Karimowyň iň beýik maksadymyz, iň beýik taglymymyz barada aýdan pikirleri barada aýdyp beriň.
3. Ýurt parahatçylygy, Watanyň gülläp ösmegi we halk abadançylygy ýaly gowy maksatlary amala aşyrmak üçin ilki näme gerek?
4. Siziň hem anyk maksadyňyz barmy, ony amala aşyrmak üçin näme edersiňiz?
5. Siz hem nämänidir döretmek, gurmak barada arzuw edýärsiňizmi?
6. Siz agressiw taglyma nähili düşünýärsiňiz, onuň täsirine düşmezlik üçin näme edersiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MILLI TAGLYM WE ÖSÜŞ

Eziz okuwçy, dünýädäki her bir halkyň milli taglymy, ilki bilen, onuň ösüşine, şu ugurda bütin jemgyýet agzalaryny birleşdirmek, olaryň güýçlerini we mümkinçiliklerini gowy maksatlara ýetmek ugrunda gönükdirmäge hyzmat edýändigini ýatda saklaň. Biziň milli taglymymyzda ýurdumyzda hukuk demokratik döwlet, raýatlyk jemgyýetini gurmak, bu işde halkymyzyň işeňňir gatnaşygyny üpjün etmek, onuň durmuş abadançylygyny, Watanymyzyň dünýä möçberindäki abraýyny artdyrmak baş maksatlardan hasaplanýar.

**Milli taglymymyzyň düzümindäki esasy düşünjelerden biri Watanyň gülläp ösmegi diýlip atlandyrylýar.**

**Watanyň gülläp ösmegi üçin, ilki bilen, ýurt parahat, halk abat bolmaly. Şu sebäpli ýurt parahatçylygy we halkyň abadançylygy ýaly gowy maksatlar Watanyň gülläp ösmegi bilen birlikde milli taglymymyzyň esasyny düzýär.**

Ine şu maksatlara ýetmek üçin bolsa diýarymyzda ýaşaýan adamlar hem beden, hem ruhy taýdan ýetişen bolmaly, olar haýsy millete ýa-da halkyýete degişli bolmasa-da, ählimiz üçin ýeke-täk bolan ene Özbegistanymyzyň ösüşi ugrunda birleşip, egindeş we pikirdeş bolup ýaşamaly. Şeýle ymtylyş hem-de garaýyşlar ýaşlykdan başlap olaryň kalbyna we aňyna siňdirmek üçin milli taglymymyzyň düzümindäki kämil adam, jemgyýetçilik hyzmatdaşlygy, milletlerara agzybirlik, dinlerara bagrygiňlik ýaly prinsipler hem aýratyn orun tutýar. Bu, öz gezeginde, milli taglymymyzyň düzümindäki düşünjeleriň we prinsipleriň bir-biri bilen aýrylmaz baglydygyndan, halkymyzy birleşdirmek we bitewi gudratly güýje öwürmekde onuň amaly mümkinçilikleriniň neneň giňligini delillendirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Milli taglym halkyň özboluşly durmuş terzini, tebigatyny, häsiýetini, gadymy däplerini we gymmatlyklaryny, arzuw-isleglerini hem-de bähbitlerini beýan edýär.**

**Näçe nesiller milli taglym üçin göreşip ýaşandygy sebäpli ol köplenç milli özlük, buýsanç tymsalyna öwrülýär.**

Siz, dünýädäki ösen döwletleriň gazanan ösüş derejesi barada gürrüň edilende, «ýapon täsinligi» ýa-da «koreýs täsinligi» diýen jümleleri eşidensiňiz. Bu halklar geçen asyrda bolan Ikinji jahan urşundan soň gaty kyn ýagdaýa düşüpdi. Olaryň baý tebigy çig mal çeşmeleri, mineral resurslary ýokdy. Olar diňe milli taglymyna, ruhy ukybyna we intellektual mümkinçiliklerine daýanyp, hakyky ýaradyjy millet hökmündäki ýaradyjylyk ukybyny görkezip, ýokary ösüş gazanmagy mümkindi.

Prezidentimiz Islam Karimow bu hakykaty aýratyn nygtap, şeýle ýazýar: **«Ýapon we koreýs halky asyrlar dowamynda şekillenip, uly ýaradyjy güýje öwrülen özboluşly milli ruhyýetiniň hasabyndan hem ösendigi bu günki günde hiç kime syr däl. Şonuň üçin «ýapon täsinligi» ýa-da «koreýs täsinligi» barada gürrüň edilende, görnükli ekspertler we hünärmenler hem ilki bilen «ýapon harakteri», «koreýs tebigaty» diýen jümleleri dile alýar. Olar bu babatda ilki bilen şu halklara degişli ruhy sypatlary nazarda tutýandygy tebigydyr. Ýagny, bu halklaryň içki dünýäsi we erki ruhyýet esasynda has-da taplanan, kämilleşen»**[1].

Bu sözleriň her taraplaýyn dogrudygyny soňky ýyllardaky wakalar ýene bir gezek subut etdi. Meselem, 2011-nji ýylyň 11-nji mart güni Ýaponiýanyň Tohoku çäginiň golaýynda, Ýuwaş okeanda güýçli ýer titremesi boldy. Şonuň netijesinde okeanyň suwy 10 metre çenli göterilip, güýçli tupan – sunami hadysasy boldy we kenara ýakyn ýerleşýän ilat mesgenlerini bütinleý weýran etdi. Müň-müňlerçe adamlar gurban boldy we öwsarsyz

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 27-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



galdy. Bu hem ýetmedik ýaly, ýer titremesi netijesinde «Fukusima – 1» atom elektro-stansiýasynyň reaktorlarynda partlama ýüze çykdy. Netijede howa, okeaga radiasiýa şöhleleri ýaýrap, daş-töwerekde ýaşaýan adamlaryň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň durmuşy uly howp astynda galdy. Ynha şeýle gaty agyr heläkçilige seretmezden, ýapon halky umytsyzlanyp aljyramady. Tersine, şeýle kyn, elhenç synagyň öňünde has-da jebisleşip, durnuklylyk bilen peläket netijelerine garşy göreşdi. Adam organizmini zäherläp, ähli dokumalaryny köýdürýän gaty howply şöhle çykyp ýatan peläket ojagynda 200 hünärmen gije-gündüz dyngysyz zähmet çekdi. Olar durmuşynyň howp astyndadygyny, ertir bütinleý maýyp bolup galjakdygyny ýa-da biwagt dünýäden göz ýumjakdygyny gowy bilse-de, halky, Watany üçin şeýle gahrymançylyga düşünjeli ýagdaýda gaýduwsyzlyk görkezdiler. Günüň her bir ýagty pursadyndan önümli peýdalanmak üçin olar hatda günortanlyk naharlanmandyrlar. Olaryň 17 sanysy agyr şöhlelenmä duçar bolup, keselhana ýatyrylýar, käbirleri güýçli şöhlelenmeden heläk bolýar. Ýöne peläketiň öňüni almak boýunça işler bir sellemde dynmady. Hiç şübhesiz, ynha şeýle howply ýagdaýlarda islendik milli taglymyň esasynda jebisleşen ata Watana, halka, millete mähir-söýgi, janypkeşlik duýgusy ýapon halkyna medet boldy.

Biziň halkymyz hem, alys we ýakyn taryhy dowamynda näçe agyr kynçylyklary we maşakgatlyklary başyndan geçirdi. Ýekeje geçen asyryň 80-nji ýyllarynda halkymyza garşy amala aşyrylan, «pagta işi» diýen baryp ýatan töhmet we pitneden ybarat gadaganlary alalyň. Öňki SSSR-iň merkezinden gelen, maksady ilýurdumyzy kemsidip, onuň buýsanjyny, ar-namysyny basgylamak, baýlyklaryny talamak bolan sülçüler topary birnäçe ýylyň mobaynida günäsiz adamlary tussag etmek, olaryň maşgala agzalaryny gynamak bilen meşgullanýar. Milli taryhymyzdaky iň hapa we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



gara döwür bolan ine şu ýyllardaky wakalary öwrenen alymlaryň aýtmagyna görä, Gdlýan we Iwanow ýolbaşçylygyndaky ine şu sülçüler gijesine pagta ýetişdirdirmek bilen bagly bolan islendik ýönekeý adamyň öýüne çozup girip, olary tussag edipdir, aýallaryny, çagalaryny olaryň gözüniň öňünde gynap, özleri dokan galp gepler ýazylan kagyzlara gol çekdiripdirler. Aýallaryň, gyzlaryň gulagyndaky ysyrgasyna çenli, hojalyk enjamlaryna çenli çekip almakdan-da çekinmediler. Halkymyz şeýle adalatsyzlykdan azap çekip, derdini kime aýtjagyny bilmän, naladyr pygan eden pursatlarynda onuň sönen göwnüne näme goldaw boldy? Ilki bilen, bu dünýäde adalat we hakykat bardygyna, hökman ýagty günleriň geljekdigine bolan ynam oňa goldaw boldy.

**Biziň milli taglymymyz hut şeýle ynam duýgusy bilen güýçli. Şeýle ynam ne-ne eždatlarymyza güýç beripdir, olary erkin we azat günler üçin göreşe ündedi.**

Halkymyzyň başyna dyngysyz töhmet we garalyk daşlary ýagdyrylan 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda hem şeýle boldy. Şol wagtda Kaşgaderýa welaýatynda birinji ýolbaşçy bolup işlän, soňluk bilen – 1989-njy ýylda respublikanyň ýolbaşçysy bolup paýtagtda işe başlan Islam Karimow, ilki bilen, şeýle adalatsyzlygy ýatyrmak, adamkärçilik mertebesi we buýsanjy, hukuklary basgylanan müňlerçe adamlary goramaga atlandy. Ýurtbaşymyzyň deňsiz edermenligi sebäpli näçe-näçe adamlar tussagdan azat edildi, iş ýerlerine gaýtadan dikeldildi, halkymyza garşy öňki Merkezden durup guralýan töhmetler togtadyldy. Bu hakda Prezidentimiz Islam Karimow «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitabynda jikme-jik hekaýa edýär.

Entek öňki sowet düzümi agalyk edýän gaty çylşyrymly bir şertde Prezidentimiz Islam Karimowy uly edermenlige ündän güýç hem milli taglymymyzyň many-mazmunyny düzýän ýurt



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

parahatçylygyny oýlamak, Watana bolan söýgi, halkymyzyň mertebesini we buýsanjyny mukaddes hasaplamak, adalata, hakykata wepalylyk duýgusydy.

Milli taglymymyz bu günki günde hem bizi uly-uly sepgitlere tarap çagyrýar. Aýratynam, ýurdumyzda adam her taraplaýyn erkin we abat ýaşaýan täze jemgyýeti gurmak, Özbegistanymyzyň dünýädäki ösen döwletleriň hataryndan mynasyp ýer almak üçin tutanýerlilik bilen öňe ymtylmak, özgertmelerimizi has-da ýaýbaňlandyrmak milli taglymymyzyň ruhuna we mazmunyna doly laýyk gelýär. Prezidentimiz Islam Karimow tarapyndan şu ugurda öňe sürülýän ähli amaly başlangyçlar we netijeler şol bir wagtda milli taglymymyzy täzeçe pikirler we garaýyşlar bilen baýlaşdyrmaga hyzmat edýär. Meselem, döwletimiziň ýolbaşçysy tarapyndan Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň 2010-njy ýylyň 12-nji noýabrynda bolup geçen bilelikdäki mejlisinde beýan edilen «Ýurdumyzda demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak we raýatlyk jemgyýetini ösdürmek konsepsiýasynda» ýokarda agzalan maksatlara ýetmek ugrundaky iň möhüm we ileri tutulýan wezipeler esaslandyryp berildi. Bu, öz gezeginde, milli taglymymyzyň döwrebap ösüş talaplary, durmuş tejribeleri esasynda barha yzygiderli kämilleşýän ulgamdygyny delillendirýär.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Dünýädäki her bir halkyň milli taglymy, ilki bilen, nämä hyzmat edýär?
2. Milli taglymymyzyň baş maksatlaryndan biri haýsy?
3. Milli taglymymyzyň düzümindäki düşünjeleriň we prinsipleriň bir-biri bilen aýrylmaz baglydygyny düşündirip beriň.
4. Milli taglym näme üçin milli özlük, buýsanç tymsalyna öwrülýär?
5. Ýapon ýa-da koreýs täsinliginiň peýda bolmagynda şu halklaryň milli taglymy, ruhy sypatlary nähili rol oýnapdyr?
6. Halkymyz alys we ýakyn taryhy dowamynda agyr kynçylyklary başyndan geçirendigi barada nähili mysallary bilýärsiňiz?
7. Prezidentimiz Islam Karimowy geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrlarynda nähili güýç uly edermenlige ündäpdi?
8. Milli taglymymyz bu günki günde bizi nähili sepgitlere tarap çagyrýandygy barada mysallar bilen aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÜNÝÄNIŇ AŇYÝET TESWIRI

Siz karta garap, dünýäniň, ýer ýüzündäki dürli döwletleriň, sebitleriň geografik teswirini görýärsiňiz. Mundan daşary, dünýäniň syýasy, ykdysady, medeni teswiri hem bar bolup, wagty gelip olaryň her biri barada degişli ylymlaryň kömeginde zerur bilimlere we maglumatlara eýe bolarsyňyz. Şolar ýaly dünýäniň ýene bir özboluşly aýratynlygy, ýagny aňyýet teswiriniň hem bardygyny ýatda saklaň.

*«Dünýäniň aňyýet teswiri» dünýäde bolup geçýän taglymy prosesleri, aňyýet şekillerini, olaryň manysyny, maksatlaryny we özara gatnaşyklaryny bir bitewilikde beýan edýän düşünje.*

Döwletleriň, halklaryň, dürli syýasy akymlaryň we güýçleriň öz bähbitlerini amala aşyrmak boýunça taglymy maksatlarynyň, göreş serişdeleriniň özgermegi bilen dünýäniň aňyýet teswiri hem barha özgerýär. Meselem, mundan 25–30 ýyl öň dünýäniň aňyýet teswiri bütinleý başgaçady. Şol wagtlarda dünýädäki iki güýçli hökümdar güýç – kapitalistik we sosialistik lager diýlip atlandyrylýan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň baştutanlygyndaky bazar ykdysadyýeti gatnaşyklary esasynda ösýän döwletler bilen öňki Sowet Soýuzynyň ýolbaşçylygyndaky planly-bölünişik, administratiw-buýruk berijilik usulyna esaslanan ýurtlar toparynyň arasyndaky hemişelik gapma-garşylyk hem-de göreş dünýäniň aňyýet teswiriniň nähili bolmalydygyny kesgitleýärdi.

Islendik döwürde-de adamyň kalbyna we aňyna täsir edip, bu ugurda ähli serişdeleri işe salmak dünýäniň aňyýet teswirinde esasy orun tutup gelýär. Şol sanda, bu günki günde-de şeýle ýagdaýy görmek mümkin. Ýöne häzirki wagtda aňyýet meýdanlaryndaky göreş ýollary, şekli we serişdeleri misli görülmedik derejede ösüp, erjellik bilen özgerip barýar. Çünki XXI asyrda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



dünýäde global, ýagny bütin ýer ýüzüni gurşap alan habar ulgamy emele geldi. Internet ine şeýle global habar ulgamydyr. Şeýle ulgam arkaly adamlaryň kalbyna we aňyna täsir etmek mümkinçiligi birnäçe esse artýar.

Bu günki dünýäniň aňyýet teswiri barada Prezidentimiz Islam Karimowyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynyň üçünji babynda giňişleýin pikir ýöredilen bolup, onda şol sanda aşakdakylar nygtalýar:

**«Häzirki wagtda göz öňümizde dünýäniň geopolitik, ykdysady we jemgyýetçilik, habar-kommunikasiýa teswirinde çuňňur özgerişler bolup geçýän, dürli aňyýetler bäsdeşligi ýitileşýän bir ýagdaýda, pikire garşy pikir, taglyma garşy taglym, tümlüge garşy aň-bilim bilen göreşmek hemişekisinden görä möhüm ähmiýete eýedigi ählimize aýandyr»[1].**

Pikire garşy pikir, taglyma garşy taglym, tümlüge garşy aň-bilim bilen göreşmek diýende, ilki bilen, nämäni düşünýäris? Adamyň kalby we aňy üçin göreş biziň döwrümizde barha rowaçlanýandygy, häzirki dünýäniň aňyýet teswiriniň hem şunuň bilen kesgitlenýändigini düşünýäris. Adamzadyň elinde bar bolan ähli döwrebap aňyýet serişdeleri şu maksada gönükdirilýär.

Elbetde, dünýädäki her bir aňyýet ýa-da taglymy akym adamyň kalbyny we aňyny öz maksatlaryna boýun egdirmekçi bolýar. Pikire garşy pikir, taglyma garşy taglym, tümlüge garşy aň-bilim bilen göreşmek bolsa şeýle çylşyrymly prosesiň düýp sebäplerini düşünip, olara garşy akyl we bilim bilen göreşmegi talap edýär. Munuň üçin bolsa pikirimiz, intellektual ukybymyz ýokary

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 119-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bolmaly, döwrebap bilimlerdir hünärler, milli we umumadamzat gymmatlyklary pugta eýelemediris, iň möhümi, kalbymyz we aňymyz diňe özümize degişli bolmalydyr.

**Kalbyny we aňyny elden gideren adam bütin durmuşyny, bütin barlygyny elden gideren bolýar.**



Häzirki wagtda adamyň kalbyny we aňyny bozmaga, çolaşdyrmaga gönükdirilen zyýanly täsirler birnäçe betnebis maksatlarda amala aşyrylmagy mümkin. Şolardan iň howplusy halk ýa-da millet ýaşaýan ýurduň çägini, ol ýerdäki maddy we ruhy baýlyklary eýeläp almak niýetinde edilýän aňyýet-taglymy hüjümlerdir. Şeýle çykyşlar köpçülikleýin habar serişdeleri, aýratynam, Internet, teleradio ulgamlary, ekstremistik ruhdaky kitaplar, plakatlar we broşýuralar arkaly ýaýramagy mümkin. Nähili şekilde bolsa-da, olar ilkinji nobatda nyşana alnan ýurduň perzentlerini milli buýsanç duýgusyndan, Watana bolan söýgi duýgusyndan aýyryp, olary ruhy taýdan tabyn etmäge, halkyň içinde dawa-jenjel gozgap, närazylyk oýaryp, soň arkaýyn şu topragyň baýlyklaryny talamaga çalyşýar. Eger dünýädäki özara agzalalygyň we dawalaryň aşagynda galyp giden käbir ýurtlardaky gözgyny ýagdaýy göz öňümize getirýän bolsak, daşardan aňyýet taýdan zor salmalar nähili erbet netijelere getirjekdigini has-da aýdyň göz öňüne getirmek mümkin.

Şeýle ýowuz maksada ýetmek üçin ulanylýan usullar hem dürlüçedir.

*«Terror» latynça söz bolup, gorky, elhençlik diýen manylary aňladýar. Terrorizm adamlary gorkuzmak, wehim döretmek, köpçülikleýin bidüzgünçilikleri getirip çykarmaga esaslanan zulumkärlik usulydyr.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Terrorçylyk belasynyň bu günki günde dünýä boýunça nähili çalt ýaýrap barýandygyny siz gowy bilýärsiňiz. Onuň ganly etmişleri netijesinde her gün näçe-näçe günäsiz adamlaryň jebir çekýändiginden, binalar weýran bolýanlygyndan telewizor arkaly habarlysyňyz.

Adamlary gorkuzmak, aldamak, galp wadalar bermek arkaly olaryň kalbyny eýelemäge çalyşýan ýene bir düýpli hatar ekstremizmdir.

*«Ekstremizm» latynça söz bolup, syýasatda iň ganym, rehimsiz garaýyşlara we çärelere meýilligi aňladýar.*

Ekstremizm zulumkärlik, pitne, şyltak bilen döwlet we jemgyýet edaralaryna täsir etmäge, adamlaryň arasynda galp taglymlary ýaýyp, olary dogry ýoldan sowmaga çalyşýar.

Adam kalbyna garşy gönükdirilen ýene bir howp – dogmatizmdir.

*«Dogma (hakyda)» arapça söz bolup, ynam diýen manyny aňladýar hem-de ret etmezden, ara alyp maslahatlaşmazdan ýerine ýetirilmeli bolan kadalary we talablary öňe sürýär.*

Dogmatlar diňe özlerini hakykaty bilýänler diýen dawa bilen dinde ýa-da başga taglymy taglymatlarda «düýp kadalary» girizmekçi, başga ähli bilimleri we gymmatlyklary galp, diýip adamlary, aýratynam, ýaşlary ýoldan sowmakçy bolýar. Dogmatizm ösüşi, erkin we döredijilikli pikiri ykrar etmeýär.

Adamyň kalbyny we aňyny bozmaga, ünsüni sowmaga gönükdirilen zyýanly täsirlerden gözlenýän ýene bir betnebis maksat – adamlary «sungat», «edebiýat» we «medeniýet» nykaby astyndaky ýeňil-ýelpaý, hakykatdan umuman ýyrak zatlara gyzyklandyryp, pul işlemek, lomaý girdeji artdyrmakdan ybarat. Günbatar dünýäsinde «köpçülikleýin medeniýet» diýip at alan, aslynda medeniýete hiç hili gatnaşygy bolmadyk zyýanly akymlar ýaşlaryň näzik duýgularyna täsir etmäge gönükdirilen, ahlaksyzlygy wagyz edýän filmleri, kitaplary, kompýuter oýunlaryny uly mukdarda taýýarlap, şonuň arkasyndan hasapsyz baýlyk toplaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Aslynda, hakyky köpçülikleýin medeniýet nusgalary her bir halkyň durmuşynda bar. Köpçülikleýin medeniýet diýeni garry hem ýaş, dürli taýpa wekilleri, ýagny bütin köpçülik üçin birmeňzeş gyzykly bolan medeniýet diýenidir.**



Edebiýat, sungat ähli zamanlarda-da köpçülikleýinlige ymtylyp gelipdir. Alyşir Nowaýy babamyz «Ýazanymy ulusga margub et», ýagny eserlerimi bütin halka üns bermeklige mynasyp etgin, diýip niýetländigi ýöne ýerden däl. Ýöne hakyky köpçülikleýin medeniýet bilen galp köpçülikleýin medeniýetiň arasynda ýer bilen gök ýaly tapawut bar. Hakyky köpçülikleýin medeniýet nusgalary halkyň arzuw-isleglerini, duýgularyny, durmuş hakykatyny hakyky beýan etmegi, adamlaryň kalbynda lezzet oýarmagy, olaryň datyny terbiýelemegi bilen gadyrlydyr. Görnükli kinodöredijilerimiz döreden «Tahir we Zöhre», «Mähellede duw-duw gep», «Ýar-ýar», «Öten günler» ýaly filmler şonuň üçin näçe ýyllardan bäri uly gyzyklanma bilen öwran-öwran tomaşa edilýär.

«Munojat», «Uşşak», «Lezgi», «Tanawar» ýaly saz sungatymyzyň nusgalary halkymyzyň arasynda söýlüp diňlenýär. Baýramlarymyz, toý-tomaşalarymyza olar aýratyn many-mazmun bagyşlaýar. Oýlap görüň, bu günki günde bize «köpçülikleýin medeniýet» nusgasy hökmünde sokuşdyrylýan, bazarlarda basylyp ýatan salykatsyz seriallar, söweşjeň filmler, ýeňil-ýelpaý aýdymlar ynha şu bahasyna ýetip bolmaýan ruhy baýlygymyzyň ýerini tutup bilermi? Ýok, elbetde.

Eziz okuwçy, oýlap gördüňizmi, size näme üçin mekdepde «Edebiýat», «Saz», «Şekillendiriş sungaty» ýaly ylymlar okadylýar? Näme üçin döwletimiz uly güýç we serişdeleriň hasabyna



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýurdumyzyň her bir tümeninde döwrebap saz we sungat mekdeplerini gurmaga aýratyn üns berýär? Näme üçin her ýyl ýaş talant eýeleriniň arasynda abraýly gözden geçirişler geçirilýär?

Bularyň ählisinden gözlenýän maksat, siziň kalbyňyz, duýgularyňyz, aň-pikiriňiz özbek we jahan edebiýatyndaky, sungatyndaky iň gowy, hakyky dürdäne eserlerden iýmitlenmek bilen, ýagşylyk, ýokary adamkärçilik sypatlary ruhunda şekillenmeli. Çünki diňe şeýle adamlar geljekde halkymyza we Watanymyza tüýs ýürekden hyzmat edýär, ata-enäniň, bu mukaddes ýurduň gadyryny bilýär.

**Galp köpçülikleýin medeniýet nusgalary bolsa wagşylygy, datsyzlygy, ahlaksyzlygy wagyz edip, ata-babalarymyzdan miras duýgulary bizden sowmakçy, kalbymyzy öldürip, bizi hiç zady duýmaýan, biperwaý we sust adama öwürmekçi bolýar. Muňa hiç haçan ýol berip bolmaýar.**




Mälim bolşy ýaly, terrorçylyk, ekstremizm we dogmatizm, galp köpçülikleýin medeniýet bu gün peýda bolanok. Olar gadym zamanlardan başlap adamzat başynda gara çaýçaňňalak ýaly aýlanyp gezýär. Emma häzirki habar-kommunikasiýa serişdeleriniň biçak derejede ösmegi bu nogsanlaryň tiz ýaýramagy üçin mümkinçilik döredýär. Şonuň üçin olar hemişekisinden-de köpräk göze ilýär. Öýünde telewizory, Internet ulgamyna çatylan kompýuteri, mobil telefony bar adam şeýle hatarlaryň täsirini her gün, her ädimde duýup ýaşaýar. Şu sebäpli-de pikire garşy pikir, taglyma garşy taglym, tümlüge garşy aň-bilim bilen göreşmäge elmydama taýýar durmak, duýgur we hüşgär bolup ýaşamak ýiti zerurlyga öwrülýär.

Şu manyda, Prezidentimiziň aşakdaky duýduryşy her taraplaýyn esaslydyr:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Bu günki günde adamyň ruhyýetine garşy gönükdirilen, bir garaýyşda ujypsyz bolup duýulýan kiçijik habar hem habar älemindäki globallaşma okgunlylygyndan güýç alyp, göze görünmeýän, ýöne zyýanyny hiç zat bilen aýyryp bolmaýan ullakan zyýan ýetirmegi mümkindigini ýatdan çykarmak bolmaýar»**[1].

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Dünýäniň aňyýet teswiri diýende nämäni düşünýäris?
2. Hemme zamanlarda dünýäniň aňyýet teswirinde esasy orun tutup gelýän zat näme?
3. Prezidentimiz Islam Karimowyň bu günki dünýäniň aňyýet teswiri baradaky pikirleri bizi nähili howplardan ägä edýär?
4. Pikire garşy pikir, taglyma garşy taglym, tümlüge garşy aňbilim bilen göreşmek, diýende, ilki bilen, nämäni düşünýäris?
5. Adamyň kalbyny we aňyny bozmaga gönükdirilen zyýanly täsirler nähili betnebis maksatlarda amala aşyrylmagy mümkin?
6. Siz nähili kitaplary okamagy halaýarsyňyz?

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 115-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## AŇYÝET POLIGONY

Eziz okuwçy, dünýädäki her bir düşünje belli bir sebäp we zerurlyk sebäpli peýda bolýar. Şol sanda, «aňyýet poligony» düşünjesi hem dünýäde habar, aňyýet ugrunda göreşler öwjüne galmagy bilen baglylykda emele geldi. Ony ilkinji gezek Prezidentimiz Islam Karimow ulanypdy.

**«Şu günki günde aňyýet poligonlary ýadro poligonlaryndan hem köpräk güýje eýe. Bu meseläniň adamy hemişe ägä bolmaga ündeýän tarapy şundan ybarat, ýagny eger harby, ykdysady, syýasy zor salma bolsa, ony duýmak, görmek, öňüni almak mümkin, emma aňyýet zor salmasyny, onuň täsirini we netijelerini derrew aňmagyň gaty kynlygydyr»[1].**

*Aňyýet poligony – adamlaryň kalbyny we aňyny eýelemäge gönükdirilen dürli taglymlaryň, habarlaryň synag meýdany.*

Siz ýadro poligonlary hakynda eşidensiňiz. Adatda şeýle poligonlar hem gizlin bolup, olarda täze kuwwatly ýadro ýaraglary synagdan geçirilýär. Eger-de şeýle ýaraglar amalda ulanylýan bolsa, olaryň täsirinden ýekeje jandar hem aman galmaýar – olar nirä düşse, şol ýerde ýaşaýşyň alamatyny düýbünden ýandyryp, guradyp taşlaýar. Ýöne ýadro ýaragy diňe belli bir çägi ýok etmegi mümkin. Aňyýet ýaraglary bolsa araçäk bilmeýär. Olar Internet ulgamy, teleradiokanallar, kitaplar, kinofilmler we teleseriallar şeklinde, milletine, diline, dinine, haýsy ýurtda ýaşaýandygyna seretmezden, her bir adamyň kalbyna girip, ruhy dünýäsini zaýalaýar.

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 113-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ruhy äleminden aýrylan adam bolsa ne özüni, nede başgalary tanaýar, duýgusyz, ýüreksiz, aňyny pikirlenmesini ýitiren mahluga öwrülýär. Şonuň üçin aňyýet poligonlary ýadro poligonlaryndan hem howply bolup barýar.**



Çünki olaryň täsiri dürli habar serişdeleri arkaly her gün, her minutda duýlup durýar. Olar adamlara öýde-de, köçede-de, işde-de täsir etmek mümkinçiligine eýe.

Häzirki wagtda dünýäniň bir künjeginde nähilidir täzelik peýda bolsa, ol derrew, aňyýet maksatlaryna boýun egdirilmek bilen, bütin dünýä ýaýraýar. Meselem, ýer ýüzüniň haýsydyr sebitinde tehniki sebäplere görä ýa-da tebigatyň kanunalaýyklyklary netijesinde bagtsyzlyk ýüze çyksa, bir aňyýet merkezi özüne duşman bolan başga merkezi ynha şu işde aýyply edip görkezmäge çalyşýar. Ýagny, «şu pajygada pylan merkeziň eli bar», diýip bütin dünýä jar salýar. Bu prosesde haýsy merkeziň habar ýaýradyş mümkinçiligi köp bolsa, adamlara näme köpräk täsir edýändigini, olaryň nämä mätäçdigini haýsy merkez öňünden gowy bilse, ilki şol güýç olaryň kalbyna we aňyna öz nukdaý nazaryny siňdirmäge, ahyrky netijede habar söweşinde ýeňiş gazanmaga ymtylýar. Başgaça aýdanda, dünýäniň ýerasty we ýer üsti baýlyklary köp bolan çäklerini öz täsiri astyna almak üçin olary aňyýet poligonyna – dürli bozgak taglymlary amala aşyrýan meýdanyna öwürmek şu merkezleriň ahyrky maksady hasaplanýar. Şonuň üçin şu günki günde dünýädäki dürli güýçler bilen merkezleriň arasynda habar söweşi barha güýjeýär. Aňyýet merkezleri şeýlelikde özlerine ýakmaýan döwletleriň abraýyny gaçyrmaga, onuň çäginde närazylyklary, dawa-jenjelleri getirip çykarmaga synanyşýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýädäki aňyýet merkezleri dürli döwletleriň, syýasy toparlaryň bähbitlerini goraýar. Gynansak-da, terrorçylygy, dini ekstremizmi we dogmatizmi taglym taýdan iýmitlendirmek, bihaýalygy, wagşylygy we zulumkärligi wagyz etmäge hyzmat edýän aňyýet poligonlary-da ýok däl. Meselem, «dini edebiýat» nykaby astynda daşary ýurtdan getirilýän, aslynda musulmançylygyň mazmunyny bozup görkezýän käbir kitaplarda dine syýasy äheň berilýär, yslam dini hakynda nädogry maglumatlar beýan edilýär. Şonuň netijesinde bilim we tejribesi ýeterli bolmadyk ýaşlaryň galp taglymlara, betnebis wagyzlara ynanyp, nädogry ýola düşmegi mümkin.

Şu günki dünýäde bozgak we zyýanly aňyýetler basybalyjy milletçilik, şowinizm, neofaşizm, jynsparazlyk we dini ekstremizm ýaly şekillerde ýüze çykýar. Öňki Ýugoslawiýanyň çäginde geçen asyryň ahyrlarynda basybalyjy milletçilik, çäk taýdan tapawutlandyrma esasynda ýüze çykan çaknyşmalar, Ýakyn Gündogar sebitindäki dini we milli ruhdaky dawalar muňa mysal bolup bilýär.

*Dini ekstremizm diýende, dini nykap edinip, zulumkärlik esasynda Konstitusion düzüme çozuş edýän, ony üýtgetmäge synanyşýan jenaýatçylykly hereketlere düşünilýär.*

Dini ekstremizm hemişe terrorçylyk we dogmatizm bilen ýanaşyk gezýär. Dünýäniň käbir sebitlerinde birnäçe ýyllaryň dowamynda höküm süren dini dogmatizmiň halkara terrorçylygyň we dini ekstremizmiň kök atmagyna şert döredendigi muňa aýdyň mysal bolup biler. Şonuň netijesinde näçe günäsiz adamlaryň gurban bolandygy, olaryň ynsany hukuklarynyň depelenmegi, sansajaksyz maşgalalaryň öýsüz-öwzarsyz galandygy dünýä bileleşiginiň bu nogsanlara garşy bilelikde göreş alyp barmagyň zerurlygyny has-da güýçlendirýär.

Ýurdumyz Prezidenti Islam Karimow abraýly halkara münberlerden şu meselä aýratyn üns bermek bilen, amaly teklipleri öňe sürýär. Ynha şeýle teklipler esasynda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Sebitleýin antiterror birleşigi döredildi. Onuň hemişelik karargähi ýurdumyzyň paýtagty Daşkent şäherinde ýerleşýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**! Dini ekstremizm, terrorçylyk din we millet saýlamaýar. Şeýle wehimleriň görnüşini Ýewropada hem, Aziýada hem, Amerikada we Afrikada hem, hristiançylyk, buddizm we başga dinlere degişli halklar ýaşaýan sebitlerde-de duşmak mümkin.**

Bu günki günde erkin we abat durmuşyň esasyny döredip, has-da ýokary sepgitlere tarap ymtylýan öňdebaryjy ýurtlar milli taglymyny umumynsany gymmatlyklar we demokratik prinsipler esasynda ösdürýärler. Şeýle dünýägaraýyş adama talantyny we ukybyny erkin ýüze çykarmagy üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Şol sanda, biziň Watanymyzda hem halkymyzyň bütin güýç-gaýraty, döredijilik ukyby ýurdumyzy has-da gülläp ösdürmäge, parahatçylygy we asudalygy pugtalandyrmaga, şu mukaddes toprakda ýaşaýan ähli adamlar üçin abadançylykly durmuşyň binýadyny döretmäge gönükdirilendir.

Netije çykaryp aýdanda, şu günki dünýäniň aňyýet teswirinde iki güýjüň özara göreşini anyk görmek bolýar. Bularyň birinjisi – ösüşe tarap ymtylýan halklaryň öňdebaryjy we döredijilikli aňyýeti, ikinjisi bolsa ine şu ösüşiň netijelerinden peýdalanyp, olaryň ýoluna böwet bolmaga çalyşýan zyýanly we weýran ediji aňyýetlerdir. Ýöne, şu günki dünýäniň aňyýet teswiri näçe çylşyrymly bolsa-da, onda döredijilikli taglymlaryň, asyrlaryň dowamynda adamzada mahsus bolup gelen sagdyn akyl-paýhasyň ileri tutulýandygy aýdyň görnüp dur. Bu bolsa haýyr iş ahyrky netijede hökman ýeňiş gazanýar, diýen köne hakykaty ýene bir gezek tassyklaýar.

## ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. «Aňyýet poligony» düşünjesini ilkinji gezek kim düşündiripdir?
2. Aňyýet poligony diýip nämä aýdylýar?
3. Aňyýet poligonlarynyň ýadro poligonlaryndan tapawudyny mysallar esasynda düşündirip bilersiňizmi?
4. Dini ekstremizm näme?
5. Dürli aňyýet merkezleriniň arasyndaky habar söweşleri nähili maksatlara gönükdirilen?
6. Dini ekstremizmiň, terrorçylygyň din we millet saýlamaýandygy barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BARLAG IŞI

*Ýumuş*: **«Milli taglym we Watana bolan söýgi duýgusy»** temasynda referat taýýarlaň.

Referat taýýarlan mahalyňyzda aşakdaky meselelere üns beriň:

– Prezidentimiz tarapyndan milli taglymymyzyň esasy düşünjeleriniň we prinsipleriniň esaslandyryp berilmegi;

– milli taglym we Watana bolan söýgi duýgusynyň özara baglylygy;

– milli taglymymyzda jemlenen beýik maksatlaryň many-mazmuny;

– häzirki çylşyrymly dünýäde zyýanly täsirlerden goralmak, elmydama hüşgär we ägä bolup ýaşamakda milli taglymyň ähmiýeti;

– ýurt parahatçylygy jemgyýetiň ösüşiniň esasy şertlerinden biridigi;

– Watanyň gülläp ösmegi, ýurt parahatçylygy we halk abadançylygynyň özara bagly düşünjelerdigi;

– Ene diýara mähir, hormat we yzzat ata-enä, gadyrdan maşgala mähir-söýgiden başlanýandygy;

– Watana bolan söýgi duýgusy we watanperwerlik milli taglymyň esasynda duran esasy düşünjelerdendigi;

– milli taglymy mert we edermen, janypkeş perzentler göreldeli işi, ýokary sypatlary, beýik işleri bilen hemişe baýlaşdyryp, barha beýgeltmegi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# II bap
# MILLI TAGLYM WE KÄMIL NESIL

## TAGLYM BOŞLUGY

Eziz okuwçy, öňki derslerimizde nygtalyşy ýaly, adam öz tebigatyna görä örän bilesigelijidir. Hatda, ýaş bäbek hem ukudan gözüni açmagy bilen daş-töweregine garap, özüne güýmenç agtarýar, gözi düşen zady tutup, eline alyp göresi gelýär. Çünki adamyň aňy, duýgulary bir ömür täzelige ymtylýar. Ynha şu tebigy zerurlyklary kanagatlandyrmazdan, onuň kalbynda ýa-da aňynda boşluga ýol berilse, ilki bilen adamyň özi şu boşlugy näme bilendir doldurmak isleýär. Meselem, toýda aýdym aýdasy gelen adama nobat berilmese, ol öýüne gaýdyşyn öz aýdymyny hiňlenip gaýdýar.

Bu meseläniň ýene bir tarapy şundan ybarat, ýagny adamyň özi ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyryp bilmedik wagtynda başgalar oňa ýol görkezmäge hereket edýär. Mysal üçin, her bir adamyň ata-enesi, ondan ýaşy ulurak, tejribesi köpräk bolan aga-doganlary, ýakyn garyndaşlary, mugallymlary oňa diňe gowulyk dileg edýär. Şonuň üçin onuň kalbyna ýaşlygyndan başlap gowy duýgulary siňdirmäge, ony bu durmuşda hemişe oýlanyp, pikirlenip gadam basýan, başgalar bilen maslahatly çemeleşýän adam edip terbiýelemäge aýratyn üns berýärler.

Gynansak-da, bu dünýäde gowy ynsanlar bilen birlikde ýaman adamlar hem bar. Olaryň diňe bir hereketleri we etmişleri däl, eýsem niýeti-de garadyr. Olar betnebis maksatlaryny başgalara siňdirip, haýyrlylygy söndürmäge, gowulygyň ýoluna böwet bolup ýaşamaga ymtylýar. Esasan durmuşda berk ýol saýlap almadyk, näme gowy, näme ýamandygyny doly düşünmeýän adamlar, aýratynam ýaşlar hut şeýle hilegärleriň duzagyna düşmegi mümkin.

Anyk maksada eýe bolmadyk, akyl-huşuny tanamadyk ýaşlaryň erki gowşak, kalbynda we aňynda boşluk köp bolýar.

«Agajy öz içinden gurçuk iýer» diýen nakyly eşidensiňiz. Bu hikmetde tebigatyň kanunalaýyklygy suratlandyrylýar. Prezi-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dentimiz Islam Karimowyň ýurdumyzyň ýaşlaryna ýüzlenip «Hiç haçan gowşamaň, eziz perzentlerim!» diýen sözleri aýratyn nygtap aýtmagy-da ýöne ýerden däldir. Çünki dünýä güýçli, mert we batyr adamlary ykrar edýär. Öz güýjüne ynanmazdan, gowşak we ejiz bolup gezýän adamlar bir işiň hötdesinden gelmeýär. Tersine, olar döwlete-de, jemgyýete-de alada artdyrýar. Agressiw taglymlar, zyýanly täsirler, ilki bilen, ynha şeýle adamlaryň kalbyny, aňyny eýelemäge hereket edýär. Näme üçin diýende, olaryň kalbynda, aňynda taglym boşlugy bolýar.

*Jemgyýetde, adamyň kalbynda we aňynda anyk maksada we taglyma ynamyň, ymtylyşyň ýoklugy, susypeslik, umytsyzlyk, erkizlik, biperwaýlygyň güýçlenmegi netijesinde peýda bolýan ruhy halata taglym boşlugy diýilýär.*

**Siziň ýaly ýaş nesil wekilleriniň kalbynda we aňynda hiç haçan boşluk bolmaly däldir. Siz häzirki okgunly göreşler döwründe başgalardan hiçem yza galmaly dälsiňiz. Tersine, bu günki gündäki iň möhüm bilimleri we endikleri eýeläp, bilimde, akyl-paýhasda-da, beden taýdan bäsdeşliklerde-de hemmeden güýçli bolmalysyňyz, jahan meýdanlarynda öz ýaşytdaşlaryňyz bilen des-deň alyşyp, hatda olardan üstün çykmalysyňyz. Şonda sizi hemme ykrar, hormat edýär.**

Siz Alpamyş ýaly, Jelaliddin Meňguberdi, Pahlawan Mahmyt we Emir Temur ýaly arkasy ýere degmedik, mertligi we edermenligi bilen dünýäni haýran galdyran beýik şahsyýetleriň neslisiňiz. Olar hiç haçan hiç kime baş egmändirler.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaş nesliň terbiýesine, olaryň hem beden taýdan, hem ruhy-intellektual taýdan güýçli we gaýratly, hiç kimden galmaýan bolup kemala gelmegine uly üns berilýär. Siz okuwçy we talyp ýaşlaryň arasynda ençeme sport ýaryşlary, bäsleşikler we festiwallar geçirilýändigi, agalaryňyzyň we doganlaryňyzyň, ýaşytdaşlaryňyzyň arasyndan ylym olimpiadalarynyň ýeňijileri, Aziýa, Jahan çempionlary, Zulfiýa adyndaky, «Nihol» ýaly döwlet baýraklarynyň eýeleri ýetişip çykýandygyndan habarlysyňyz. Bular öz öňüne anyk maksat goýup, ýokary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



sepgitlere tarap dyngysyz ymtylyp ýaşaýandyklary üçin ynha şeýle netijeleri gazanýarlar.

Adam ene diýaryny we dünýä taryhyny, milli we umumyadamzat gymmatlyklaryny gowy bilse, öz ýurdunda, dünýäde bolup geçýän özgerişlerden habardar bolup dursa, özbaşdak pikire eýe bolsa, onuň kalbynda, aňynda hiç haçan boşluk emele gelmeýär. Şeýle hem, beýle adamy hiç hili zyýanly taglym öz täsirine alyp bilmeýär.

Biziň halkymyz hemişe uly arzuwlar, gowy niýetler bilen ýaşapdyr. Aýratynam, garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň halkymyzyň arzuw-islegleri has-da güýçlendi, ýurdumyzda hukuk demokratik döwletini, raýatlyk jemgyýetini gurmak onuň beýik maksadyna öwrüldi. Ynha şeýle uly arzuwlar bilen ýaşaýan we öz güýji bilen beýik işleri amala aşyrýan döredijilikli halkyň perzentleri hökmünde biziň kalbymyzda we aňymyzda azajyk boşlugyň bolmagyna, şu günki barha güýçlenýän göreşlerde utdurmaga asla hakymyz ýok.

Elbetde, häzirki globallaşma zamanynda adamlaryň aňynda taglym boşlugyny döretmekden bähbitli bolan güýçler köp. Olar terrorçy we ekstremistler, dogmatlar, «köpçülikleýin medeniýet» tarapdarlary ýaly bozgak güýçlerdir.

Prezidentimiz Islam Karimow şeýle wehimlere garşy göreşmek hakynda aýratyn durup geçip, aşakdakylary nygtaýar:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Bu dünýäde tebigatda-da, jemgyýetde-de boşluk bolmaýar. Nirede boşluk peýda bolaýsa, hiç şübhesiz, ony elbetde kimdir doldurmaga hereket edýär. Häzirki günde kim köp – ine şeýle ruhy boşlugy doldurmaga synanyşýan, şonuň hasabyndan özüniň betnebis maksatlaryny amala aşyrmagy oýlap ýörenler köp. Müň gynansak-da, bu güýçleriň asyl keşbini, maksatlaryny we mümkinçiliklerini doly we aýdyň göz öňüne getirmek aňsat däl. Näme üçin diýende, olar köplenç dürli nykaplar, täsirli şygarlar we taglymlar perdesi astynda iş alyp barýar. Şeýle güýçleriň ygtyýarynda örän uly maddy, maliýe resurslary we mümkinçilikleri bar bolup, olaryň pugta oýlanan, uzak we dowamly ýowuz maksatlaryna hyzmat edýär»**[1].

Taglym boşlugy howpy öz ýaşamalysyny ýaşap bolan köne düzümden täze düzüme geçmekde aýratynam güýçlenýär. Çünki şeýle wagtda jemgyýetde höküm sürýän taglym ýa-da aňyýet krizise duçar bolup, onuň bilen bagly düşünjeler hem könelýär, olary hiç kim ykrar etmeýär. Mysal üçin, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda adamlar öňki sowet aňyýetiniň bütinleý ýatyrylmagy netijesinde şeýle ýagdaý ýüze çykdy. Şol wagt adamlar ruhy deňagramlylygy ýitirmezlik üçin özlerine mynasyp maksatlary gözläp başladylar.

Jemgyýetimiziň maksatlaryna we bähbitlerine doly laýyk gelýän täze taglym we aňyýet şekillenip ýetişmänligi sebäpli adamlaryň kalbynda we aňynda taglym boşlugyny emele getirýän howp döredi.

**Maksat – ynam çeşmesi. Ynam bolsa adamyň durmuşyna many-mazmun bagyşlaýan, kalbyny arzuw-umytlara doldurýan, aň-düşünjesinde täze pikirleri we taglymlary oýarýan güýçdür. Şonuň üçin hem ynamsyz ýaşap, öňe ymtylyp bolmaýar.**

Elbetde, jemgyýetiň öňdebaryjy we düşünjeli bölegi bolan syýasatçylar, ýolbaşçy işgärler, intelligentler taglym boşlugy emele gelende halkyň, Watanyň takdyry üçin bütin jogapkärligi duýup,

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 12-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Samarkant. Registan. Şirdar medresesi**

täze milli taglymy we aňyýeti şekillendirmäge hereket edýär. Ýöne, täze taglymy we aňyýeti şekillendirmek çylşyrymly we uzak dowam edýän proses bolanlygy üçin agressiw güýçler geçiş döwründäki taglym boşlugyndan peýdalanyp, zyýanly taglymlaryny siňdirip, adamlary öz yzyna eýertmekçi bolýarlar. Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň ine şeýle ýagdaýlara ýol bermezlik üçin Ýurtbaşymyzyň ýolbaşçylygynda köp işler amala aşyryldy. Milli garaşsyzlyk taglymyny şekillendirmek, ruhyýeti ýokarlandyrmak, gaýtalanmaz gymmatlyklarymyzy, halkymyzyň taryhy hatyrasyny, eždatlarymyzyň baý mirasyny dikeltmek boýunça alnyp barylýan işler şulara degişlidir.

Şeýlelikde, taglym boşlugy özbaşdak pikire we dünýägaraýşa eýe bolmadyk, erki gowşak, durmuşyň synaglaryndan uzak adamda peýda bolmagy mümkin. Özüniň döredijilikli güýjüne ynamy bolan adam daşardan bolýan islendik wehimiň manysyna dogry düşünýär we hiç haçan olara aldanmaýar, onuň kalbynda we aňynda taglym boşlugy-da bolmaýar.

## ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Adamyň aýdym aýtmagyna sebäp näme diýip oýlaýarsyňyz?
2. Siz ata-eneňizden, aga-doganlaryňyzdan, mugallymlaryňyzdan nähili meselelerde maslahat soraýarsyňyz?
3. Nähili adamyň erki gowşak, kalbynda we aňynda boşluk köp bolmagy mümkin?
4. «Agajy öz içinden gurt iýer» diýen nakylyň manysyny düşündiriň.
5. Sport boýunça Aziýa we jahan çempionlaryndan, Zulfiýa adyndaky we «Nihol» döwlet baýraklaryny alan kimleri bilýärsiňiz?
6. Taglym boşlugy diýip nämä aýdylýar?
7. Nähili adamyň kalbynda we aňynda hiç haçan boşluk bolmaýar?
8. Prezidentimiz Islam Karimowyň ýurdumyzyň ýaşlaryna ýüzlenip aýdan çagyryş sözleri barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## AŇYÝET IMMUNITETI

Eziz okuwçy, adamyň kalbyny we aňyny eýelemäge gönükdirilen zyýanly täsirler dürli hili özüne çekiji şygarlar we taglymlar bilen nykaplanandygy üçin bir garaýyşda olaryň nähili howplydygyny duýmak aňsat däl. Meselem, ýönekeý oýnawaç, multfilm ýa-da kompýuter oýunlary arkaly çagalar rehimsizlige, adama mähir däl-de, ýigrenç bilen garamaga öwredilmegi mümkin.

Mälim bolşy ýaly, kalp we aň adamyň durmuşynyň many-mazmunyny kesgitleýär, duýgular, pikirler we habarlar arkaly onuň bütin endamyny dolandyryp durýar.

*Kalp – duýgular we tolgunmalar mekanydyr. Adamyň duýgulary gaty näzik bolýanlygy üçin kalp üýtgäp durýandyr.*

**Üýtgäp durýan kalby azaşmakdan saklamak üçin oňa daýanç bolýan güýç – pugta ynam gerek. Ynam mähir-muhabbete, ygtykada esas bolýar.**

**Bu dünýäde iň güýçli söýgi – ata-enä, maşgala, Watana bolan söýgüdir. Iň pugta ygtykat – ene ýurda bolan ygtykatdyr. Şeýle söýgüden we ygtykata doly kalby ýeňmek, ýaman tarapa üýtgetmek kyn bolýar.**

*Oý-pikir adamyň pikirlenme, oýlanmak, derňemek we netije çykarmak başarnygyny aňladýar. Adamyň dünýägaraýşy kalpdaky we aňdaky pikirler we duýgular esasynda şekillenýär.*

Dünýägaraýşy sagdyn we ýokary adamy galp taglymlara ynandyryp ham, aldap hem bolmaýar.

**Öz maşgalasyny, Watanyny we halkynyň bagtyny oýlap, bütin adamzada ýagşylyk diläp ýaşamaga esaslanan dünýägaraýyş iň güýçli dünýägaraýyşdyr.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ýaşlaryň kalbynda we pikirlenmesinde şekilleniş prosesi geçýändigi üçin olarda entek şeýle ygtykat we dünýägaraýyş pugtalanyp ýetişmedik bolýar. Şu sebäpli-de ýat we keseki taglymlar esasan ýaşlaryň kalbyna we aňyna hüjüm edip başlaýar. Şeýle hüjümlere ýol bermezligiň iň amatly ýoly olarda aňyýet immunitetini şekillendirmekdir.

«Aňyýet immuniteti» düşünjesini ilkinji gezek Prezidentimiz Islam Karimow ulandy we oňa aşakdaky ýaly kesgitleme berdi:

**«Mälim bolşy ýaly, islendik keseliň öňüni almak üçin, ilki bilen, adam organizminde oňa garşy immunitet döredilýär. Biz hem perzentlerimizi ene Watana söýgi, baý taryhymyza, ata-babalarymyzyň mukaddes dinine wepalylyk ruhunda terbiýelemek üçin, ýeri gelende aýtsak, ilki bilen olaryň kalbynda we aňynda aňyýet immunitetini güýçlendirmelidiris. Ýagny ýaşlarymyz milli özlügini, şonuň bilen birlikde, dünýä çuňňur akyl ýetirýän, zaman bilen barabar ädim ädýän ynsanlar bolup ýetişsin. Diňe şonda nadan dogmatlaryň «çagyryşy» hem, edep-ahlak düşünjelerini ret edýän, biziň üçin umuman keseki taglymlar hem olara öz täsirini ýetirip bilmeýär»**[1].

*«Immunitet» – latynça «immunutas» sözünden alnan bolup, haýsy-da bolsa bir zatdan gutulmagy, belli bir keseli döredýän wirusa, derde garşylyk görkezmek başarnygyny (meselem, adam bedeniniň immuniteti) aňladýar. Şonuň ýaly-da, ol eldegrilmesizlik manysyny hem aňladýar (meselem, deputatlyk immuniteti, diplomatlyk immuniteti).*

---

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 119–120-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Üns beren bolsaňyz, siziň ýaly okuwçylar ders tamamlanandan soň haýsy-da bolsa bir ýere, aýdaly, stadiona baryp futbol oýnamakçy bolsa, edepli çagalar «Men ata-eneme aýdyp, olary durdurmalydyryn, ýogsam olar howatyrlanarlar», diýip, ilki bilen öýünden rugsat soraýar. Ýa-da ýaman gylykly çagalar akylly okuwçylary sigaret çekmäge öwretmekçi bolsa, ata-enesiniň «Hiç haçan ýaman çagalara goşulma, olar seni ýoldan azdyrar», diýen sözlerini ýatlap, zyýanly adaty endik edinmeýär. Bu mysallar şol çagalaryň kalbynda ýaman nogsanlara görä garşylyk görkezmek duýgusy, ýagny immunitetiň şekillenýändigine şaýatlyk edýär.

**Watanymyz hem, edil ata-enemiz ýaly, diňe biziň bagtymyzy oýlaýar. Bizi bu günki dünýäde barha giň ýaýraýan erbet täsirlerden gorap saklamaga çalyşýar.**

Milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri we prinsipleri hut şu maksatda işlenip çykylandyr. Olar esasyndaky aňyýet immuniteti, ilki bilen, her bir ýurtdaşymyzyň ene ýurdumyza söýgi we wepalylyk bilen, janypkeşlik edip ýaşamaga, halkymyzyň, Watanymyzyň bähbitlerine ters bolan taglym akymlaryna, garaýyşlara hiç haçan ynanmazlyga çagyrýar.

**Sagdyn immunitete eýe bolmadyk adam sagdyn ygtykatdan we dünýägaraýyşdan hem mahrum bolýar. Şeýle adamlar ýagşy bilen ýamany, dost bilen duşmany saýgarmaýarlar. Halkyň we Watanyň bähbitleri olar üçin umuman keseki.**

Edil edepli çaganyň gulagynda ata-enesiniň, mugallymlarynyň öwüt-nesihatlary ýaňlanyp durşy ýaly, ruhy immuniteti güýçli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bolan adamyň kalbynda Watanynyň we halkynyň mähri güneş ýaly parlap durýar. Ine şu mähir adamy diňe haýyr işleri, il-ýurdunyň bagtyny oýlap ýaşamaga ündeýär.

**Ýamanlyga garşy ýigrenç, gowulyga görä söýgi we duýgudaşlyk, göbek gany daman gadyrdan topraga janypkeşlik – ruhy immunitetiň esasy alamatlarydyr. Aňyýet immuniteti bolsa ine şeýle immunitet esasynda şekillenýär.**

**Aňyýet immunitetiniň esasy aýratynlyklary eserdeňlik, pikire garşy diňe pikir, taglyma garşy diňe taglym, tümlüge garşy diňe bilim bilen göreşmegi başarmak endigidir.**

*Eserdeňlik – dünýäden, daş-töwerekde bolýan özgerişlerden, adamlaryň we halklaryň arzuw-isleglerinden hemişe habarly bolup ýaşamakdyr.*

Ynha şeýle kadany durmuş ýörelgesine öwüren halk durmuşda peýda bolýan meseleleri wagtynda çözýär, agressiw güýçleriň taglymy we başga islendik çozuşlaryna garşy mynasyp zarba berip bilýär.

Eserdeňligiň zerurlygyny eždatlarymyz hem gowy duýupdyrlar. Hususan-da, beýik akyldar babamyz Alyşir Nowaýy ägä adam şa ýaly uly mümkinçiliklere eýedigi, ýagny ol dünýäde nämeleriň ýüze çykjakdygyny öňünden görýändigini nygtap, şeýle diýipdir:

Bolarsyň şa – eger ägä bolsaň sen,
Eger ägä bolsaň sen – şadyrsyň sen.

**Dünýä akyl ýetirmek, daş-töwerekde bolup geçýän wakalaryň düýp manysyna akyl ýetirmek adama güýç-gaýrat berýär. Dünýäden bihabarlyk, sowatsyzlyk bolsa adamy gowşak edýär. Şonuň üçin hemme zatdan ägä bolan adam – güýçli adamdyr.**

Eserdeňlik, aýratynam şu günki günde, adamzat ösüş babatda gaty ilerlän XXI asyrda iňňän möhüm ähmiýete eýe. Çünki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

planetamyzy birnäçe gezek ýok edip goýbermegi başarýan dürli gyryjy ýaraglar taýýarlanan, ekologik we başga peläketler howpy güýjän, adamzadyň takdyry gylyň üstünde duran häzirki wagtda biperwaý we parhsyz ýaşamak – öz durmuşyna we bähbitlerine garşy çykmak bilen barabardyr.

**Aňyýet immunitetiniň möhüm şertlerinden biri aň-bilimdir. Aň-bilimli adam diňe bilim esasynda ýaşaýar, ýalana, galp taglymlara däl, hakykata, asyl gymmatlyklara hyzmat edýär, ömrüni, durmuşyny şu ýola bagyşlaýar.**



Ýurdumyzda bilim ulgamynda amala aşyrylýan uly işler, halkymyz ruhyýetini ösdürmek, sagdyn nesli terbiýelemek boýunça edilýän tagallalar – ählisi bilimli, aň-bilimli we düşünjeli adamy kemala getirmäge gönükdirilendigi bilen aýratynam üns bererlidir.

Bilimli adam galp aňyýet akymlaryna we zyýanly täsirlere berilmezden, adamzadyň synagdan geçen taryhy tejribeleri, ilki bilen, öz eždatlarynyň däpleriniň ýörelgelerinden ýöreýär, islendik täsirli taglymlar bilen nykaplansa-da, nadanlygyň düýp manysyna aň ýetirip, oňa garşy aň-bilim bilen göreşýär.

**Aň-bilim arkaly göreşmek diýip, belli bir taglymy ýa-da aňyýet howp-hatarynyň manysyna akyl ýetirip, düşünip, oňa, onuň köklerine garşy aňly ýagdaýda, bilim we akyl-paýhas esasynda göreşmäge aýdylýar.**

Biziň ýurdumyz Merkezi Aziýa sebitinde geografik taýdan amatly çäkde ýerleşýär. Ýerasty we ýer üsti baýlyklary köp bolanlygy üçin bu sebit gadym zamanlardan bäri dürli döwletleriň arasynda göreş meýdany bolup gelýär. Basybalyjy we ýowuz güýçler özleriniň betnebis maksatlaryna ýetmek üçin ilki bilen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bu ýerdäki halklary gaflata salmak, nadan ýagdaýda galdyrmagyň usulyndan peýdalanmaga çalyşypdyrlar.

Şonuň üçin edermen babalarymyz mekdepleri, ylmy edaralary, gazet-žurnallary açmak, halky bilimli we aňly etmek ugrunda öz janlaryny hem aýamandyrlar. XX asyryň başyndaky magaryfperwer babalarymyzyň jeditçilik hereketi muňa mysal bolup biler.

Şu günki günde Prezidentimiz «Güýç – bilimde we pikirlenmede» diýen şygar esasynda ýaşlarymyzy häzirki zaman talaplary esasynda bilim almaga, kesp-hünärleri pugta eýelemäge çagyrýar. Ýurdumyzda ýaşlaryň häzirki zaman bilim we pikirlenme eýeleri bolup kemala gelmegi üçin ähli şertler döredilýär. Şeýle ünse we gamhorluga jogap edip siz, eziz ýaşlar, ilki bilen bilimleri we hünärleri, ene dilimiz bilen birlikde daşary ýurt dillerini hem pugta eýeläp, gejekde ähli güýç-gaýratyňyzy hemmämiz üçin ene ýaly mukaddes bolan Watanymyzyň gülläp ösmegi üçin bagyşlamalydyrys. Aýratynam, taglym taýdan hemişe hüşgär we ägä bolup, ýurdumyzyň topragyny islendik wehimlerden goramaga taýýar durmalydyrys.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Bu günki günde näme sebäpden adamyň kalbyny we aňyny eýelemek üçin göreş barha güýjeýär?
2. Kalbyň we aňyň aýratynlyklary nämelerden ybarat?
3. «Immunitet» sözüniň leksiki manysy nämäni aňladýar?
4. «Aňyýet immuniteti» düşünjesini aýdyp beriň.
5. Aňyýet immunitetiniň esasy aýratynlyklary nämelerden ybarat?
6. Tümlüge garşy aň-bilim esasynda göreşmek häzirki wagtda nähili ähmiýete eýe?
7. Bu günki günde jemgyýetimiziň durmuşyna daşardan howp salýan aňyýet wehimleri barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ENE DILI – MILLETIŇ RUHY

Eziz okuwçy, ene dili – milletiň esasy alamatlaryndan biridir. Dünýäde halklar köp. Her bir halk, ilki bilen, öz dili, milli urp-adaty we däpleri, özboluşly durmuş terzi bilen tapawutlanýar. Aýratynam, halkyň, milletiň öz-özüni ýüze çykarmagynda diliň orny we ähmiýeti biçakdyr.

Prezidentimiz Islam Karimow «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda bu hakda aýratyn durup geçip, şeýle pikirleri beýan edýär:

**«Öz-özüňe aň ýetirmek, milli aň we pikirlenmäniň aňlatmasydyr, nesilleriň arasyndaky ruhy baglylyk dil arkaly ýüze çykýar. Ähli gowy sypatlar adamyň kalbyna, ilki bilen, ene hüwdüsi, ene diliniň gaýtalanmaz täsiri bilen siňýär. Ene dili – bu milletiň ruhudyr»[1].**

Özbek halky asyrlaryň dowamynda dünýä siwilizasiýasyna, umumyadamzat gymmatlyklarynyň ösüşine uly goşant goşup



gelýär. Munda ene dilimiziň hyzmaty uly. Çünki şu dil bolmasa, Mahmyt Kaşgarlynyň «Dewani lugatit türk» kitaby, Ahmet Ýassawynyň hikmetleri, Alyşir Nowaýynyň «Hamsa»sy, Babur Mürzäniň «Baburnama»sy, Abdulla Kadyrynyň romanlary, Çolpanyň we Abdulla Oripowyň ýalynly şygryýeti döredilmedik bolardy. Şonuň üçin ene dilimiz milletimiziň ruhunyň tymsalyna öwrülendir.

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 83-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ene dili – gowy sypatlar, ýokary duýgular çeşmesidir. Ol adamyň kämilleşmeginde gaýtalanmaz orun tutýar. Çünki enelerimiz bizi şu dilde hüwdüleýär, adam üçin durmuşy zerur bilimleri we düşünjeleri dil arkaly oý-pikirimize siňdirýär, edep-ahlagymyz, gylyk-häsiýetimiz dil arkaly berlen öwüt we nesihatlar esasynda şekillenýär. Adamyň pikirlenmesiniň şekillenmegi gönüden-göni dil bilen bagly.**

Çünki biz haýsydyr bir zadyň aýratynlyklary barada oýlananymyzda her biri anyk bir sözde beýanyny tapan düşünjelere, pikirlere we göz öňüne getirmelere daýanýarys. Meselem, daragtyň ýaşyldygyny aňmak üçin «ýaşyl» diýen sözüň manysyny bilýän bolmalydyrys. Sözi, ýagny dili bildigimiz saýyn biz dünýäde gowurak akyl ýetirýäris, pikirimiz ösýär, aňymyz ýokarlanýar.

Ene dili – köne taryhymyzy, janlandyryjy gymmatlyklarymyzy, dinimizi, halkymyza mahsus dünýägaraýyş, duýgular ewolýusiýasyny, ýagny yzygider ösüşini görkezýän, ata-babalarymyzyň mirasyny nesillere ýetirýän aýnadyr.

**Öz dilini ýitiren millet özlüginden hem mahrum bolýar, ruhy taýdan pese gaçýar.**

Öňki SSSR döwründe halkymyzy özlüginden, taryhy hatyrasyndan aýyrmak üçin ilki bilen dilimiziň kemsidilendigi ýöne ýerden däl.

**Dil – halkyň, milletiň iň beýik gymmatlyklaryndan biri hasaplanýar. Şonuň üçin halkyň azatlyga, özlügine aň ýetirmäge bolan ymtylyşynda diliň gadyryny dikeltmek, abraýyny artdyrmak möhüm orun tutýar.**

Alyşir Nowaýy babamyz temuriler döwründe özbek diliniň abraýy üçin göreşipdi. XX asyryň başynda magaryfperwer intelligentlerimiz halky ylma çagyrmak üçin dili, elipbiýi özgertmäge synanyşandygy hem uly aň-bilim ähmiýetine eýe boldy. Geçen asyryň soňunda bolsa halkymyz Prezident Islam Karimow ýolbaşçylygynda garaşsyzlyk üçin göreş alyp baryp, ilki bilen, dilimize döwlet dili derejesini bermek boýunça tagallalar etdi we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




1989-njy ýylda, entek öňki zulumkär düzümiň agalygy tamamlanmadyk bir wagtda bu işi amala aşyrdy.

Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň özbek diliniň ösüşine uly üns berilmegi netijesinde Konstitusiýamyzda, «Döwlet dili hakyndaky» Kanunda özbek diliniň döwlet dili hökmündäki derejesi, ony ösdürmegiň kanuny esaslary kesgitlendi. Şeýdip özbek dili garaşsyz döwletimiziň baýdagynyň, gerbiniň, senasynyň, Konstitusiýasynyň hatarynda durýan, kanun bilen goralýan mukaddes tymsallardan birine öwrüldi.

Bu günki günde döwletimiziň iň möhüm resminamalary özbek dilinde ýazylýar. Ene dilimiz döwletara gatnaşyklarda, dünýäniň abraýly münberlerinde, halkara maslahatlarda hem giňden ulanylýar. Ol garaşsyzlyk ýyllarynda milli buýsanç çeşmesine, garaşsyzlygymyzyň tymsalyna öwrüldi. Özbek diline döwlet dili derejesi berlen gün ýurdumyzda dil baýramy hökmünde bellenilýär.

Diýarymyzda amala aşyrylýan özgertmeler dilimiziň ösüşine-de gowy täsir edýär. Onuň sözlük gaznasy täze sözler we düşünjeler bilen baýap, daşary ýurt dilleri bilen aragatnaşygy barha rowaçlanýar. Şonuň ýaly-da, öňler gadagan edilen milli mirasymyzyň nusgalarynyň täzeden dikeldilmegi, mukaddes yslam dininiň esaslaryny, umumyadamzat bahasyna eýe bolan dünýä edebiýatynyň nusgalaryny terjime etmek işleriniň güýçlenendigi-de özbek diliniň mümkinçiliklerini giňeldýär. Meselem, garaşsyzlyk ýyllarynda Gurhany kerim we hadysy şerif birnäçe gezek terjime edilip, neşir edildi.

Şunuň bilen birlikde, ene dilimiziň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmak, onuň halkara meýdanyndaky at-abraýyny ýokarlandyrmak, iň häzirki zaman ugurlarda we pudaklarda işeňňir



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ulanylyşyny üpjün etmek boýunça ençeme işleri amala aşyrmalydyrys. Ine şu prosesde gatnaşmak ene dilimizden lezzet alyp kemala gelen, şu dil arkaly özüni, özlügini, bütin dünýäni tanan ynsanlar hökmünde siz bilen biziň hem perzentlik borjumyzdyr. Bu hakda oýlananda, Ýurtbaşymyzyň aşakdaky pikirlerini hemişe ýatda saklamalydyrys:

**«Şol bir wagtda jemgyýetimizde dil medeniýetini ýokarlandyrmak babatda entek köp iş etmelidigimizi-de unutmaly däldiris. Aýratynam, käbir resmi aragatnaşyklarda hem edebi diliň düzgünlerini berjaý etmezlik, diňe belli bir çäk möçberinde ulanylýan şiwe elementlerini goşup geplenýän halatlary duşmagy bu meseleleriň entegem derwaýyslygyna galýandygyny görkezýär. Bu hakda gürrüň edilende, babamyz Alyşir Nowaýynyň «Dile ünssüz – ile ünssüz» diýen sözlerinde nähili çuňňur durmuş hakykatynyň jemlenendigine ýene bir gezek göz ýetirýäris»**[1].

**Özbek dili dünýäniň iň gadymy we baý dillerinden biridir. Bu diliň çäksiz mümkinçilikleri gadymy daşýazgylarda, halkymyzyň zamanlaryň synagyndan geçip gelýän nakyllarynda we pähimli sözlerinde, gaýtalanmaz jümlelerinde, aýdymdyr dessanlarynda, nusgawy şahyrlarymyzyň, XX asyrdaky döredijilik işgärlerimiziň eserlerinde aýdyň ýüze çykypdyr.**

**Ene dilini söýmek – watanperwerlik alamaty, eždatlaryň ruhuna hormat nyşanydyr. Öz dilini gorap saklaýan halk özlügini, buýsanjyny gorap saklaýan bolýar.**

Ene dilimizde halkymyza mahsus duýgular, düşünjeler we göz öňüne getirmeler, urp-adatlar hem-de däpler çuňňur şöhlelendirilýär. Dilimizdäki hayo (haýa), ibo (yba), andişa (parasatlylyk), oriyat (utanç), nomus (namys), mehr-oqibat (mähir-şepagat) diýen

[1]**Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 89–90-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




sözleri başga dillere terjime etmek gaty kyn. Olary diňe özbek dili arkaly aňlatmak mümkin. Çünki bu düşünjeler köpräk biziň halkymyza mahsus we olary beýan etmek diňe şu halkyň dilinde mümkin. Bir söz bilen aýdanda, ene dilimiz halkymyzyň diliniň düýbünde bolan iň çylşyrymly duýgulary we düşünjeleri hem aňladyp bilýär. Çünki bu dil näçe asyrlaryň, müň ýyllaryň dowamynda şu halk bilen birlikde şekillenipdir. Şonuň üçin hem ene dili – milletiň ruhy diýýäris.

Ene diline bolan söýgi, ilki bilen, her bir sözüň manysyna çuňňur aň ýetirmek bilen ulanmakda, ony gowy bilmekde, aýawly saklamak ýaly sypatlarda görünýär.

**Dil bilmek – medeniýetiň alamatydyr. Halkymyz dili bilen aýdanda, dil bilen il biler.**

Ata-babalarymyz gadym-gadymdan iki-üç dili bilipdirler. Bu bolsa olara başga millet wekilleri bilen erkin gepleşmek, olardan öwrenmek we olar bilen parahat-agzybir, hyzmatdaş-egindeş bolup ýaşamak mümkinçiligini beripdir. Aýratynam, şu günki günde, ýurdumyz bütin dünýä bilen giň gerimli hyzmatdaşlyk edýän wagtynda dil bilmek möhüm ähmiýete eýe. Şonuň üçin ýurdumyz-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

da daşary ýurt dillerini öwrenmäge uly üns berilýär. Ýöne ene dili islendik şertde-de adam üçin ruhy daýanç bolmagynda galýar. Aýratynam, milli öz-özüňe aň ýetirmekde, «Kimdim, kim boldum?» diýen soraga jogap tapmakda, hatyra duýgusy bilen ýaşamakda ene diliniň ähmiýeti çäksizdir. Hut ene dili sebäpli adam öz eždatlary bilen hemişe ruhy aragatnaşykda ýaşaýar. Ýagny, olaryň aýdan öwütleri, ýazyp galdyran eserleri, eden haýyr işleri ene dili arkaly nesilden nesle geçýär.

Şeýlelikde, ene dilini pugta bilmek, oňa buýsanyp, guwanyp ýaşamak milli ruhyýetiň, özlügiň beýany bolsa, başga dilleri bilmäge ymtylyş medeniýetiň alamatydyr, goşmaça bilim aň-bilim guralyna eýe bolmakdyr.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Halkyň, milletiň özlügini ýüze çykarmakda diliň orny nähili?
2. Prezidentimiz bu hakda nähili göreldeli pikirleri aýdypdyr?
3. Halkymyzyň dünýä siwilizasiýasyna goşan goşandynda özbek dili nähili orun tutupdyr?
4. Ene diliniň gowy sypatlaryň, ýokary duýgularyň çeşmesidigini nämeler bilen subut edip bilersiňiz?
5. Ene dilimiziň abraýyny artdyrmak üçin haýsy döwürlerde nähili göreşler alnyp barylypdyr?
6. Özbek diliniň döwlet dili hökmündäki derejesi we ony ösdürmegiň kanuny esaslary haýsy resminamalarda kesgitlenipdir?
7. Ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeler dilimiziň ösüşine nähili täsir edýär?
8. Dilimizi gadyrlamak, onuň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmak üçin näme etmeli?
9. Özbek diliniň mümkinçilikleri haýsy nusgawy eserlerde aýdyň ýüze çykandygy barada aýdyp beriň.
10. Dil bilmegiň ähmiýeti hakynda mysallar esasynda hekaýa ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MILLI WE UMUMADAMZAT GYMMATLYKLARYNYŇ SAZLAŞYKLYLYGY

Eziz okuwçy, milli taglymymyz näme üçin hut «milli» diýen söz bilen başlanýandygy hakynda oýlanyp gördüňizmi? Ýurdumyzyň çäginde ýaşaýan, milletine, diline we dinine seretmezden, ähli ynsanlary ýeke-täk Watanyň perzentleri hökmünde birleşdirmek, olaryň gowy arzuw-isleglerini we bähbitlerini aňlatmak milli taglymymyzyň esasy many-mazmunyny düzýändigi üçin hem ol «milli» diýen söz bilen başlanýar. Çünki «milli» diýen söz diňe bir millete däl, eýsem bir çäk, bir ýurda degişliligi hem aňladýar. Şonuň üçin hem ine şu bitewi halkyň milli gymmatlyklary, umumyadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşykly ýagdaýda, biziň taglymymyzy has-da baýlaşdyrýar.

**Dünýäde özboluşly gymmatlyklary bolmadyk halk ýok. Milli gymmatlyklar olar degişli bolan halkyň taryhy, ýaşaýyş terzi, dili, urp-adatlary, ruhyýeti hemde medeniýeti bilen üznüksiz baglylykda ýüze çykýar.**

Biziň milli taglymymyz milli däplerimizi we gymmatlyklarymyzy özünde şöhlelendirýär, olary baýlaşdyrmaga we ösdürmäge hyzmat edýär. Bu prosesde ol jemgyýetimiziň ahyrky maksatlaryny hasaba alýar we aşakdaky milli aýratynlyklary nazarda tutýar:

– halkymyzyň durmuşynda gadym-gadymdan jemagat bolup ýaşamak ruhunyň ileri tutulmagy;

– jemagat tymsaly bolan maşgala, mähelle, il-ýurt düşünjeleriniň mukaddesligi;

–ata-ene, mähelle, umuman, köpçülige ýokary hormat-yzzat;

– milletiň mizemez ruhy bolan ene diline bolan söýgi;

– ulyny hormat etmek we kiçini sylamak;

– mähir-muhabbet, gözellik we nepislik, durmuşyň ebediliginiň simwoly bolan – aýala hormat;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– sabyr-takat we zähmetsöýerlik;
– halallyk, mähir-şepagat we başgalar.

**Ýer ýüzündäki ähli halklar üçin gadyrly bolan, adamzadyň umumy bähbitlerine laýyk gelýän, maddy we medeni hadysalar, däpler we prinsipler umumadamzat gymmatlyklaryna degişlidir.**

Biziň milli taglymymyz aşakdaky umumadamzat gymmatlyklaryny ykrar edýär we olardan iýmitlenýär:
– kanunyň ileri tutulmagy;
– adamyň hak-hukuklary we azat pikirlilik;
– dürli millet wekillerine hormat we olar bilen agzybirlikde ýaşamak;
– dini bagrygiňlik;
– dünýewi bilimlere ymtylyş, magaryfperwerlik;
– özge halklaryň öňdebaryjy tejribesini we medeniýetini öwrenmek we başgalar.

*Kanunyň ileri tutulmagy jemgyýet agzalarynyň milletine, diline we dinine seretmezden, kanunyň öňünde deňdigini aňladýar.*

Bu prinsip biz gurýan hukuk demokratik döwletiň durmuşynda, özgertmelerimizi amala aşyrmakda iň möhüm ösüş prinsipi bolup hyzmat edýär.

Adamyň hak-hukuklary eldegrilmesizdir. Dünýädäki ähli halklar adamyň hak-hukuklary doly üpjün edilýän, ol erkin ýaşaýan jemgyýeti gurmaga hereket edýär. Ýöne bu maksada ýetmek aňsat däl. Çünki bu älemde başgalaryň hukugyny kemsidip, zulum we zorluk esasynda olary özüne tabyn etmek isleýän zalym güýçler hem köp. Adam hak-hukuklaryny olardan goramak – her bir düşünjeli adamyň mukaddes borjudyr. Şonuň üçin hem adam hukuklary umumadamzat gymmatlygy hasaplanýar.

Biziň ýurdumyzda adam hukuklary doly üpjün edilendir. Şu babatdaky esasy normalar döwletimiziň Konstitusiýasynda we kanunlarymyzda öz beýanyny tapýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Azat pikirlilik – adamyň esasy hukuklaryndan biri bolup, şahsyýet azatlygynyň möhüm şertidir. Oňa görä, her bir adam öz pikirini erkin bildirmek hukugyna eýe.*

Adamyň pikiri, ýagny ruhy älemi erkin bolsa, durmuşy-da erkin bolýar.

**Milli gymmatlyklaryň aňyrsynda bir halkyň taryhy däpleri, durmuş terzi we durmuşy garaýyşlary jemlenen bolsa, umumadamzat gymmatlyklary bütin adamzada mahsus ösüş tejribelerini, her bir adamyň adamzadyň perzendidigi bilen bagly umumy manyny aňladýar.**



Biziň milli gymmatlyklarymyzyň özboluşly seýrek tarapy şundan ybarat bolup, olarda gadym zamanlardan başlap umumynsany taglymlar çuňňur şöhlelenipdir. Meselem, halkymyzyň mähir-şepagaty, dostlugy, parahatçylygy we raýdaşlygy ýokary gadyrlamagy, kim bolmagyna, haýsy millete degişliligine seretmezden, myhmanyň hormatyny berjaý etmegi onuň hakyky ynsanperwerlik sypatlaryny görkezýär.

**Ynsanperwerlik bolsa umumadamzat gymmatlyklarynyň esasyny düzýär.**

Halkymyzyň «Ataň çagasy bolma, adam çagasy bol» ýaly nakyllarynda eždatlarymyzyň diňe bir öz milli gymmatlyklaryna däl, eýsem umumadamzat gymmatlyklaryna nähili wepalydygy aýdyň beýanyny tapýar.

Beýik eždatlarymyzyň durmuşy we döredijilikli işi ynha şeýle ynsanperwerlik ruhy bilen ýugrulandygy üçin olaryň ady, ýazan eserleri bütin dünýäde ykrar edilip, asyrlaryň dowamynda dürli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

halklaryň wekilleri tarapyndan öwrenilýär. «Orta asyr Gündogarynyň beýik alymlarynyň we akyldarlarynyň taryhy mirasy, onuň häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşindäki roly we ähmiýeti» temasynda 2014-nji ýylyň 15–16-njy maý günleri Samarkant şäherinde bolup geçen halkara konferensiýa bu pikiriň ýene bir amaly tassyklamasy boldy.

Prezidentimiz Islam Karimow bu hakda durup geçmek bilen, aşakdaky pikirleri aýratyn nygtamagy ýöne ýerden däl:

**«Bu beýik şahsyýetleriň ylym-bilim ugruna bagyşlan durmuşy, olar gazanan we bu günki günde bütin aň-bilimli adamzady haýran galdyryp gelýän üstünlikleri – bu, hiç şübhesiz, hakyky ruhy edermenlik nusgasy, diýip aýtmaga ähli esaslarymyz bar we biz şeýle edermenligiň öňünde baş egip tagzym edýäris»[1].**




Belgiýada Ibn Sinanyň, Litwada Mürze Ulugbegiň, Russiýanyň paýtagty Moskwa, Ýaponiýanyň paýtagty Tokio, Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherlerinde Alyşir Nowaýynyň, Müsüriň paýtagty Kairde bolsa Ahmet Ferganynyň heýkelleriniň otudylandygy, 2007-nji ýylda Yslam konferensiýasy guramasynyň tälim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşen birleşmesi – AÝSESKO tarapyndan Daşkent şäheri Yslam medeniýetiniň paýtagty diýlip yglan edilendigi, şonuň ýaly-da, Samarkant, Buhara, Hywa, Karşy, Şährisebz, Termiz, Daşkent, Margilan ýaly gadymy şäherlerimiziň taryhy seneleri halkara möçberde giň bellenilendigi halkymyzyň umumadamzat gymmatlyklarynyň gülläp ösmegine goşan goşandynyň ýokary ykrarnamasy boldy.

---

[1] O‘rta asrlar Sharq allomalari va mutafakkirlarining tarixiy merosi, uning zamonaviy sivilizatsiya rivojidagi roli va ahamiyati. –D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 2014-nji ýyl, 16-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Il-ýurdumyzyň beýik medeni mirasy, ruhy kuwwaty, pugta erki onuň hemişe milli we umumadamzat gymmatlyklaryna daýanyp ýaşandygynyň netijesidir.**

Halkymyzyň näçe müň ýyllyk taryhy dowamynda milletçilik, başgalary kemsitmek, dini we milli dawalar hiç haçan bolmanlygynyň esasy sebäplerinden biri hem biziň diňe milli gymmatlyklar bilen çäklenmezden, hemişe umumadamzat gymmatlyklaryndan iýmitlenip gelendigimiz, il-ýurdumyza mahsus bolan ynsanperwerlik we bagrygiňlik sypatlary bilen baglanyşyklydyr.

Biziň milli taglymymyzyň güýji şundan ybarat, ýagny ol milli we umumadamzat gymmatlyklaryndan lezzetlenip, olary ösdürmäge goşant goşmagy nazarda tutýar. Şol bir wagtda olary özüniň esasy düşünjeleri we prinsipleri esasynda utgaşdyryp, halkymyzyň umumy maksatlaryna hyzmat etdirýär.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Milli gymmatlyklar diýende nämeleri düşünýärsiňiz?
2. Milli taglymymyz haýsy milli gymmatlyklarymyzdan iýmitlenýär?
3. Milli taglymymyz haýsy umumadamzat gymmatlyklardan iýmitlenýär?
4. Umumadamzat gymmatlyklary esasynda durýan esasy taglym näme?
5. Ynsanperwerligi beýgeltmäge gönükdirilen halkymyza mahsus bolan sypatlardan haýsylaryny bilýärsiňiz?
6. Halkymyzyň umumadamzat gymmatlyklaryna wepalylygy haýsy nakylymyzda aýdyň öz beýanyny tapýar?
7. Beýik eždatlarymyzyň hatyrasyna haýsy daşary ýurt ýurtlarda heýkeller dikilipdir?
8. Siz haýsy daşary ýurt ýazyjylarynyň kitaplaryny söýüp okaýarsyňyz?
9. Daşary ýurtly sportçylardan kimleri bilýärsiňiz?
10. Haýsy milli gymmatlyklarymyzy gowy görýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖSÜŞIŇ ÖZBEK MODELI WE ONUŇ ÄHMIÝETI

Eziz okuwçy, siziň taryh dersinden gowy bilşiňiz ýaly, azatlygyny we garaşsyzlygyny gazanan islendik ýurt dünýädäki ösen döwletleriň hataryndan mynasyp orun eýelemek üçin özboluşly ösüş ýoluny basyp geçýär. Bu ýol adatda şol döwletiň milli dikeldiş ýoly ýa-da ösüş ýoly diýlip atlandyrylýar. Özbegistan hem döwlet garaşsyzlygyny gazanandan soň durmuşyň ähli ugurlarynda dikeldiş we özgertme proseslerini amala aşyrmak ýiti zerurlyga öwrüldi. Çünki köne sowet düzümi döwründe hemme ugur bir taraplaýyn, ýagny diňe «gyzyl imperiýa» diýlip atlandyrylan öňki SSSR-iň bähbitlerine laýyklykda ösdürilipdi. Meselem, biziň ýurdumyzyň üstüne ýüklenen esasy wezipe çig mal bilen üpjün etmekden ybaratdy. Çig mal bolsa taýýar önüme garanda birnäçe esse arzan. Çig maly arzanja ýetişdirip berip, ondan taýýarlanan önümi birnäçe esse gymmat bahadan, ýene näçe ýol harajatlary, her hili formallyklaryň hasabyna satyn almak milli ykdysadyýetimizi gowşadyp, garyp ýagdaýa salypdy.

Ruhyýet babatda bolsa dilimiz, dinimiz, edebiýat we sungatymyz, beýik alymlarymyz, olaryň bahasyna ýetip bolmaýan eserleri kemsidilýärdi, olary öwrenmäge, ösdürmäge ýol berilmeýärdi. Munuň aňyrsynda halkymyzy döredijilikden, döretmek duýgusyndan uzaklaşdyryp görkezmäge synanyşyk, onuň milli taryhy ýok, diýen galp we betnebis pikiri adamlaryň aňyna siňdirip, olary tabyn we garaşly etmäge gönükdirilen mekir syýasat gizlenipdi.

Ynha şeýle aýylganç ýagdaýlaryň ählisiniň soňuna çykmak, halkymyzyň döredijilik, ýaradyjylyk ussatlygyny täzeden oýarmak, ony öz takdyrynyň, öz durmuşynyň doly manydaky eýesine öwürmek üçin täzeçe ösüş ýoly talap edilýärdi. Bu ýol durmuşyň hemme ugurlaryny halkymyzyň, Watanymyzyň bähbitlerini hasaba almak bilen özgertmegiň umumy ýönelişlerini kesgitlemelidi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Prezidentimiz Islam Karimow garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda jemgyýetçilik durmuşyny özgertmegiň prinsiplerini işläp çykdy. Bu prinsipler ýurdumyzyň durmuşynyň hemme ugurlaryny düýpgöter üýtgetmek we täze jemgyýet gurmagyň strategik ýoly hökmünde özüni aklady we «ösüşiň özbek modeli» diýen at bilen bütin dünýäde ykrar edildi.

*Strategik ýol – uzaga niýetlenen, umumy maksatlary aňladýan esasy ösüş ýoly.*

**Özbegistanyň strategik ýoly bazar ykdysadyýetine esaslanan hukuk demokratik döwleti, raýatlyk jemgyýetini gurmaga gönükdirilen özbaşdak ösüş ýoludyr.**

Ol ýaşamasyny ýaşap bolan köne sowet düzüminden umuman täze, demokratik düzüme geçmegi üpjün edýän ösüş modeli hasaplanýar.

**Bu modeliň iň möhüm aýratynlyklaryndan biri şundan ybarat, ýagny ol ynkylap ýoly bilen däl, eýsem yzygider ýol bilen ösüşini nazarda tutýar. Yzygider ösüş gözlenýän maksada tarap ädimme-ädim, tapgyrlaýyn barmagy aňladýar.**

Şuny ýatdan çykarmaň, özgertmeleri ynkylap ýoly bilen amala aşyrmagyň birnäçe usullary bar. Şulardan biri «şok terapiýasy» diýlip atlandyrylýar.

*Ýyllaryň dowamynda şekillenen dolandyryş usullaryny, durmuşyň düzgünlerini, adamlaryň dünýägaraýşyny birdenkä üýtgetmäge synanyşyk, täze gatnaşyklary gysga möhletde girizmek «şok terapiýasy»nyň esasy mazmunyny düzýär. Köne ýaralary bir synanyşykda aradan aýyrmagy talap edýändigi üçin bu ýol hut şeýle at bilen atlandyrylýar.*

Bu ýol biziň ýurdumyza umuman dogry gelmeýärdi. Munuň sebäplerini Prezidentimiz Islam Karimow şeýle düşündirýär:

**«Eger-de biz garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň tapgytlaýyn ösüş ýoluny däl, eýsem «şok terapiýasy» diýen**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**ady alan birdenkä böküp geçmek ýoluny saýlasak, iň kyn ýagdaýlarda aglaba ilatymyz nähili ýagdaýa düşen bolardy? Hiç şübhesiz, stihiýalaýyn ýüze çykýan güýçli özgerişler tupanynda adamlaryň maddy hal-ýagdaýy ýiti ýamanlaşyp, olaryň durmuş terzi, ahlak gymmatlyklary, milli-ruhy keşbi bütinleý hatardan çykjakdygy aýandy. Bir söz bilen aýdanda, şeýle birtaraplaýyn syýasat hiç garaşylmadyk netijelere, öwezini ýüz ýyllarda-da ödäp, dolduryp bolmaýan agyr ýitgilere getirmegi gutulgysyzdy»[1].**



Ýurdumyz ilatynyň ýarysyndan köpüsini çagalar, durmuş taýdan goraga mätäç adamlar düzýändigi, milli gymmatlyklarymyz islendik täzelige-de tapgyrlaýyn, agraslyk bilen barmagy talap edendigi sebäpli-de «şok terapiýasy» ýaly ynkylap ýoly biziň üçin makul däldi. Şonuň üçin biziň ösüş ýolumyzyň esasy mazmuny jemgyýeti ynkylap ýoly blen däl, eýsem tapgytlaýyn, ewolýusion, ýagny yzygiderlilik bilen özgertmegi (reforma etmegi) nazarda tutýar. Prezident Islam Karimow esaslandyryp beren jemgyýeti özgertmegiň bäş prinsipi bu modeliň esasyny düzýär.

**«Bu modeliň esasy prinsipleri – ýagny, ykdysadyýetiň syýasatdan azatdygy, döwletiň baş özgertmeçi (reformaçy) bolmagy, kanunyň ileri tutulmagy, güýçli sosial syýasat, özgertmeleri yzygiderliklik esasynda tapgytlaýyn amala aşyrmak prinsipleri ählimize gowy aýan»[2]**, – diýip nygtaýar Ýurtbaşymyz.

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 106-njy sah.

[2] Şol eser, 103-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Ykdysadyýetiň syýasatdan azatlygy ykdysadyýetiň öz kanunalaýyklyklary esasynda ösmelidigini, ony dürli syýasy maksatlara tabyn edilmeli däldigini aňladýar.*



Garaşsyzlygymyzy gazanýançak höküm süren sowet aňyýeti öz syýasaty bilen ykdysadyýetiň ösüşine päsgel berýärdi. Ýagny, ol «hususy eýeçilik zyýanly», «bazar gatnaşyklary bolmaly däl», «mülkdarlar bolmaly däl» diýen syýasy garaýyşlar bilen adamlaryň azat zähmet çekmegi, emlägiň eýesi bolup, telekeçilik işi bilen meşgullanmak gadagan edilipdi. Şonuň netijesinde syýasat ykdysadyýetiň üstünden agalyk edýärdi. Şeýle ýagdaýyň soňuna çykmakda, ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna geçirmekde ony syýasatdan azat etmek hakyndaky prinsip möhüm ähmiýete eýe boldy.

**Köne düzümden täze jemgyýete geçmekde döwletden başga birleşen, jemgyýeti yzyna eýertmegi başarýan kuwwatly güýç bolmaýar.**

Bu wagtda syýasy partiýalar, döwlet däl guramalar entek doly şekillenmedik bolýar. Şonuň üçin döwlet ähli özgertmeler üçin jogapkärligi öz üstüne alýar. Bu öz gezeginde täze jemgyýeti gurmakda garşylyk görkezýän köne düzümiň tarapdarlaryny jylawlamak, indi aýaga galýan bazar gurluşlaryny goldamak, iň esasysy, özgertmeleriň yzygiderlilik bilen dowam etmeginde uly rol oýnaýar.

*Kanunyň ileri tutulmagy prinsipi hemmäniň kanunyň öňünde deňligini, şu esasda täze jemgyýetiň hukuk esaslaryny pugtalandyrmagy nazarda tutýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurdumyzda özgertmeleri amala aşyrmakda täze-täze kanunlar kabul edilip, pugta hukuk binýady döredilýär we olaryň ýerine ýetirilişi üpjün edilýär. Kanunyň ileri tutulmagy prinsipi jemgyýetimiziň agzalarynyň hukuk aňynyň we pikirlenmesiniň barha ýokarlanmagynda-da möhüm ähmiýete eýe.

! **Täze jemgyýet gurmak prosesinde güýçli sosial syýasat alyp barmak, kem üpjün edilen, kömege mätäç adamlary, ýaş maşgalalary döwlet tarapyndan howandarlyk etmek, jemgyýetiň bir bölegi gaty baýap, başga bölegi bolsa örän garyplaşmagyna ýol bermezligi nazarda tutýar.**

Garaşsyzlyk ýyllarynda diýarymyzda güýçli sosial gorag ulgamy şekillendi. Siz garry we maýyp, mätäç adamlara mähelle arkaly kömek edilýändigi, döwlet tarapyndan pensiýa ýa-da tölegler berilýändigi, ýaş maşgalalara ýeňillikli kreditler berilýändigi, ýokary okuw jaýlarynda okaýan aga-doganlaryňyzyň okaýan ýerinden stipendiýa alýandygy hakynda eşidensiňiz. Bularyň ählisi durmuş taýdan goragyň görnüşidir.

Özbek modeliniň esasyny kesgitleýän bäşinji prinsip – özgertmeleri yzygiderli esasda tapgyrlaýyn amala aşyrmak prinsipi we onuň ähmiýeti hakynda ýokarda pikir ýöredipdik.



Şu prinsipler bilen birlikde «Täze jaý gurmazdan, könesini bozmaň», «Özgertme – özgertme üçin däl, ilki bilen adam üçin, onuň abadan durmuşy üçin hyzmat etmeli», «Güýçli döwletden – güýçli jemgyýete tarap» ýaly düzgünler hem özbek modelinde möhüm orun tutýar. Bu model halkymyzyň milli döwletlilik däplerine, gymmatlyklaryna we durmuş terzine, şonuň ýaly-da, dünýädäki öňdebaryjy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döwletleriň jemgyýeti reforma etmek tejribesine esaslanýandygy üçin durmuş synaglarynda özüni aklady. Şu sebäpli-de Özbegistanyň köne dolandyryş-buýruk beriji düzüminden bazar gatnaşyklary agalyk edýän azat demokratik jemgyýete geçmeginde, ýurdumyzyň dünýä bileleşiginde mynasyp orun eýelemeginde bu modeliň ähmiýeti biçak boldy. Hut şu model sebäpli biz çylşyrymly geçiş döwründe artykmaç ýitgilere ýol bermedik, halkymyzy durmuş taýdan güýçli gorap, özbaşdak ösüş ýolunda uly üstünlikleri we sepgitleri gazandyk.

Netije çykaryp aýdanda, özbek modeli jemgyýetçilik durmuşyny düýpgöter özgertmegiň özboluşly ýoly bolup, Watanymyz onuň prinsiplerine esaslanmak bilen yzygider ösýär.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Ösüş ýoly we modeli diýip nämä aýdylýar?
2. Özbek modeli kim tarapyndan işlenip çykyldy?
3. Watanymyzyň strategik ýoly nähili maksada gönükdirilen?
4. «Şok terapiýasy» diýende nämäni düşünýärsiňiz?
5. Özbek modeliniň esasy many-mazmuny nämeden ybarat?
6. Özbek modeliniň esasyny düzýän bäş prinsipi sanab beriň.
7. Özbek modelinde möhüm orun tutýan ýene nähili prinsipleri bilýärsiňiz?
8. Ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda uly üstünlikleri gazanmagynda özbek modeliniň nähili rol oýnandygy barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BARLAG IŞI

*Ýumuş:* **«Kämil nesil – il-ýurt daýanjy»** temasynda referat taýýarlaň.

Referat taýýarlan mahalyňyzda aşakdaky meselelere aýratyn üns beriň:

– ýurdumyzda kämil nesli kemala getirmek boýunça amala aşyrylýan işler;

– Prezidentimiziň kämil nesil hakyndaky pikirleri;

– häzirki günde adamlaryň, aýratynam ýaşlaryň kalbyny we aňyny eýelemäge gönükdirilen zyýanly täsirler;

– ýaşlarda aňyýet immunitetini pugtalandyrmagyň ýollary we usullary;

– Watana bolan söýgi we wepalylyk bilen ýaşamak;

– milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň sazlaşyklylygy;

– ösüşiň özbek modelinde «Özgertme – özgertme üçin däl, ilki bilen adam üçin, onuň abadan durmuşy üçin hyzmat etmeli» diýen kada esasynda adam bähbitleriniň ähli özgertmeleriň we özgerişleriň baş maksady edilip bellenmegi;

– özbek modeli esasynda ösýän ýurdumyzyň gazanýan uly üstünlikleri.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BU GÜNKI ÖZGERTMELER BARADA SÖHBET

**(*Amaly sapak*)**

Eziz okuwçy, görşüňiz ýaly, halkymyzyň durmuşynyň ähli ugurlarynda, respublikamyzyň syýasy durmuşynda, ykdysadyýetinde, sosial-medeni ugurlarynda dürlüçe özgerişler, gowy täzelenişler yzygider ýagdaýda ýüze çykýar. Köpçülikleýin habar serişdelerinde bolsa iň köp ulanylýan sözlerden biri «özgertme» sözi hasaplanýar. Ýogsam, şu iki hadysanyň arasynda nähili baglylyk bar?

Bilşiňiz ýaly, ýurdumyz garaşsyzlygyny gazanandan soň, köne düzüm döwründe ornaşdyrylan syýasy, ykdysady, aňyýet dolandyryş ulgamy çäklendirildi. Hususan-da, döwleti dolandyrmagyň umuman täze, demokratik usullary girizildi. Ykdysadyýetiň syýasata baglylygynyň soňuna çykyldy. Ýurdumyzda adamyň mertebesi, hukuklary we azatlyklary iň ýokary gymmatlyk diýlip yglan edildi. Halka özlügini tanatmak, ony taryh bilen ýaraglandyrmak, taryhy hatyrasyny oýarmak boýunça uly aň-bilim işleri amala aşyryldy. Bu özgerişleriň esasynda bolsa Prezidentimiz Islam Karimowyň ýolbaşçylygynda işlenip düzülen, ýurdumyzda azat we abat Watan, erkin we abadan durmuş gurmak maksadyna ugrukdyrylan özgertmeler dur.

*«Özgertme» – arapça «isloh» sözüniň köplügi bolup, düzetmek, täzelemek, gowulandyrmak, düýpli üýtgetmek diýen manylary aňladýar.*

Sözüň leksiki manysyndan mälim bolşy ýaly, 1991-nji ýylda gazanan milli garaşsyzlyk halkymyza öz durmuşyny düýpli täzelemek, gowulandyrmak, üýtgetmek mümkinçiligini berdi. Öňki derslerimizde aýdyşymyz ýaly, käbir öňki sowet respublikalaryndan tapawutlylykda biziň ýurdumyzda bu özgerişler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



tapgyrlaýyn alnyp baryldy. Çünki Prezidentimiz «Täze jaýy gurman könesini bozmaň!» diýen halk pähimlerinden ugur alyp, her bir özgertmäni durmuşyň we döwrüň talaplaryna laýyk amala aşyrmak prinsipini öňe sürdi. Hakykatdan hem, akyly ýerinde bolan, diňe bir şu gününi däl-de, ertirini-de oýlap iş alyp barýan adam, täze ymarat gurmaga başlanda, bu jaý peýdalanmaga ýaramly bolýança özi üçin başpena bolup duran köne öýüni bozmaga howlukmaýar. Çünki täze jaý bir günde, bir aýda gurulmaýar. Bu ymaraty uzak ýyllara çydamly, ýagty we giň, her taraplaýyn amatly edip gurmak üçin belli bir wagt talap edilýär. Galyberse-de, bu jaý onda ýaşamaly bolan adamlaryň ähli durmuş talablaryna jogap bermelidir. Näçe owadan, özüne çekiji bolsa-da, kimiňdir, haçandyr, nirededir guran jaýyndan nusga alyp dikelden ymaraty biziň talap-isleglerimize jogap bermezligi mümkin.

**Bu diýildigi, amala aşyrylýan özgertmeler, ilki bilen, halkymyzyň tebigatyndan, dünýägaraýşyndan, zerurlyklaryndan gelip çykan bolmaly, diýenidir.**

Diýmek, biziň ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeler ilkinji nobatda şu Watanda ýaşaýan raýatlar bähbitlerine gönükdirilendigi, olaryň arzuw-umytlary bilen aýrylmaz baglylygy bilen aýratyn möhüm ähmiýete eýe. Şu pikirimizi ýekeje tälim-terbiýe ugrunda geçirilen özgertmeleriň mazmun-manysyny, maksadyny düşündirmek bilen aýdyňlaşdyrmak bolar.

Bilşiňiz ýaly, Özbegistanyň ilatynyň uly bölegini ýaşlar, olaryň hem uly bölegini bolsa kämillik ýaşyna ýetmedikler düzýär. Eliňizdäki kitabyň ahyrky sahypalaryna seretseňiz, onuň näçe nusgada çap edilendigi baradaky maglumata gözüňiz düşer. Ähli dersliklериňizde-de şu sanlar bar. Bu sanlar şu dersliklериň diňe özbek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




dilinde okadylýan mekdepler üçin neşir edilendiginiň sanawydyr. Muňa köpmilletli ýurdumyzdaky tälim başga dillerde alnyp barylýan mekdepleriň okuwçylarynyň sanyny hem goşsaňyz, ýarym million okuwçy sany çykýar. Diýmek, her ýyl Özbegistanyň mekdeplerini şonça ýaş adam tamamlaýan eken.

Sowet döwründe «orta mekdep»lerdäki okuw möhleti 10 ýyl edilip bellenipdi, hemme çagalar diňe şuny tamamlaýardy. Olaryň diňe 5–7 göterimi ýokary okuw jaýlarynda okuwyny dowam etdirýärdi, galan birnäçe ýüz müňlerçe ýaşlar indi näme etjegini bilmän, işsizleriň hataryny doldurýardylar. Çünki olaryň elinde ne bir hünäri, ne-de bir kesbi bolardy.

**! Özbegistanda Ýurtbaşymyzyň başlangyjy bilen amala aşyrylan tälim ugrundaky özgertmeler, ilki bilen, ynha şu iňňän möhüm kemçiligiň soňuna çykmak bilen ähmiýetlidir.**

Iň esasysy, umumy orta bilim berýän mekdepdäki dokuz ýyllyk okuwyň dowamynda her bir çaganyň gyzyklanmasy, ukyby, talanty ata-enesine hem, mugallymlaryna hem, elbetde, belli bolýar. Meselem, bir çaga ylmyň belli bir ugruna köpräk gyzyklansa, başga çaga ýaşlygyndan ol ýa-da bu hünäre meýilli bolýar. Şony hasaba almak bilen, Özbegistanda geljegini ylym-bilim ugrunda gurmakçy bolan ýaşlar üçin dürli ylymlara ýöriteleşen akademik liseýler, olaryň hünär öwrenmekçi bolan ýaşytdaşlary üçin bolsa ýüzlerçe kesp-hünäri öwredýän kolležler guruldy. Möhüm tarapy, şu kolležlerde ýaşlar üç ýylyň dowamynda bir däl, birnäçe kärleri pugta eýelemek mümkinçiligine eýe bolýar. Bu diýildigi kolleži tamamlan ýaşlarymyz öwrenen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

käri boýunça işläp, özüniň maddy durmuşyny gurap, geljekde maşgala gurup, onuň abadançylygyny üpjün etmek mümkinçiligine eýe bolýar, diýenidir.

Edil şunuň ýaly galan ähli ugurlarda amala aşyrylýan özgertmeler hem halkymyzyň bähbitlerine hyzmat edýär, ýurdumyzy dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna alyp çykmakda möhüm faktor bolýar.

Ýokarda Özbegistanyň möçberinde amala aşyrylýan özgertmeleriň diňe bir ugry barada gysgaça gürrüň etdik. Amaly sapak dowamynda mugallymyňyzyň ýolbaşçylygynda synpdaşlaryňyzyň köpüsini gyzyklandyrýan başga ugurlardaky özgertmeler barada hem aň-bilim söhbetini geçirip bilersiňiz. Munda aşakdaky meselelere aýratyn üns berilse, peýdaly bolar, diýip pikir edýäris:

– özgertme alnyp barylýan ugruň ýurduň we halkyň durmuşyndaky ähmiýeti;

– garaşsyzlyga çenli ugruň ýagdaýy;

– ugurda amala aşyrylýan özgertmeleriň tapgyrlaýyn ýola goýlandygy we onuň sebäbi;

– özgertmäniň ýurdy ösdürmäge, adamlaryň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga edýän täsiri;

– özgertmäni geçirmek, onuň üstünligini üpjün etmäge ýaşlaryň goşmagy mümkin bolan ülşi we başga meseleler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III bap

# RUHYÝETIŇ PUGTA DAÝANÇLARY

## RUHYÝET GALASY

Eziz okuwçy, adamyň şekillenmeginde, durmuşda öz ornuny tapmagynda, il-ýurduň hormatyna sezewar bolmagynda ol kemala gelýän maşgala gurşawy aýgytlaýjy rol oýnaýar. Çünki maşgala şeýle mekan bolup, onda durmuşyň dowamylylygyny üpjün edýän şahs şekillenýär, milli medeniýet, urp-adatlar, ahlak gymmatlyklary saklanýar we ösdürilýär. Her bir maşgala agzybir we asuda bolsa, diýmek, jemgyýetde-de parahatçylyk we raýdaşlyk gazanylýar, ýurtda asudalyk we durnuklylyk höküm sürýär. Çünki maşgalany ýöne ýere jemgyýetiň kiçi görnüşi diýmeýärler. Edil jemgyýetde bolşy ýaly onda-da özüniň başlygy, şonuň ýaly-da, onuň aýdanlary we görkezmeleri bilen ol ýa-da bu işi ýerine ýetirýän agzalary bolýar.

**Hüşgär, işewür, uzagy görüp bilýän ýolbaşçydan jemgyýetiň ösüşini dolandyrmak talap edilse, maşgalanyň ululary hem öz öýüniň parahatçylygy, abadançylygy, perzentleriň kämilligine şonça jogapkärdirler.**

Maşgalada adam terbiýesi esaslandyrylýar. Ol çagada şekillenmeli bolan ähli adamkärçilik häsiýetleri we sypatlary terbiýeleýän durmuş mekdebi hasaplanýar. Prezidentimiz «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda kämil nesil terbiýesinde maşgala gurşawynyň örän uly orun tutýandygyny hasaba almak bilen, şu meselä ýurtdaşlarymyzyň ünsüni aýratyn çekýär:

**«Maşgala terbiýesi meselesinde ýalňyşlyga ýol bermezlik üçin ilki bilen her bir maşgaladaky ruhy klimaty özara hormat, edep-ahlak, adamkärçilik gatnaşyklary esasynda gurmak gaty dogry bolardy»[1].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 55-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Biz Ýurtbaşymyzyň eserindäki «maşgaladaky ruhy klimat» diýen jümlä aýratyn ünsüňizi çekmekçi. Çünki bu jümle adamyň ruhyýetiniň, kalbynyň dogry şekillenmeginde iňňän möhüm rol oýnaýan gurşawy aňladýar. Şol bir klimatyň nähili bolşy ýaş nesilleriň, diýmek, ertirki günüň eýeleriniň nähili adamlar bolup ýetişjekdigini kesgitleýär. Eger tebigatdaky klimata kybaplap aýdýan bolsak, maşgala klimatyndaky sowuk-salalyk onuň gujagynda ýaş nahallaryň önüp-ösmegine ýol bermese, çaň-tozanlar maşgala agzalarynyň gözüni açdyrmaýar, emin-erkin dem almagyny çäklendirýär. We tersine, şol bir klimatdaky mylaýymlyk, ýagtylyk, ýakymly howa bu maşgalada dek düýn dünýä inen bäbekden çekip garrylara çenli – ählisiniň hoşallykda ýaýnap durmuş geçirmegini üpjün edýär.

Indi maşgala klimatyny özara hormat, edep-ahlak, adamkärçilik gatnaşyklary esasynda gurmak meselesi barada durup geçeliň. Bilşimiz ýaly, maşgalanyň sagdyn esasy durmuş gurýan ýigidiň we gyzyň bir-birine mynasypdygy bilen goýulýar. Geljekki ata-enäniň saglygy, nesil-nesebi, dünýägaraýşy, ahlak düşünjeleriniň özara laýyklygy, olaryň durmuş gurmaga her taraplaýyn taýýarlygy maşgalanyň pugtalygy, parahat-abadan durmuşy, perzent terbiýesinde möhüm ähmiýete eýedir.

**Sahypgyran babamyz Emir Temur ogul öýermekde gelin saýlamakdan çekip perzentleri terbiýelemäge çenli bolan proseslere hut özi aýratyn üns berendigi ýöne ýerden däl, elbetde.**

Islendik döwletiň kuwwaty – sagdyn pikirli, bilimli, halkyň we Watanyň takdyry üçin janyny bermäge taýýar perzentleriň köplügi bilen ölçelýär. Galyberse-de, biz degişli bolan Gündogar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



halklarynda maşgalanyň mertebesini we abraýyny saklamak, ony islendik hüjümlerden goramak maşgalanyň her bir agzasy üçin hem parz, hem karz hasaplanýar. Maşgala – mukaddes dergäh, diýeni gury söz bolman, eýsem onuň aňyrsynda ynha şu mukaddesligi üpjün etmek, maşgalanyň şanyna hapa degirmezlik ýaly manylar ýatýar.

Siz hem häzirden bilmelisiňiz, durmuş gurmagy ýüregine düwen ýigidiň we gyzyň özara razylygy we bir-birine meýli, söýgüsi esasynda gurlan maşgala pugta bolýar. Şeýle nika esasynda dünýä inen perzendiň bagty-da durnuklydyr.

**Perzent – maşgalanyň arzuw-umydy, är-aýalyň arasyndaky mähir uzlaryny berk daňýan täze nesil. Maşgala durmuşynyň mazmuny, onuň ajy ýa-da süýji bolmagy perzentlere-de bagly.**

Halkymyzyň «Çagaly öý – bazar, çagasyz öý – mazar», «Çagalylar baş bolar, çagasyzlar ýaş bolar», «Çaga – är-aýalyň dilmajy», «Edepli ogul – gökdäki ýyldyz, edepli gyz – ýakadaky gunduz» ýaly ençeme nakyllaryny müň ýyllyk durmuş tejribeleriniň miwesi diýsek, asla ýalňyş bolmaýar.

Är-aýal, maşgalanyň başga agzalarynyň arasyndaky sagdyn ruhy gurşaw, mylaýymlylyk çaganyň howatyrsyz, sagdyn dogulmagynyň girewidir. Hünärmen-lukmanlaryň pikiriçe, göwreli aýalyň keýpi gowy, nerwleri parahat, iýýän tagamlary çaga organizmi üçin peýdaly bolmalydyr. Bu gürrüňleriň size-de gönüden-göni degişlidigini duýýansyňyz elbetde. Çünki siz ýaşaýan maşgalada hem iň bolmanda bir sany gelinejäňiz bardyr, dogrumy? Onuň maşgalaňyzyň täze agzasy hökmünde bu ýerdäki gurşawa öwrenişmeginiň aňsat geçmeýändigini hem gowy duýsaňyz gerek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Diýmek, gelinejeňize her taraplaýyn kömekleşmek, onuň gündelik ýumuşlarynda medet bolmak siziň hem eliňizden gelýändigini unutmaň. Aýratynam, ol doguljak ýegeniňize göwreli bolup, ýöremäge, ýumşy ýerine ýetirende kynçylyk çekende, siziň kömegiňiz gaty zerurdyr. Meselem, kir ýuwmakçy bolanynda bedrede suw daşasaňyz, howlynyň ol ýetişmedik bölegini süpürip goýsaňyz, mahlasy, azajyk bolsa-da elinden işini alsaňyz, onuň göwni göge galar!

Biler bolsaňyz, göwreli aýallar aňrybaş zatlary iýesi gelýändir. Belki ol erigiň şahasyndaky dowçadyr, haýsy-da bolsa bir duzlanan önümdir ýa-da terje almadyr. Ol utanyp, islegini başgalarga aýdyp bilmän duran mahalynda göwni isleýän zady derrew tapyp berseňiz, gör, näçe sogap.

Ýurtbaşymyz 2014-nji ýyly «Sagdyn çaga ýyly» diýip yglan etmek bilen, enelerimize bolan ünsüň her zatdan möhümdigini aşakdaky sözler bilen beýan edýär:

**«Sagdyn çaganyň dogulmagy, ilkinji nobatda, enäniň saglygyna bagly. Geljekki ene ylahy nygmat bolan dilbendini dokuz aýyň dowamynda öz bagrynda aýawlap saklap, ýagty dünýä inderýär. Ynha şu prosesde aýal nähili günleri, nähili ruhy halaty başyndan geçirse, bu elbetde enäniň endamy arkaly bäbege täsir edýär.**

**Aýaly gadyrlamak, agyr işlerden azat etmek, dürli kesellerden goramak – är adamyň, bütin jemgyýetimiziň borjudyr»[1].**

Gynansak-da, käbir maşgalalarda duşýan är-aýal, gaýyn enegelin we başgalaryň arasyndaky birek-birege hormatsyzlyk, özara

[1] Prezident Islam Karimowyň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilenliginiň 21 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly mejlisdäki çykyşyndan. «Halk sözi» gazeti, 2013-nji ýyl, 7-nji dekabr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



dawa, uruş-jenjeller, göwreli aýaly gorap saklamagyň ýerine agyr zähmete mejburlamak çaganyň keselbent, maýyp, gaharjaň bolup dogulmagyna getirýär. Ata-enedäki diňe bir gowy aýratynlyklar däl, ýaman aýratynlyklar hem jynsy ýol bilen çaga geçýändigini hasaba alsak, bu ýagdaýlaryň nähili aýylganç netijeleri getirip çykarýandygy röwşen bolýar. Çünki çagada ene garnyndaka dürli duýgular şekillenip başlaýar.

Bu babatda ruhyýet wagyz edijisi, şahyr Tursunaý Sadykowanyň «Rizalyk gözläp» atly kitabyndaky aşakdaky pikirler göreldelidir:

«Aýal size ýakmadyk äheňde-de gazanyňyzy gaýnadyp, çyraňyzy ýakyp geziberýär, oduňyz bilen girip, külüňiz bilen çykyberýär. Ýükli ýagdaýynda-da şonuň ýaly – dynuwy ýok. Içindäki çagasy onuň öýken-bagryna çyrmaşyk ýaly ýapyşyp, bagryndaky bar maňzyny sorup dursa-da, (ýöne ýere «agyraýak» diýmeýärler) aýaklary çişip, bili üzüljek ýaly bolsa-da, ýatybermeýär, hojalygyň, siziň hyzmatyňyzy ediberýär! Siziňçe, hormat oňa bolman, kime bolsun?!

«Gözi ýagtaldy» diýýärler we ýöne ýere şeýle diýmeýärler. Perzent görmek prosesinde aýal garaňky gowagy görüp gaýdýar, «ýa durmuş, ýa ölüm» diýen küşgürip duran köprüden geçýär. Gözi ýagtylanmak bilen, aýal süňkleriniň şatyrdysyny eşidip, etleriniň üzülýändigini bilip durýar. Jany göz käsesinden çykaýyn diýse-de, «doktorjan, näme etseňizem çagamy diri alyň», diýip perýat edýär! Özüm näme bolaryn diýmek ýok! Hany aýdyň, doganlar, hormat diňe oňa bolman, kime bolsun?»

Eziz okuwçy, biz bu gepleri ýöne ýere getirmeýändigimizi özüňiz hem duýýansyňyz. Sebäbi, siz hem, aga-inileriňiz, doganjigileriňiz hem edil şu terzde dünýä inensiňiz. Doguljak ýegenleriňiz hem edil şeýle agyrylaryň hasabyna älem ýüzüni görýär. Aýalyň, enäniň mähribanlygy, ezizligi-de şundan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Diýmek, bu beýik ynsany gorap saklap, oňa elden geldiginden hyzmatda bolmak her birimiziň ynsany borjumyzdygyny unutmalyň!**



Eždatlarymyzyň çagany ol dogulmazdan öň terbiýeläp başlamalydygy baradaky öwütleri bar. Belki şu aşakdaky rowaýaty eşidensiňiz.

Bir adam täze doglan çagasyny danyşmendiň ýanyna eltip: «Tagsyr, balamyň terbiýesini haçandan başlaýyn?» – diýip sorag beripdir. «Çagaňyz dünýä inenine näçe gün boldy?» – diýip sorapdyr danyşment. «Iki aý boldy, tagsyr», – jogap beripdir atasy. «Waheý, siz ep-esli gijä galypsyňyz, perzendiň terbiýesini enesiniň garnyndaka başlamalydyňyz», – diýen danyşment.

Ýokarda nygtanlarymyz maşgaladaky sagdyn ruhy klimat edil şu terbiýäni özünde jemleýär.

Özbek maşgalalarynda perzent görmek bilen bagly ençeme dabaralar, edim-gylymlar bar bolup, olaryň her biri gowy niýetler bilen berjaý edilýär. Şol sanda, bäbege mynasyp at dakmak, ony ilkinji gezek suwa düşürmek, bişige salmak, saçyny, dyrnagyny almak, dişiň çykmagy, ýaşyna dolmagy, ogul çagalary sünnet etmek, birinji müçe mynasybetli maşgala dabarasynyň geçirilmeginde simwoliki manylar bar. Şeýle dabara, edim-gylymlar çaga we onuň töweregindäkileriň guwanjyna guwanç goşýar, perzendiň ruhy kämilligine, özüniň nähili millete degişlidigine aň ýetirmegine gowy täsir edýär.

Hüwdi özbek halkynyň gadymy, möhüm terbiýeçilik we ruhy täsir edýän aýdymy hasaplanýar.

**Ene hüwdüsinden lezzet almadyk çaganyň kalbynda ata-enä, Watana görä mähir-muhabbet duýgusynyň şekillenmegi kyn.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hüwdi aýtmak esasan enelere mahsus aýratynlyk bolup, ol perzendine niýetläp göwnüne düwen bütin mährini, arzuw-oýlaryny, kalp höwrüni şu aýdym arkaly çagasyna siňdirýär. Hüwdi diňläp ösen çagada ata-enä görä özgeçe söýgi, hormat duýgusy şekillenýär.

Çaga maşgalada alýan terbiýäniň soňluk bilen onuň harakterine, hatda takdyryna edýän täsiri barada pikir ýöretmek bilen, Ýurtbaşymyz aşakdakylary nygtaýar:

**«Gynansak-da, käbir ata-eneler öz perzendiniň gyzyklanmasyna we ymtylyşlaryna, onuň aň-pikirlenmesinde her gün bir özgeriş ýüze çykyp, gözünde täze-täze soraglaryň peýda bolýandygyna üns bermeýär. Onuň üstesine, eger ata maşgalada özüni nähili alyp barmagy bilmese, edep-ahlak babatda perzentlerine görelde bolmagyň ýerine gödek gatnaşyk edýän bolsa, bu ýagdaý, çaganyň ruhy äleminiň şekillenmegine erbet täsir edýär, wagtysagady gelip, onuň harakterinde ynsan diýen ada laýyk bolmadyk, gelşiksiz bir adat hökmünde ýüze çykýar»[1].**

Mundan başga-da, çaganyň harakterine maşgaladakylaryň özara jenjelleri, maşgala, jemgyýete, daşky-gurşawa äsgermezlik gatnaşygy, ýalan geplemegi, durnuksyzlygy, geýnişinde, hojalyk ýöredişindäki sowuk-salalygy, zähmeti söýmezligi gysga wagtyň içinde özüniň erbet täsirini görkezýär. Meselem, siz iniňizden ýa-da jigiňizden aňly-huşly, sabyr-takatly, dogruçyl, arassa bolmagyny talap edip, özüňiz bu işleriň tersini edip gezseňiz, diňe bir olaryň öňünde däl, eýsem başgalaryň ýanynda-da ynamdan gaçjagyňyz anyk.

Ata-enäniň bir-birine görä ýokary ahlak gatnaşygyny gören, bilen çaga geljekde maşgala guranda hem öz durmuş ýoldaşy bilen şeýle ýaşamagy arzuw edýär.

**Durmuş ylmynda ene gyz üçin, ata bolsa ogul üçin mugallym, terbiýeçi hasaplanýar.**

Maşgalalarymyzyň bereketi köp zada bagly. Şol sanda, maşgalada zähmet bölünişigi adalatly ýola goýulmagy ony abat edýär. Munuň üçin bolsa hojalyk işleri maşgala agzalaryň arasynda akylly

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 54-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





paýlanmaly. Maşgala başlyklary bu işleri diňe özleri ýerine ýetirseler, çagalar işýakmaz, ýalta, ulumsy bolup ösýär, ata-enäni gadyrlamagy unudýar.

Käbir ata-eneler tabşyrylan işi sözsüz, wyždan bilen ýerine ýetirýän çagasyna maşgalanyň köp ýumşuny ýükleýär. Ýalta, buýrulan işi eliň ujunda, «menden gidýänçä, eýesine ýetýänçä» edip ýerine ýetirýän perzentler bolsa çetde galsa, bu hem adalatdan däl. Ýa-da ata-ene, şu ogluma ýa-da gyzyma buýranymdan görä özüm edenim makul diýip, perzent ýerine ýetirmeli bolan ýumuşlary hem öz üstüne alýar. Netijede, şeýle perzentler ýalta, kynçylyklara dözmeýän, agyryň üstünden, ýeňiliň astyndan ýöreýän bolup ösýärler. Şonuň netijesinde bolsa durmuşda dürli nähoşluklar gelip çykýar.

Biz bu meselä aýratyn üns berýänligimiziň sebäbi-de şunda, ýagny siz hem – isle ogul, isle gyz boluň – şol bir prosese gönüden-göni gatnaşyjy hasaplanýarsyňyz. Ýagny siz maşgalanyň bir agzasy hökmünde onuň durmuşyna nähilidir derejede täsir edýärsiňiz. Käte aramyzda şeýle ýetginjekler duşýar, olar maşgaladakylaryň göwnüni götermegiň, agyryny ýeňletmegiň ýerine, dürli maýda geplere gatyşýarlar, manysyz ynjyklyk edip, maşgala gurşawyny beter bulaşdyrýarlar. Bu diňe şol ýaşlaryň içki äleminiň, terbiýesiniň nähili derejede garypdygyny subut edýär.

Zähmet bölünişigi dogry ýola goýlan, ynsany gatnaşyklar ileri tutulýan maşgalalarda bolsa ata-ene, perzentleriň, gelinleriň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

arasynda özara hormat-yzzat bolýar. Olar birek-biregiň zähmetini, şahsyny gadyrlaýarlar, asuda, medeniýetli durmuş geçirýärler. Şu meseleler dogry we netijeli çözmegiň kanuny esaslary bolsa Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda kesgitlenendir.

**Esasy kanunymyzyň 64-nji maddasynda «Ata-eneler öz perzentlerini kämillik ýaşyna ýetýänçe bakmaga we terbiýelemäge mejburdyrlar» diýlen bolsa, 66-njy maddasynda «Kämillik ýaşyna ýeten, zähmete ýaramly perzentler öz ata-eneleri hakynda gamhorlyk etmäge mejburdyrlar»[1] diýilýär.**

Galyberse-de, maşgalanyň har bir agzasy onuň abadançylygy üçin çalyşmalydyr. Çünki bu mesgendäki rahatlyk, göwnüň doklugy onuň abadançylygynyň hasabyna gazanylýar. Şu ýerde bir zadyň tapawudyna üns bermeli. Iň esasysy, käbir adamlar maşgala abadançylygy diýende diňe maddy baýlyk toplamagy – her dürli halylary, mebelleri, awtomaşynlary, sansyz-sajaksyz gymmatbaha gap-gaçlary we şoňa meňzeş enjamlary öýe daşamaga düşünýärler, mümkingadar olaryň sanyny köpeltmek bilen başagaý bolýarlar.

**Hakykatda, zat adamy däl, adam zady bezemeli, adam zada däl, zat adama hyzmat etmelidir.**

Şu sebäpli-de maşgalanyň abadançylygyny üpjün etmekde-de belli bir normalary bilmek, durmuşy ýeňilleşdirýän iň zerur zatlar bilen kanatlanyp, şu babatda-da men-menlik köçesine girmezlik möhümdir.

Maşgala ýumuşlaryna sarplanýan pul päk ýol bilen, halal zähmetiň hasabyna tapylmalydyr. Ýurtbaşymyz «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda şu meselä aýratyn ünsi çekýär:

**«Eger-de üns bersek, dilimizde halallyk we hapalyk baradaky göreldeli pähimler bilen birlikde, «Ýoluny tapypdyrmy, gandyny iýsin», «Üzümini iý-de, bagyny soraşdyrma» diýen nakyllaryň hem barlygyndan göz ýumup bol-**

[1] *Garaň:* O‘zbekiston Respublikasining Konstitutsiyasi. –D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2014-nji ýyl, 21–22-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**maýar. Elbetde, şeýle nakyl-matallar ýöne ýerden peýda bolmandyr, olar hem belli bir hakykatyň aňlatmasy. Diýmek, biz durmuşyň mazmunyna şeýle düşünip, şu esasda ýaşama-ga ymtylýan adamlaryň hem bardygyny inkär edip bilmeris.**

**Ýöne, meniň nazarymda, şeýle gepler adamyň baýlyk we mal-dünýäni nähili ýollar bilen tapýandygyna biparh we biperwaý garaýan, nebisjeň şahslar tarapyndan dokalyp çykarylan ýaly duýulýar»[1].**

Hakykatdan hem, ogurlyk, parahorluk, aldawçylyk, ýalançylyk, kezzaplyk bilen toplanan baýlyk haram hasaplanýar. Maşgala girip gelýän her bir köpügiň halal bolmagy bu maşgala agzalarynyň dilini dogry, başyny belent edýär, hiç kimiň öňünde gyjalata galmajakdygyna, dili gysga bolup galmazlygyna girew bolýar. Halal bilen haramy saýgarmagy bolsa aňymyza ýaşlykdan siňdirip barmalydyrys. Sebäbi, bu iki düşünjäniň tapawudyna düşünmezlik, halal bilen haramy gatyşdyrmak, iň ýamany bolsa – harama öwrenişmek adamyň başyna juda uly peläketleri, bolgusyzlyklary getirýär. Haramdan hazar etmeýän kimseden islendik ýamanlyga garaşybermeli. Oňa öwrenen adam ahyrky netijede Watany, ilýurdy satmakdan hem gaýtmaýar.

Elbetde, bu dünýäde dok we abadan ýaşamagy islemeýän adam çagasyny tapmak gaty kyn. Adam öz öňüne goýan bu maksada ýetmegiň dürli ýollaryny oýlap tapmagy-da tebigydyr. Hemme gep ynha şu ýoluň nähili derejede dogry, päk bolmagynda. Gynansak-da, käbir adamlar, Ýurtbaşymyzyň sözleri bilen aýdanda, nebisjeň kimseler, maddy ýa-da nebis bilen bagly başga bähbitlerini kanagatlandyrmak ugrunda hiç zady nazar-pisint etmezligi endik edinýärler. Şeýle adamlar üçin töweregindäkilerden seresaplylyk duýgusy, başgalardan utanmak we çekinmek adaty, wyždan we iman diýilýän ýokary duýgular göýä ýat ýaly. Olaryň nazarynda göýä bu düşünjeler diňe kitaplarda bolýan ýaly ýa-da bu gün könelişen ýaly. Durmuşa şu nukdaý nazardan garamaga öwrenen şol adamlar hem bir wagtlar siz we ýaşytdaş-

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 21–22-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

laryňyz ýaly arassa çaga bolupdyr, haýsydyr bir maşgalada önüp-ösüpdir. Diýmek, şol wagtda – entek çaganyň aňy we kalby edil ap-ak kagyz ýaly arassa bolan döwründe oňa halallyk, dogruçyllyk, adalat, ynsap, wyždanlylyk, uýat, parasatlylyk, haýa ýaly gowy duýgular we düşünjeler däl, hut olary ýumurýan erbet endikler köpräk nagyşlanypdyr. Munda, ilki bilen, maşgala ulularynyň biperwaýlygy, pes düşünjeliligi, ünssüzligi ýa-da şol ulularyň häsiýetini gurşap alan terbiýesizlik nogsany uly rol oýnaýar. Galyberse-de, şeýle hapa gurşawa öwrenişen, ony düzetmäge hem-de arassalamaga özünde güýç we bilim tapyp bilmeýän perzentleri-de hiç aklap bolmaýar.

Ýurtbaşymyz ruhy sagdyn maşgala gurşawynda terbiýelenen perzentlerimizi il-ýurduň umyt-ynamy, söýenýän dagy hasaplaýar:

**«Bagt diňe bir baýlyk, mal-mülk bilen kesgitlenmeýär. Edepli, bilimli we akylly, zähmetsöýer, imanygtykatly perzent diňe bir ata-enäniň däl, eýsem bütin jemgyýetiň iň uly baýlygydyr»[1].**

Diýmek, şahsyň geljegi maşgaladaky gurşawa, ondaky terbiýä, terbiýeçi hasaplanýan ata-enäniň öz borçlaryna we wezipelerine nähili gatnaşykda bolmagyna berk baglydyr. Maşgaladaky her bir adamyň öz borçlaryna we wezipelerine jogapkärlik bilen çemeleşmegi ilki bilen maşgalanyň pugtalygyny, ahyrky netijede bolsa jemgyýetiň abadançylygyny gazanmagyň möhüm faktorydyr.

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Maşgalanyň ruhy klimaty diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Maşgalanyň mertebesini, onuň at-abraýyny saklamak maşgala agzalaryndan nämeleri talap edýär?
3. Maşgala gurşawynyň sagdynlygy nämelere we kimlere bagly?
4. Öz maşgalaňyzyň parahatlygyny we agzybirligini üpjün etmäge siz hem, öz goşandymy goşaryn, diýip bilersiňizmi?
5. «Üzümini iýň-de, bagyny soramaň» diýen nakylyň erbet maksatmanysyny düşündirmäge synanyşyň.
6. «Bir çaga ýedi mähelle hem ata, hem ene» diýen jümläniň manysyny düşündirip beriň.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 56-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MILLI GYMMATLYKLAR MESGENI

Eziz okuwçy, siz radio we telewideniýede, gazet we žurnallarda käbir jümleleriň ýygy-ýygydan gaýtalanýandygyny gowy bilýärsiňiz. Ol hem bolsa ykdysady, sosial, syýasy durmuşyň ugurlaryny ösdürmek bilen baglanyşykly «jahan ülňülerine laýyk», «dünýä standartlarynyň talabyndan gelip çykyp» ýaly jümlelerdir. Hakykatdan hem, eger gürrüň häzirki zaman önümçilik gurallary, ýokary hilli önümleri taýýarlamak, döwlet dolandyryşyny demokratlaşdyrmak ýaly biziň üçin täze düşünjeler we talaplar barada edilse, şu jümleleri ulanmak gaty ýerliklidir. Çünki respublikamyzy durmuş-ykdysady, syýasy, tehniki-tehnologik taýdan dünýäniň ösen ýurtlaryndan galmaýan kuwwatly döwlete öwürmek şol bir ugurlardaky öňdebaryjy usullary ulanmagy talap edýär. Başgaça aýdanda, entek dünýäniň ösen döwletlerinden şu ugurlarda öwrenmeli bolan tejribeler ep-eslidir.

Indi başga bir meseläni bilelikde oýlap göreliň. Ýogsam, ýokarda getirilen jümleleri «mähelle» diýen düşünjä, şu düşünje özünde jemleýän ugra-da ulanmak bolýarmy? Dünýäniň haýsyda bolsa bir ýurdunda mähelläniň nähilidir nusgasy barmy?

**Prezidentimiziň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» eserinde mähelle babatda «halkymyza mahsus özüni özi dolandyryş ulgamynyň seýrek usuly» diýen kesgitleme ulanylýar.**

Bu näme diýildigi? Bu sözler şuny aňladýar, ýagny mähelle ulgamy hut biziň halkymyzyň durmuş ýörelgeleri bilen aýrylmaz bagly sosial hadysa bolup, başga hiç bir ýurtda diýen ýaly onuň meňzeşini tapyp bolmaýar. Ýagny onuň «ülňüsi» hem, «standarty» hem diňe Özbegistan diýarynda bar bolup, garaşsyzlyk sebäpli bütin dünýä şu ulgama uly gyzyklanma bilen garaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Ýogsam, näme üçin biz «garaşsyzlyk sebäpli» diýen jümläni aýratyn nygtaýarys? Sebäbi, öňki sowet döwründe-de mähelle diýen düşünje, «mähelle komiteti» diýen edara amal eden bolsa-da, onuň ýagdaýyny we ähmiýetini döwlet hem-de onuň dolandyryjylary nazar salmaýardy. Şol wagtdaky mähelläniň ýagdaýyny garaşsyzlyk ýyllarynda ikinji ömrüni başlan şu günki mähelläniň abraýyna umuman deňeşdirip bolmaýar.

**Belläp geçişimiz ýaly, sowet hökümeti özbegiň mähellesini düýbünden ýok edip bilmedik bolsa-da, onuň işiniň gerimini, täsir güýjüni ýiti çäklendiripdi.**

Bu edaralar nazardan düşürlip, gelşiksiz, çola ýerdäki ymaratlara ýerleşdirilýärdi. Mähelle edarasynyň edýän esasy işi adamlara şu çäkde ýaşaýandygyny tassyklaýan bir parça maglumatnama bermek ýaly ujypsyz ýumuşlar hasaplanýardy. («Sprawka» diýilýän şu resminama hem ene dilimizde ýazylmagy mümkin däldi!) Bu edara bilen başga hiç bir meselede hiç kim maslahatlaşylmaýardy, döwleti we jemgyýeti dolandyryş işlerine bolsa umuman gatyşdyrylmaýardy.

Hakykatdan hem, halkymyzyň köne we baý taryhyna nazar taşlasak, Ýurtbaşymyzyň aşakdaky sözleriniň nähili esaslydygyna köp gezek şaýat bolýarys:

**«Özbek mähelleleri ozaldan hakyky milli gymmatlyklar mesgeni bolup gelipdir. Özara mähir-şepagat, agzybirlik we asudalyk, zerur, kömege mätäç adamlaryň halyndan habar almak, ýetim-ýesirleriň başyny sypalaýan, toý-tomaşalary, ýowarlary we märekeleri köpçülik bilen maslahatlaşyp geçirmek, gowy günde-de, ýaman günde-de bile**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**bolmak ýaly halkymyza mahsus urp-adatlar we däpler ilki bilen mähelle gurşawynda şekillenipdir we ösüpdir»[1].**

Garaşsyzlyk ýyllarynda mähelläniň bu öňden gelýän aýratynlyklarynyň hataryna ençeme täze we jogapkärli wezipeler gelip goşuldy. Sebäbi, mähelläniň hukuk we ygtyýarlyk çägi duýarly derejede giňeldildi. Ol özüni özi dolandyryşyň örän halkçyl, tebigy ulgamy hökmünde jemgyýetçilik durmuşyny guramaga barha işeňňir gatnaşýar. Onuň bu gatnaşygy-da kanuny, hukuk esasyna eýe boldy.

**«Döwletliligimiziň taryhynda ilkinji gezek «mähelle» düşünjesi Konstitusiýamyza girizilip, onuň jemgyýeti dolandyrmakdaky orny we derejesi berk kesgitlenildi»[2].**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 105-nji maddasynda: «Şäherçelerde, obalarda we owullarda, şonuň ýalyda olaryň düzümindäki mähellelerde hem-de şäherlerdäki mähellelerde raýatlaryň ýygnaklary özüni özi dolandyryş organlary bolup, olar iki ýarym ýyl möhlete başlygy (aksakgaly) we onuň maslahatçylaryny saýlaýar.

Özüni özi dolandyryş organlaryny saýlamagyň düzgüni, işini guramak hem-de ygtyýarlyklary kanun bilen kesgitlenýär», – diýen norma berkidilen. Bu hukuk derejesi mähelle ulgamyna jemgyýetimiziň durmuşyny dolandyrmakda özüniň mynasyp ornuny tapmaga giň mümkinçilik berdi.

Ilki bilen, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 12-nji sentýabryndaky permanyna görä, ýurdumyzda «Mähelle» haýyr-ygsan gaznasy döredildi. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 1992-nji ýylyň 17-nji oktýabryndaky «Respublikan «Mähelle» haýyr-ygsan gaznasynyň işini guramak meseleleri barada»ky karary, Aly Mejlisiň 1993-nji ýylyň 2-nji sentýabryndaky we 1999-njy ýylyň 14-nji aprelindäki sessiýasynda kabul edilen «Raýatlaryň özüni özi dolandyryş organlary

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 58–59-nji sahypalar.
[2] Şol eser, 59-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

barada»ky Kanunyň täze redaksiýasy mähelläniň Konstitusiýada kesgitlenen derejesini has-da pugtalandyrýan hukuk esaslary boldy.

**Ýurtbaşymyzyň 2010-njy ýylyň 12-nji noýabrynda öňe «Ýurdumyzda demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak we raýatlyk jemgyýetini ösdürmek konsepsiýasy» esasynda 2013-nji ýyl 22-nji aprelinde täze redaksiýasy kabul edilen «Raýatlaryň özüni özi dolandyryş organlary baradaky» hem-de «Raýatlar ýygnagynyň başlygy (aksakgaly) we onuň maslahatçylary saýlawy baradaky» kanunlar bolsa Özbegistanyň «Mähelle» haýyr-ygsan jemgyýetçilik fondunyň işini täze basgançaga galdyrmakda möhüm faktor boldy.**



Öz işini ynha şeýle kanuny esasda alyp barýan şu günki mähelläniň raýatlaryň ýygnaklary ýerleşýän gelşikli binalara, olaryň daş-töweregi abadanlaşdyrylyp, milisiýa daýanç punktlary, çagalar sport meýdançalaryna bir nazar taşlaň. Bu gün mähellede geçirilýän ähli uly-kiçi çäreler mähelläniň aksakgallary, maslahatçylary bilen bilelikde, özara kömek esasynda guralýar. Mähelläniň çägini abadanlaşdyrmak, köçelerini tekizlemek, asfalt düşemek, yşyklandyrmak, aryklary arassalamak, öýleri, daragtlary, gülleri we gyrymsylary tertipleşdirmek ýaly ähli işleriň üstünda şu janypkeş ynsanlar baş bolýarlar. Şol bir çäkde ýaşaýan her bir raýat – işleýän ýerine, wezipesine, ýaşyna, milletine we dinine seretmezden – şu mesgeni özüniň kiçi Watany, ähli şatlykdyr guwançlaryna şaýat eziz mesgen hökmünde gadyrlaýar, gorap saklaýar. Indi göz öňüne getiriň, eziz okuwçy, eger bütin ýurdumyzdaky ähli mähellelerde ynha şeýle ejanaýamazlykly zähmet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çekilse, her bir mähelläniň çägi abat edilse, Watanymyz nähili gözelleşýär, nähili terlige eýe bolýar. Iň esasysy, eger ähli mähellelerde, onuň düzümindäki maşgalalarda parahatlyk-asudalyk höküm sürse, adamlaryň arasynda özara mähir-şepagat, mähirlilik duýgulary ileri tutulsa, bu diýaryň bagtdyr ykbaly gör, nähili açylar.

Şu sebäpli-de Prezidentimiz mähellelerdäki ruhy gurşawyň sagdynlygy ýurduň durmuşynda nähili möhüm rol oýnaýandygyny şeýle nygtaýar:

**«Biz her bir maşgaladaky, bütin il-ýurdumyzdaky ruhy klimata we ýagdaýa akyl ýetirmekçi bolsak, şu babatdaky hakyky görnüşiň aýdyň beýanyny ilki bilen mähelle durmuşynda edil aýnada gören ýaly aýdyň görmek mümkinçiligine eýe bolýarys»[1].**

Hakykatdan hem, biziň üçin maşgalamyz göz açyp gören dergäh bolsa, mähellämiz mukaddes Watanymyzyň içindäki kiçi watandyr. Belläp geçişimiz ýaly, mähelle maşgalalardan düzülýär. Perzentler maşgalanyň gujagynda kemala gelşi ýaly maşgala-da mähelläniň gözüniň öňünde döreýär, onuň içinde gülläp ösýär. Şu sebäpli-de mähelle maşgalanyň iň ýakyn maslahatçysydyr.



Şadyýançylyk günleri-de, başga iş düşen putsatlarda-da birek-birege dertdeş we egindeş bolmak mähelledeşleriň gadymdan gelýän ölmez-ýitmez aýratynlygydyr. Sebäbi, özbek mähellesi şeýle bir dergäh bolup, onda adamlar bir-biri bilen dogan-jigi, aga-ini, guda, dost-dogan bolup ýaşaýar. Adamlar özara begenç we gamlara şärik, perzent terbiýesinde jogapkär, üstünlikler hem, kemçilikler hem mähelledäkileri birmeňzeş gyzyklandyr-

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 60-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýar. Mähelle ynha şeýle milli aýratynlyklarymyzy, urp-adatlarymyzy, ahlak-ruhy gymmatlyklarymyzy nesilden nesle sag-aman ýetirýän mukaddes mesgen bolup gelýär.

Soňky ýyllarda mähellelerimiz kem üpjün edilen, köp çagaly maşgalalary, ýalňyz galan garrylary, maýyplary, ýetim-ýesirleri, ekleýjisini ýitiren maşgalalary durmuş taýdan goramagyň esasy güýjüne öwrüldi. Bu maksatlar üçin döwlet býujetinden goýberilýän örän uly serişdäniň mähelläniň ygtyýaryna berilmegi, onuň adalatly paýlanmagy barasynda mähellä ynam bildirilmegide onuň abraýyny we jogapkärligini has-da artdyrýar. Onuň ornunyň we abraýynyň ýokarlanmagynda 2003-nji ýylyň ýurdumyzda «Abat mähelle ýyly» diýlip yglan edilmegi aýratyn möhüm rol oýnady. Her ýyl Nowruz we Garaşsyzlyk baýramlarynyň öňýanynda guralýan umumyhalk ýowaryndan düşýän milliardlarça serişdeler hem Özbegistanyň «Mähelle» gaznasyna, onuň welaýat we tümen bölümleriniň hasabyna geçirlip, bu serişdeler kem üpjün edilen, ilatyň durmuş taýdan goraga mätäç gatlaklaryna, «Mähribanlyk», «Muruwwet» we «Sahawat» öýlerine iberilýär.




Şonuň ýaly-da, maşgaladaky ruhy-ahlak gurşawy sagdynlaşdyrmak, medeni durmuş derejesini ýokarlandyrmak, kämil nesli şekillendirmek maksadynda respublikamyzdaky ähli mähelle aksakgallarynyň dini aň-bilim we ruhy-ahlak meseleler boýunça maslahatçylary wezipeleri girizildi.

**Bu diýildigi baryp on müň sany ýokary bilimli, durmuş tejribesi baý doganlarymyz we enelerimiz maşgalalara aň-bilim nuruny, ýokary ruhy gymmatlyklary yzygider ýagdaýda alyp girmek mümkinçiligine eýe boldy, diýildigidir.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şu günki günde mähelläniň raýatlar ýygnaklarynyň ýanyndaky ygtyýarly geňeşleriň ýolbaşçylygynda onuň çäginde jemgyýetçilik düzgünlerini saklamak, ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda kanun bozmanyň öňüni almak, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklaryny goramak, ýaşlary harby gulluga beden we ruhy taýdandan taýýarlamak wezipeleri üstünlikli çözülýär.

Mähellede toýlar, baýramlar, matam märekelerini geçirmek bilen baglanyşykly guramaçylyk işlerini amala aşyrmak, olary zaýaçylyksyz, artykmaç harajatlarsyz ykjam geçir-mek, elbetde, mähelle aksakgalynyň we mähelle işeňňirlerine bagly. Galyberse-de, mähellede geçirilýän her bir dabara ýa-da märeke üçin mähelledäkileriň uly-kiçisi birmeňzeş jogapkärdir. Şeýle çärelerde sosial ýagdaýyna seretmezden, her bir raýata birmeňzeş hormat berjaý edilýär.



**Çünki mähelle kimiň nirede işleýändigine, näçe pul tapýandygyna garap däl, eýsem kimiň nähili adamdygyna, ýaşaýan ýerine nähili kömek berip, onuň abraýyna näme goşandygy bilen hasaplaýarlar, şoňa görä adama baha berýär.**

Mähelle ýaşlary kesp-hünäre ugrukdyryjy, işsizleri zähmet bilen üpjün edýän mesgen hemdir. Her bir maşgalanyň öz kesp dinastiýasy bolşy ýaly, mähelläniň hem uzak taryha eýe kesp-hünär dinastiýalary bar. Öňki sapaklarda nygtaýşymyz ýaly, käbir mähelleleriň ady hem belli bir hünäriň atlaryna laýyklykda şekillenipdir. Meselem, zerdozlar mähellesi, ädikçiler mähellesi, agaç ussalary ýa-da demirçiler mähellesi we başgalar. Şu günki mähellelerimizde olaryň mümkinçiliginden we çäk taýdan şertle-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rinden gelip çykyp zerdozlyk, ädikçilik, tahýaçylyk, agaç ussaçylygy, demirçilik, bişikçilik, gençkärlik, sandykçylyk, dellekçilik, dokmaçylyk, göncülik we başga kesp-hünär görnüşleri boýunça kiçi kärhanalar, ussahanalar döredilendir. Şeýle kärhanalaryň açylmagyndan, ilki bilen, mähelledäkiler bähbitlidir – olaryň belli bir bölegi iş bilen üpjün edilýär. Ýaşlar kesp-hünär eýeläp, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelenmegi netijesinde olaryň boş wagty önümli geçýär, dürli erbet hereketleriň (jenaýatçylyk, pýançylyk, ahlaksyzlyk, neşekeşliklik we başgalar) öňi alynýar. Galybersede, mähelläniň ykdysady durnuklylygy üpjün edilýär. Alnan girdejiniň hasabyna mähelledäki kem üpjün edilen adamlar durmuş taýdan goralýar, dürli gurluşyklary amala aşyryp, mähelle has-da abadanlaşýar.

Mähelledeşleriň her bir ýaşyň takdyryna jogapkärligi, olar üçin aladalanmagy, özüni alyp barşyna gözegçilik etmegi kämil şahsy terbiýeläp ýetişdirmegiň faktory hasaplanýar.

**Gylyk-häsiýeti owadan, her taraplaýyn göreldeli perzent mähelläniň abraýy, diýenetmezek, ahlak taýdan bozuk çagalar bolsa mähelläniň mertebesi üçin gara hasaplanýar.**

Mähelleden ýurda, dünýä görnükli adamlar ýetişip çyksa, bütin mähelle guwanýar, başyny belent galdyrýar. We tersine, «pylan mähellede ynha şeýle gelşiksiz iş bolupdyr» diýen sözler hemmäniň başyny aşak edýär, göwnüne agyr düşýär. Şu sebäplide mähelle tertip-düzgünlerine hemmeleriň amala etmegi hökman hasaplanýar. Kimde-kim şolary berjaý etmese, ol mähellede geçirilýän çärelere, toý-märekelere teklip hem edilmeýär. Eger menmenlik edip goňşularyny, mähelledäkileriň däplerini äsgermese ýa-da başgalara pisintsizlik bilen gatnaşykda bolsa, şeýle kimse mähelleden kowulýar.

Mähelle, nygtalyşy ýaly, maşgalanyň parahat-asudalygyny, jebisliligini pugtalandyrýan ýer. Maşgalada käbir ujypsyz zat sebäpli jenjel çykmagy we bu hakda är ýa-da aýal mähelläniň raýatlar ýygnagyna ýüzlenmegi mümkin, bu tebigydyr. Şeýle



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýagdaýda mähelläniň ýaşulylary agraslyk bilen, çuňňur pikir ýöredip, olary mümkingadar ylalaşdyrjak bolýarlar. Şeýdip öýdäki jenjeliň hemmä aýan bolmagynyň, soňky gyjalatyň öňi alynýar.

**! Iň möhümi bolsa – perzentlere mukaddes ojak bolan maşgala saklanyp galynýar.**



Ýurdumyzdaky ençeme mähelleleriň ýaşlary parahat, asuda, özara hormat bilen peýdaly söhbetini görüp, kalbyň guwançdan dolýar. Şeýle agzybirlik we medeniýetlilik mähelläniň işeňňirleriniň ruhy-ahlak terbiýesiniň netijesi, şu mähelläniň görki we zynatydyr.

Tersine, käbir mähellelerde ýaşlaryň toplanyşyp, çilim çekip, bu ýetmedik ýaly, agyzlaryndan gelşiksiz sözler çykarýandygyny görüp-eşidip, ökünýäris. Käbir mähelle agzalary olary görmedik, eşitmedik ýaly bolup geçip gidiberýärler. Hakykatda, bu gün azarsyz ýaly duýulýan bu ýagdaý ertir bolmasa birigün elhenç netijelere getirjekdigi anyk. Şonuň üçin hem şulary aýratyn nygtaýarys, mähelläniň bir agzasy hökmünde siz hem özüňizi alyp barşyňyza, edep-ahlagyňyza ser salyp, ony başgalara görelde derejede kämilleşdirmegiňiz talap edilýär. Çünki häzir mähelle esasy ünsi tälim-terbiýe işlerine, ýaş nesliň kämilligine gönükdirýär. Şu babatda onuň mekdep bilen pugta aragatnaşygy ýola goýulýar. Toplanan tejribe mekdep – mähelle – mekdep aragatnaşygynyň nähili möhümdigini görkezýär.

Eziz okuwçy, siz halkymyzyň mähelle ýaly gadyrdan mesgeniniň abraýyny gaçyrmak üçin käbir daşary ýurt guramalary galp pikirleri ýaýradýandyklaryndan hem habarly bolmalysyňyz. Sebäbi, milli ruhyýetimize we aňyýetmize nähili zor salmalar edilýändigi,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

biziň özlügimizden aýyrmak ugrunda kimleriň nähili hereket edýänliginden ägä bolmaly ýaşyna bireýýäm ýetdiňiz. Mähelle ýaly gadymy sosial institutymyzyň düýp manysyny bozup görkezýän şeýle guramalaryň hereketine garşy hünärmenlerimiz esasly jogap berýärler. Aşakda şeýle makalalaryň birinden bölek okaýarys:

«Özüni adam hukuklarynyň halys goragçysy diýip tanyşdyrýan daşary ýurt guramalaryndan käbirleriniň «Mähelle döwletiň zor salýan edarasyna öwrülip barýar» diýen sözlerine garaň. Nämemişin, är-aýalyň arasynda düşünişmezlik, jenjelli meseleler ýüze çykanda, olaryň suda däl, mähellä ýüzlenmegi «adam hukuklarynyň bozulyşy» eken.

Şu dawa mynasybetli bir pikir ýöretmäniň üstünde durup geçeliň... Haýsydyr bir Günbatar döwleti bir jynsly nikalara giň ýol açmagy makul bilýän bolsa, başga bir «medeniýetli millet» wekilleri bolsa demokratiýany dükana ýap-ýalaňaç kürsäp girip, eline ilen zadyny alyp gidip, pes nebsini kanagatlandyrmakdan ybarat diýip düşünýän bolsa, biz olaryň bu işine gatyşmaýanlygymyz biziň hut şol babatda umuman pikire eýe dälligimizi aňlatmaýar ahyryn. Günaşa gaýtalanyp durýan şeýle ýagdaýlar barasynda başga biri biziň pikirimizi soranok ahyryn. Näme üçin indi ynsanperwerlik ruhy gaýnap duran öz milli gymmatlyklarymyzy täzeden dikeltmek ugrunda edýän hereketlerimiz başgalaryň ukusyny gaçyrmalymyşyn?

...Biziň halkymyzda kalp gözi bilen görülýän, milletiň ruhyýetine siňip, onda müň ýyllyk tejribeler esasynda gutarnykly timarlanan, ýazylmadyk durmuş düzgünleri hem bar. Oňa görä, maşgaladaky düşünişmezlikler derrew ile ýaýylmaýar, är aýalyň, aýal bolsa äriň üstünden gizlin arza ýazyp köçä howlukmaýar. Şu maşgala agzalarynyň ikisi-de mähelläniň gözüniň öňünde kemala gelen, olaryň gylyk-häsiýetinden hut şu mähelledäkiler hemmeden görä gowy habarly bolmak bilen, iň möhümi bolsa, olaryň mukaddes nikasyna şu adamlar şaýat bolandyklary üçin, peýda bolýan jenjeliň öňüni almaga mähelläniň kömegi dogrurak we netijeliräk boljagy tebigydyr»[1].

---

[1] «Xalq so‘zi» gazetiniň 2003-nji ýyl 16-njy dekabr sany.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Görşüňiz ýaly, bu günki dünýäde milli-ruhy gymmatlyklarymyz bilen, umuman, baý ruhyýetimize buýsanmagyň, guwammagyň özi ýeterli däl. Eýsem ony aýawlap, döwrebap ösdürmek, giň köpçüligiň arasynda wagyz etmek, dürli ýat garaýyşlardan goramak hem siziň bilen biziň perzentlik borjumyzdyr.**

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Özbek mähellesi ýaly özüni özi dolandyryş ulgamynyň başga ýerlerde duşmaýar diýen ýalydygynyň sebäbi nämede, diýip oýlaýarsyňyz?
2. Sowet döwründe mähellä üns berilmedi diýen ýalydygynyň, onuň abraýdan gaçyrylmagynyň asyl sebäbi nämede?
3. Garaşsyzlyk ýyllarynda mähelläniň hukuk taýdan dikeltmek, pugtalandyrmak boýunça nähili işler amala aşyryldy?
4. Ýurtbaşymyzyň mähellä görä «halkymyza mahsus özüni özi dolandyryş ulgamynyň seýrek usuly» diýip beren kesgitlemesi nähili taryhy mana eýe?
5. Mähelläniň adamlaryna goşulyp bilmeýän, onuň guwanç-aladalaryna biperwaý adam başga ýerde özi hakynda gowy täsir galdyrmagy mümkinmi?
6. Häzire çenli öz mähelläme az bolsa-da abraý getirdim ýa-da onuň abatlygyna öz ülşümi goşdum, diýip bilersiňizmi?
7. Her bir mähellede bolşy ýaly siz ýaşaýan ýerde-de mähelläniň ähli ýumşuna hemişe taýýar bir adam bar. Şu adamyň özüni alyp barşy, tebigaty barada synpdaşlaryňyza aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BARLAG IŞI

*Ýumuş:* **«Maşgalam we mähelläm – kiçi Watanym»** temasynda referat taýýarlaň.

Ony ýazanda aşakdaky meseleler boýunça özbaşdak pikir ýöretmäge çalyşyň:

– «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda şu meseleler boýunça Ýurtbaşymyzyň bildiren pikirleri (eseriň 52–60-njy sahypalary);

– perzent terbiýesinde maşgala gurşawynyň aýgytlaýjy ähmiýete eýedigi;

– maşgaladaky ruhy klimatyň arassalygyny, sagdynlygyny üpjün edýän faktorlar – özara hormat, mähir-muruwwet, mähir-şepagat we b.;

– maşgalada ene gyz üçin, ata bolsa ogul üçin mugallym, terbiýeçidigi, olaryň hormatyny berjaý etmek bolsa perzentleriň borjy hasaplanýandygy;

– sowetler döwründe maşgala, mähelle meselelerine bolan ünssüzlik, onuň erbet netijeleri;

– garaşsyzlyk sebäpli kaddyny diklän mähelle institutynyň şu günki işi, onuň hukuklary, wezipeleri, jogapkärligi;

– mähelle – milli gymmatlyklary, urp-adatlary, ýokary ruhyýeti nesilden nesle sag-aman ýetirýän mesgen hökmünde;

– ýaşlaryň ahlagynyň, edebiniň, dünýägaraýşynyň sagdyn şekillenmeginde mähelle gurşawynyň görkezýän täsiri;

– maşgalanyň we mähelläniň özara aýrylmaz barlylygy, olaryň bir-birini doldurýan aýratynlygy;

– maşgalanyň mertebesini, mähelläniň abraýyny il arasynda ýokarlandyrmak maşgalanyň we mähelläniň her bir agzasynyň, wekiliniň şöhratly borjudygy we başga meseleler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TÄLIM WE TERBIÝÄNIŇ SAZLAŞYKLYLYGY

Magaryfperwer babamyz Mahmythoja Behbudi mundan baryp ýüz ýyl öň – 1914-nji ýylda «Aýna» žurnaly arkaly «Hormatly ýaşlara ýüzlenme» yglan edip, onda, şol sanda, şeýle diýipdi: «Hormatly doganlar! Ähimize güneş ýaly röwşen we aýandyrki, makotib (mekdep – red.) – ösüşiň başlangyjy, medeniýetiň we sagadatyň derwezesidir. Her bir millet ilki bilen, makotibi ibtidoisini (köne mekdebini – red.) döwrebap özgerdip köpeltmeýänçe ösüş ýoluna girip medeniýetden peýdalanyp bilmez. Medeniýeti häziradan (häzirki zaman medeniýetinden – red.) mahrum edip, sanoýe' we maorif salohi ila (sungat we magaryf guraly bilen – red.) ýaraglanmadyk millet bolsa, dünýäde rahat we bagt ýüzüni görüp bilmez», – diýipdi. Onuň döwürdeşi we şägirdi Abdulla Awlany bolsa özüniň «Türki Gülüstan ýa-da ahlak» eserinde:

Bu zamanda pil bilen söweş etmek ärlik däl,
Är şoldurkim tutar ylym-hünäriň ýakasyn.
Bäşläp, onlap som topsalar, ylym bilen agýarlar,
Biz bolup hammal, aladyrys tiýinläp çakasyn.
Başgalar sungat, tijarat bilen össeler,
Bizi il tartar aýakdan alan atyň takasyn –

diýip aladaly ýazypdyr. (Şu setirlerdäki «agýar» – ýowlar, bäsdeşler, «hammal» bolsa ýük daşaýan merdikär, «taka» – atyň naly manysyny aňladýar.)

Eziz okuwçy, ýokardaky taryhy mysallary getirmekden gözlenýän maksadymyzy aňan bolsaňyz gerek. Berekella, indi siz hem gowy bilýärsiňiz, ol ýa-da bu ýurduň häzirki derejesi, geljekdäki takdyry şol ýurtdaky mekdepleriň ýagdaýyna, ol ýerde berilýän bilim we terbiýäniň mazmunyna hem-de hiline berk baglydyr. Sebäbi, bu günüň we ertiriň eýeleri hut şu ylym dergählerinde kemala gelýär, adam bolup şekillenýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurtbaşymyz tälim we terbiýäniň özara pugta baglanyşygyny, olary bir-birinden aýyrmagyň umuman mümkin däldigini aýratyn nygtaýar:

**«Tälimi terbiýeden, terbiýäni bolsa tälimden aýyrýp bolmaýar – bu gündogara mahsus garaýyş, gündogara mahsus bolan durmuş filosofiýasydyr»[1].**

Ýogsam, näme üçin bu garaýşyň we filosofiýanyň köpräk Gündogara mahsusdygy nygtalýar? Esasysy, biz degişli bolan Gündogar halklary mekdebe, umuman tälim edaralaryna çaga diňe tälim berýän, hünär öwredýän mesgen diýip däl, eýsem adam şahsyny terbiýeleýän, her taraplaýyn kämilleşdirýän mübärek dergäh ýaly garapdyr. Çünki akylly, bilimli bolmak adamyň bir zynaty hasaplansa, ynha şu bilimi we akyly ýagşylyk ýolunda ulanmak, iň möhümi – edep-ahlagy, mähir-şepagaty, ynsanylygy durmuş ygtykady diýip hasaplamak adamyň ruhy görki hasaplanýar.

Eger aglaba Günbatar ýurtlarynyň tälim ulgamyna ser salsak, olarda çagany belli bir bilime, ylmyň ugruna ýakyn etmek, şu ugur boýunça barha çuňňurlaşmak meselesine köpräk üns berilýändigine şaýat bolýarys. Olardaky okuwçylar öz mugallymyna halypa, her taraplaýyn görelde nusgasy, hormata we yhlasa laýyk ýolbaşçy hökmünde däl, eýsem ol ýa-da bu ylmyň hünärmeni, şol ylymlar boýunça bilimleri we endikleri ders şeklinde üpjün etmeli bolan käriň eýesi hökmünde gatnaşykda bolýarlar. Dersini geçip bolan mugallym hem çaganyň ahlagy, dünýägaraýşy, ruhy zerurlyklary bilen onçakly gyzyklanmaýar, bu zatlara özüni jogapkär diýip duýmaýar.

**Eýsem şu sebäpli-de, käbir Günbatar ýurtlary tehniki-tehnologik taýdan gaty ilerlän, olardaky durmuş abadançylygy duýarly derejede ýokary bolsa-da, adamlaryň, aýratynam, ýaşlaryň arasynda edep-ahlak bilen bagly gaty köp meseleler döreýär. Atalar bilen çagalaryň arasyndaky ýiti agzalalyklar, özara mähirsizlik, ýaşlaryň içgilere berilmegi, çilimkeşlige, neşekeşlige we dürli başga ahlaksyz gylyklara berilmegi şulara degişlidir.**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 62-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Telewideniýe we Internet ulgamyndan, başga köpçülikleýin habar serişdelerinden bilşimiz ýaly, entek-entegem bu ýurtda ýaş okuwçy ýa-da talyp öz mugallymy ýa-da synpdaşlaryny rehimsizlik bilen atyp taşlaýar, köçede dürli agyr jenaýatlary hiç bir çekinmezden amala aşyrýarlar. Mysal hökmünde bütin dünýä köpçülikleýin habar serişdelerinde yglan edilen aşakdaky habary getirmek mümkin: «Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherindäki mekdepleriň birinde elhenç waka bolup geçýär. Ýaraglanan adam tälim edarasynyň zalyna girip, toplananlara tarap ok atýar. Şol wagtda bu ýerde 40 -dan gowrak okuwçy bardy. Partladyjylyk netijesinde olardan 12 sanysy gurban bolupdyr, ýene otuz sanysy ýaralanypdyr. Polisiýa wekilleriniň aýtmagyna görä, eden nejisliginden soň jenaýatçy özüni öldüripdir. Soňluk bilen şahsy anyklanan bu kimse bir wagtlar şu mekdepde okapdyr...»[1]

**Şular ýaly erbet ýagdaýlaryň aňyrsynda ýaş nesil tälim alýan ylym mesgenlerinde terbiýe meselesine, juwan ynsanyň kalbynda gowy duýgulary döretmek işine ýeterli üns berilmezligi ýaly möhüm meseleler dur, diýip netije çykarmak mümkin.**

Bizde bolsa bu mesele başgaçarak düşünilýär, onuň çözgüdine özgeçeräk çemeleşilýär. Magaryfperwer babamyz Abdurauf Fitrat bu çemeleşmäni aşakdaky ýaly esaslandyrýar: «Nesli terbiýelemek adamzadyň hyzmatydyr. Haçan-da biz gowy ahlagyň eýesi bolan perzentleri terbiýelesek, diňe şonda boýnumyzdaky bu hyzmat borjy aýrylýar. Kimki, ahlaksyz çagalary terbiýelese, adamzada hyzmat däl, eýsem duşmanlyk eden bolýar. Jemgyýet olaryň

[1] «Xalq so‘zi» gazeti, 2011-ýyl 9-njy aprel sany.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



perzentlerinden bizar bolýar. Hoş we gowy ahlaga eýe bolan perzent imanly bolan ata-eneden bolýar, eger-de ata-ene ahlaksyz bolsalar, olaryň terbiýeleriniň saýasynda ösen perzent hem ahlaksyz bolýar»[1].

Halkymyz tarapyndan «Mugallym atańdan uly» diýen hikmet ýöne ýere aýdylmandyr. Çünki çaganyň hakyky ynsan bolup terbiýelenmeginde, ruhy kemçiliksiz şahs bolup aýaga galmagynda mugallym – terbiýeçileriň hyzmaty atanyň hyzmatyndan kem bolmaýar. Mugallymlar ýaşlara diňe bir bilim bermek, olaryň akyly doly, zehini ýiti bolmagy babatda däl, eýsem ösüp kemala gelýän çaganyň gylyk-häsiýeti ynsany keşp bermegi, onuň kalbynda mähir-şepagat, başgalara hormat, özgeleriň begenjine we dertlerine dahyllylyk duýgularynyň kämilleşmegi barada hem aladalanýar. Şu babatda ilki bilen mugallym-terbiýeçilerimiziň özi başgalara görelde bolýar, her bir sözi, hereketi bilen daşynda sagdyn ruhy gurşawy döretmäge synanyşýar.

Ýurtbaşymyz garaşsyzlykdan öň – 1990-njy ýylyň 24-nji martynda, respublikamyzda Prezidentlik wezipesi döredilen güni sözlän taryhy çykyşynda ýaş nesliň ruhy terbiýesi meselesine aýratyn üns berdi:

**«Ýene bir derwaýys wezipe – ösüp gelýän nesle, onuň ruhy terbiýesine örän uly jogapkärlik duýgusy bilen çemeleşmek meselesi. Ýaşlar halkyň ruhyýetiniň – hem önümi, hem gelejegi, ahyryn...**

**Özümiziň ruhy borjumyzy aklamak islesek, olara atalarça gamhorlyk etmelidiris»[2].**

Özbegistanda, köp ugurlarda bolşy ýaly tälim-terbiýe ulgamynda-da öňki sowet döwründe emele gelen gaty erbet ýag-

---

[1] **Abdurauf Fitrat.** Oila. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 1999-nji ýyl, 25-nji sah.

[2] **Islam Karimow**. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2011-nji ýyl, 160-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



daýlaryň garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap soňuna çykmaga girişildi. Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy hem-de 2004–2009-njy ýyllarda Mekdep tälimini ösdür-megiň umumymilli döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde ýurdumyzda umuman täze mazmun-manydaky tälim-terbiýe ulgamy emele geldi. Öňki derslerimizde nygtaýşymyz ýaly, indi çaganyň dokuz ýyllyk umumy tälim prosesinde mälim bolýan ukybyna garap onuň ylym ýa-da hünär ugrundan gitmek mümkinçiligi peýda boldy. Ýurdumyzda gysga möhletiň içinde müňlerçe akademik liseýler, kesp-hünär kolležleri gurlup, ýaşlaryň we olaryň terbiýeçileriniň ygtyýaryna berildi. Ýokary okuw jaýlary, başga ylym-bilim mesgenleri bilim bermegiň, ylmy barlag alyp barmagyň iň öňdebaryjy häzirki zaman enjamlary we usullary bilen üpjün edildi.

Şu babatda amala aşyrylan iň möhüm täzelik, gazanylan iň uly üstünlik, Özbegistanda tälim-terbiýäniň mazmun-manysy düýpgöter täzelenligidir. Şu günki okuwçy-talybyň aňy, akyl-paýhasy indi gatap galan sowet dogmalar, synpy garaýyşlar bilen doldurylmaýar. Ol dünýäniň iň öňde-baryjy pikiri bilen tanyşmak, ony derňemek we öz garaýşyny arkaýyn şekillendirmek mümkinçiligini gazandy. Bu diýildigi – ýaşlarymyzyň pikirlenmesi azat boldy, onuň gözýetimi giňeldi, garaýyşlary çuňňurlaşdy, diýildigidir. Biz bu meselä aýratyn ünsüňizi çekmegimiz ýöne ýerden däl, elbetde. Çünki, Prezidentimiziň birnäçe gezek nygtaýşy ýaly:

**«Pikiriň tabynlygy, pikirlenmäniň baknalygy islendik ykdysady ýa-da syýasy tabynlykdan hem elhençdir»[1].**

Hakykatdan hem, dünýäniň işlerine, daş-töwerekde bolup geçýän hadysalara özbaşdak we eserdeň garap bilmeýän, munuň üçin zerur bilim we tejribä eýe bolmadyk, iň gynandyrýany – her

[1] **Islam Karimow**. Yoshlarimiz – xalqimizning ishonchi va tayanchi. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2006-nji ýyl, 57-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bir waka-hadysa öz halkynyň, ýurdunyň bähbitlerinden gelip çykyp çemeleşmek ýaly möhüm endigi eýelemedik adamy ýowuz niýetli güýçler islän tarapa äkitmegi mümkin. Ondan ýurduny, özüni tanamaýan, Watanyna hyýanat edýän terrorçy-jenaýatçyny ýasamak hem, il-ýurdunyň baýlygyny talap daşary ýurda satýan nebsiniň bendisini terbiýelemek hem mümkin. Ýa-da ata-enesi, halky beren duz-çöregine aýak basýan gadyr bilmezler hem, milletiniň, halkynyň öňden gelýän ruhyýetine, ýokary ahlak garaýyşlaryna umuman ýat bolan, many-mazmunynda ýüzügaralyk, utançsyzlyk, bihaýalyk ýaly nogsanlar gizlin «köpçülikleýin medeniýete» parasatsyzlyk bilen ökünýän bikärler hem hut pikiri tabyn, pikirlenmesi gulluga duçar bolan ýaşlardan ýetişip çykýar.

**!**

**Tersine, adam çagasy haçan-da özbaşdak, erkin we işeňňir pikirlense, onuň kalbynda ýurduna, ata-enesine, maşgalasyna we mähellesine mähir-muhabbet duýgulary doly bolsa, bu adamy aňsatlyga ýeňip hem, haýyr ýoldan azdyryp hem bolmaýar.**

Bu göreldeli ýagdaýa, ýokary akyl we pikirlenme bilen ýokary ruhyýetiň şu doly sazlaşyklylygyny diňe tälim we terbiýäniň utgaşykly alnyp barylmagy, ynsan kämilliginiň iki ugruna-da birmeňzeş uly üns berilmegi arkaly gazanmak mümkin.

## ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Mahmythoja Behbudi we Abdulla Awlanynyň derslikde getirilen pikirleri geçen asyryň 10-njy ýyllarynda nähili möhümdi?
2. Ýurtbaşymyzyň tälim we terbiýäni utgaşykly alnyp barylmalydygy baradaky pikirleri nähili maksatlary gözläp aýdylypdyr?
3. Halkymyzyň «Akyl başga, parasat başga» diýen gepi näme manyny aňladýar? Şoňa meňzeş ýene başga nakyl, matal, hikmetli sözleri bilýärsiňizmi?
4. Adamlaryň arasyndaky özara aragatnaşygy suratlandyrmakda Günbatar we Gündogar, şol sanda, özbek kino döredijileriniň usullarynyň arasynda nähili tapawutlary saýgardyňyz?
5. Tälim we terbiýe almak adamyň bütin ömri dowamynda bes edilmeli däl, diýen pikire nähili düşünýärsiňiz?
6. «Akylly adam» bilen «dana adam» arasyndaky meňzeş we tapawutly taraplary düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## RUHYÝETE WEHIM – ÖZLÜGIMIZE WEHIM

Eziz okuwçy, garaşsyz Özbegistanyň özboluşly ösüş modeli baradaky dersimizden bilşiňiz ýaly, biziň ýurdumyzda ýöne bir bazar gatnaşyklary ileri tutulýan jemgyýet däl, eýsem raýatlarymyzyň haýyrly bähbitlerine, ynsany durmuş talaplaryna jogap berýän jemgyýet gurulýar.

**Başgaça aýdanda, bu jemgyýetde maddy baýlyga kowalaşmak, haýsy ýol bilen bolsa-da nebsiň talaplaryny kanagatlandyrmak ýaly ýabany isleglere däl, adamyň hem maddy, hem ruhy baýlygyny üpjün etmäge esasy üns gönükdirilýär.**

Adamyň edep-ahlagy, mähir-şepagaty, wyždany we parasatlylygy, päkizeligi we halallygy, haýasy we ybasy bazara çykaryp, bazarda satylýan zatlar däl. Halkymyz ne-ne agyr günlerde – uruş we gadagan döwürlerde-de, açlyk we ýokçulyk zamanlarynda-da şu ýokary ruhy düşünjeleri nebsiniň isleglerine gurban eden däldir, adamkärçilik keşbini ýitirmändir.

Özbegistan azat we demokratik ýurt hökmünde gujagyny dünýä giňden açmak bilen, onuň çägine, raýatlarynyň aňyna pikirlenmesine dünýädäki ençeme oňyn täzelikler bilen birlikde, Ýer ýüzüniň ol ýa-da bu künjeginde peýda bolup ýaýraýan köp nogsanlar hem eňip girmäge üznüksiz synanyşýarlar. Ynha şeýle nogsanlar hökmünde adam söwdasy, neşekeşlik, pýançylyk ýaly ynsan şahsyny ýumurýan möhüm howplary hasaplamak mümkin.

Taryh derslerinden bilşiňiz ýaly, miladydan öňki döwürlerde dünýäni lerzana getiren Rim imperiýasynyň çäginde, Müsür we ýene başga ençeme ülkelerde söweşler bolanda ýesir düşen esgerler ýa-da basybalyjylar tarapyndan eýelenen çäklerde ýaşaýan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ilat gul hökmünde bazarlara eltilipdir, olar edil haýwan ýaly satylypdyr. Ynha şeýle gullar – gladiatorlaryň gatnaşmagynda uly meýdanlarda, müňlerçe adamlaryň gözüniň öňünde rehimsiz, ganly söweşler guralypdyr. Adam çagalary edil horaz ýa-da goç ýaly özara uruşmaga, bir-birini ýok etmäge mejbur edilipdir, ýygnanan köpçülik ine şu tomaşalardan göýä lezzet alypdyr. Ýadyňyzda bolsa, bu hakda şahyr Usman Nasyryň meşhur «Nil we Rim» eserinde täsirli görnüşler suratlandyrylan.

Elbetde, adamzadyň medeni ösüşi şu şermendeli ýagdaýlar bireýýäm ýatyryp, mundan soň adamyň gul edip satylmagy akyla sygmaýan jenaýat hasaplanmagy hemme tarapyndan ykrar edilen ýalydy.

**Gynansak-da, şu günki günde dünýäniň dürli künjeklerinde şeýle «işewür» toparlar, merkezler peýda bolup, olar şol betbagt söwdany başgaçarak – «medenileşen» şekillerde täzeden gurap başladylar.**

Bu eden-etdilik eýeleriniň toruna bolsa köpräk entek gowy-ýamany, dost-duşmany saýgarmaýan ýaşlar, hatda, siziň ýaşytdaşlaryňyz bolan ýetginjekler düşýärler. Dünýäniň ol ýa-da bu ýurdunda azajyk zähmet çekip uly girdeji tapmak, şu girdejiniň hasabyna bolsa hezil edip ýaşamagyň mümkinligi baradaky ertekileri dürli derejede gaýtalaýan şeýle toparlar biziň ýurdumyza-da sokulyp girmäge gije-gündiz dyrjaşýarlar. Iň hatarlysy – şeýle kimseler bilen ýakyn bolmaga razy bolýanlar, olaryň jenaýatçylykly planlaryny amala aşyrmagyna kömek berýänler hem, az bolsa-da, tapylyp dur. Bu kimseler entek mähellesinden, obasyndan başga ýeri görmedik, durmuş tejribesi ýok, sada ýaşlary dürli wadalar bilen aldap daşary ýurtlara äkitmek, şol taraplarda başga bir pes toparlara satyp goýbermek ýaly ýowuz jenaýaty amala aşyrýarlar.

Olar, meselem, ýigitlere «pylan döwletde gurluşyk ýa-da söwda ugrunda iş bar, janyňy gynaman her aýda pylan dollardan girdeji taparsyň», gyzlara bolsa, «pylan ýurtda myhmanhananyň işgärlerine, restoranlarynda ofisiantlara talap uly, aýlyk gazançdan daşary günlük tapan çaýpulunyň özi öýe bir halta pul bilen gaýtmagyň kepillendirýär» ýaly aldawlary aýdyp, olary özlerine



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýüpsüz daňmaga synanyşýarlar. Bir emelläp ýaşlaryň ynamyna giren bu aldawçylar olaryň pasportyny göýä «samolýota ýa-da poýezde bilet almak, barjak ýurdunda myhmanhana resmileşdirmek üçin» alyp goýýarlar-da, boljak gurbanlaryny daşary ýurda alyp çykandan soň, pasportsyz indi hiç ýere baryp bilmejekdigini bilip, resminamany gaýtaryp bermeýär. Şeýle aldawa duçar bolanlaryň aglabasy ýaşlar bolsa şol jennet wada edilen daşary ýurtda – hiç kimi tanamaýan, kömek sorap barjak menzilini bilmeýän nätanyş ýurtda hapa kimselere satyp goýberilýär. Netijede, haýsy ýurtdandygyny tassyklaýan resminama – pasporty elinde bolmadyk ýigitler hukuksyz gul ýaly dürli gurluşyklarda gije-gündiz işledilip, diňe ölüp galmazlygy üçin gündelik iýmit bilen üpjün edilýär-de, ýyllaryň dowamynda eden zähmeti üçin ýekeje köpügem alyp bilmän, eger başga bir zat bolaýmasa, zordan öýüne gaýdyp gelýär. Gyzlar bolsa daşary ýurtdaky dürli agşamky klublaryň ygtyýaryna satylyp, ol ýerlerde puldan, baýlykdan guduz açan ýigrenji kimseleriň hapa penjesine düşýär.

Hakykatdan-da, şol ýaşlar dünýäniň haýsy-da bolsa bir ýerinde mugtuna bir döwüm çörek berilmeýändigini, halkyň dili bilen aýdanda, mugt peýniriň diňe syçan tutýan tagtajykda bolýandygyny, iň möhümi – adam hiç ýerde öz ýurdundaky ýaly arkaýyn işläp we ýaşap bolmajakdygyna aň ýetirmegi örän möhüm.

**Olar ýene bir zady bilmelidirler, häzirki günde dünýäde her ýyl ortaça 4,5 million adam gulçulygyň dürli görnüşlerine duçar edilýär. Dünýä möçberinde ýaýran adam söwdasyndan düşýän girdejiniň mukdary bolsa 12–15 milliard dollardan ybarat.**

Şükürler bolsun, biziň ýurdumyzda işlejek, halal pul tapyp durmuşymy ýola goýjak diýen, elinden iş gelýän her bir adama, ukyply hünärmene, elbetde, iş tapylýar. Hemme gep adamyň haýsy-da bolsa bir kesp-hünäri tüýs ýürekden eýeläp, şol ugruň ussasyna öwrülmeginde, sabyr-takat bilen halal we janaýamazakly zähmet çekmäge razy bolmagynda. Şeýle adamlar kärhanalar we edaralar tarapyndan işe yhlas bilen çagyrylýar, zähmetine görä hem maddy, hem ruhy höweslendirilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adam söwdasy ýaly agyr jenaýatyň öňüni almak, ýurdumyzyň raýatlary, ilkinji nobatda ýaşlarymyzyň durmuşyny we takdyryny bu hüjümlerden goramak boýunça Özbegistanda ençeme çäreler amala aşyrylýar.

**Şol sanda, 2008-nji ýylyň 8-nji iýulynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň şu meselä bagyşlanan karary, 2008-nji ýylyň 17-nji aprelinde «Adam söwdasyna garşy göreş barada»ky kanun kabul edildi.**

Şu günki günde ýurdumyzyň hukuk goraýjy organlary, tälim-terbiýe edaralary, ençeme jemgyýetçilik guramalary güýçlerini özara birleşdirip, bu gaty howply hüjüme garşy netijeli göreş alyp barýar.

Durmuşymyzyň görküne saýa salýan nogsanlaryň nobatdakysy – bu pýançylyk we neşekeşlik hasaplanýar. Gynansak-da, häzirki döwürde, hatda ýetginjek-ýaşlaryň, aýallaryň arasynda-da pýançylyga, çilimkeşlige, hatda, neşekeşlige-de berlen ýagdaýlary duşýar.

**Elbetde, adam eneden uçujy ýa-da çilimkeş bolup dogulmaýar. Bu gelşiksiz adatlary getirip çykarýan ençeme sebäpler bar.**



Şol sanda, doglan günleri bellemek, çaganyň dünýä inmegi mynasybetli geçirilýän dürli çäreler, mähelle, aşna-aginileriň arasynda guralýan oturlyşyklar, gutardyş agşamlary, nika toýlary we başga dabaralarda spirtli içgilikleriň aç-açan içilmegi-de pýançylygyň kök atmagyna sebäp bolýar.

Toý dabaralary, şadyýanlyk dabaralarynda şu şadyýanlygyň «günäkärleri»niň adyna gowy sözler aýdylyp, içgi içilýär, ýaşdyr



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garra, aýaldyr erkege çüýşäniň içinde «azarsyzja» duran awuny içmek teklip edilýär. Bu ýagdaýy dabarada gatnaşýan ýaş çagalar görýärler. Ulularyň şeýle gylyklaryny gören çagada ýuwaş-ýuwaşdan ondan dadyp görmek islegi oýanýar. Şeýlelikde, az-azdan şadyýanlyk, keýp-sapany başyndan geçiren çaga içmegi öwrenip ugraýar.

Çagalaryň arasynda pýançylyk, neşekeşlik ýaly düzetmesi kyn bolan belanyň ýaýramagyna ata-eneleriň öz ýumuşlary bilen gaty meşgul bolup çagalary gözegçiliksiz galdyrmaklary, maşgaladaky dawalar, tälim edaralaryndaky terbiýeçileriň öz wezipelerine sowuk-salalyk bilen garamagy, käbir çagalaryň gereginden artyk üpjün edilip, läliksiredilmegi we başga faktorlar sebäp bolýar.

Mälim bolşy ýaly, spirtli içgileri içmek, dürli narkotik maddalara öwrenişmek ýurduň raýatlarynyň saglygyna, zähmet öndürijiligine, önümçiligiň ösüşine, akyl we beden taýdan kämilligine gaty erbet täsir edýär. Bu aýylganç ýagdaý şu günki günde käbir Günbatar ýurtlary üçin örän möhüm, durmuş-ölüm meselesine öwrülip ýetişdi.

**Çünki spirtli içgileriň, narkotik maddalaryň guluna öwrülen adam ne maşgalasy üçin, ne-de jemgyýet üçin peýda getirýär, belki olara özi bilip-bilmän uly ýitgi getirýär.**

Keýkowus, Ýusuf Hos Hojib, Biruny, Ibn Sina, Alyşir Nowaýy, Babur Mürze ýaly danyşmentler hem içgi içmegiň zyýanly netijelerini görkezip, adamlary oňa berilmezlige çagyrypdyrlar.

Alyşir Nowaýy içýän adam hakynda: «Ýaman it ýaly adamlara öz-özünden topulýar. Ony ýöne bir ýaman it däl, dişleýän it diýmek hem bolýar. Içişlik hem dert oty, hem suwudyr: ýok, ol dowzah oty hem tupan suwudyr... Bu otda diňe dört zat ýanyp, ýok bolup gitmeýär, akyl-duýgy, din-u yslam hem ýitýär», diýipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Içgiler adamy subutsyz, durnuksyz, ýalançy, nejis kimsä, hatda, adam öldürýän kimsä öwrendigi köp gezek bolupdyr. Ol adamyň beýnisine güýçli täsir edip, bagry, nerwleri hatardan çykarýar, ýüregiň işleýşi gowşaklaşýar. Içgä berlen adamyň durmuşy, köp halatlarda, pajyga bilen tamamlanýar.**

Şeýle adam ar-namys, urp-adat, ynsap-utanç we başga ynsany gatnaşyklaryň normasyny ýatdan çykarýar, rehim-şepagat diýen düşünjelerden uzaklaşýar, parasatsyz we datsyz bir mahluga öwrülýär.

Beýik şahyr we şa Babur Mürze içginiň adamyň ruhyýetinde, kesp-kärinde, dünýägaraýşynda nähili uly pese gaçyşlyga getirýändigini çuňňur aňypdyr we özi hökümdarlyk eden ülkeleri şu belanyň penjesinden halas etmek niýetinde ýörite perman kabul edipdir. Şu resminamada «hiç bir kişi içgi içmäge çalyşmasyn, içgi ýasamasyn, satmasyn we almasyn, özünde saklamasyn, eltmesin we getirmesin: «Içgiden gaçyň, şaýadki, gaçalga tapsaňyz» (hadysy şerif)» diýip berk belläpdi.

Gözegçilikleriň şaýatlyk etmegine görä, 1000 sany akyly gowşak çagadan 500 sanysynyň enesi, 70 sanysynyň bolsa atasy hem, enesi hem spirtli içgi içýän eken. Fransuz wraçy Demma 28 ýylyň dowamynda äri-de, aýaly-da içgä berilen on sany maşgalany öwrenipdir. Bu maşgalalarda doglan 57 çaganyň 25 sanysy ýaşyna ýetmän ölüpdir, 5 sanysynda garaguş keseli bolupdyr, 5 sanysynyň kelle beýnisinde suw toplanypdyr, 12 sanysynyň akyly gowşak, diňe 10 çaga sagdyn doglupdyr. Garaguş keseli bilen agyran her 100 çagadan 60 sanysynyň ata-enesi baryp ýatan arakhor bolupdyrlar.

Içgi içmek dürli jenaýatlaryň enesidir. Delillere ýüzlenilse, 70 göterime ýakyn adam öldürmek, 80–90 göterim huliganlyk esasan pýançylykda ýüze çykypdyr. Eger raýatlar tarapyndan spirtli içgileri içmek 35 göterime kemeldilse, adam öldürmek iň bolmanda 40 göterime, huliganlyk 25 göterime kemeljekdigi anyklanypdyr. 100 gram arak içmek adam organizminde işeňňir işleýän 7500 dokumany ýok edýär. 75 gram arak içenden soň myşsalaryň güýji



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



20-den 40 göterime kemelýär. Bu bolsa öz-özünden zähmet öndürijiliginiň peselmegine, jemgyýetiň ruhyýetiniň gowşamagyna getirýär[1].

25 göterime golaý arakhorlar içgili wagtynda özüni özi öldürmekçi bolýar. 100 gram spirtli içgi sportçyny iki hepdä hatardan çykarýar. Spirtli içgileri içmek, çekmek, aýratynam, aýallara we ýaş çagalara güýçli we tiz täsir edýär. Aýal adam bir-iki ýylyň içinde alkogola öwrenişýärler. 13–14 ýaşly oglana ýa-da gyza berilýän bir rýumka güýçsüz wino uly ýaşly adamyň bir çüýşe arak içeni ýaly ýaman täsir edýär.

**Bu günki Özbegistanda spirtli içgileri öndürmek, daşary ýurtdan getirmek, satmak we ulanmak meseleleri düýpli gözegçilige alnan bolup, alkogolly içgileri wagyz etmek – köpçülikleýin reklama etmek kanun taýdan çäklendirilen.**

Islendik jemgyýetiň ykdysady, sosial, medeni we ruhy ösüşine zarba berýän nogsanlardan ýene biri neşekeşlik hasaplanýar.

[1] Bir qultum fojiasi. –D.: Gafur Gulam adyndaky edebiýat we sungat neşirýaty, 1986-nji ýyl.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Neşekeşlik hem içgi içmeklik ýaly adamyň saglygynyň ganym duşmanydyr.

*Neşekeş diýenleri – neşe, garadary, göknar, geroin we şular ýaly narkotikleri ulanmagy endik edinen adamdyr. Şeýle adamlary öz ady bilen däl, eýsem beňgi, neşekeş, göknary diýip atlandyrýarlar.*

Ilkibaşda görnükli syýahatçy Hristofor Kolumb Merkezi Amerikadan Ýewropa bir nätanyş ösümligiň ýapragyny getiripdi. Soň onuň şypa beriji maddasy we tüssesi dürli kesellere derman diýip, guradylan ýapragyny dolap adamlara çekmegi öwredýärler. Elbetde, ol wagtda bu azarsyz görnen ýapragyň adamzat üçin nähili howpludygyny hiç kim bilmeýärdi. Bu ösümlik Ýewropada birinji bolup şwed tebigatşynasy Karl Linneý tarapyndan eldekileşdirilýär we Jan Niko diýen adamyň «şöhratyna» ondan alynýan madda «nikotin» diýip at berilýär.

Alymlaryň subut etmeklerine görä, nikotin tüssesiniň düzüminde nikotin, kükürt, ammiak, azot, bogujy gaz, dürli efir ýaglary, sianid kislotasy, garynja kislotasy, uksus we waleriana kislotalary, şonuň ýaly-da, adam organizmi üçin örän zyýanly bolan başga her hili maddalar bar. Şeýle otlar esasan üçe bölünýär: göknar oty, neşe oty, temmäki oty.

Göknaryň düzüminde ýiti täsir edýän narkotik madda bolup, onuň bedeninden ýörite esbaplaryň kömeginde şepbeşik, ýelimşekilli madda alynýar. Bu madda «garadary» diýlip, ondan peýdalanan adam beden we akyl taýdan gowşak, ýönekeý zatlardan gaharlanýan, dürli jenaýatlary etmekden gaýtmaýan, hatda bir ömür perzent görmeýän hem bolup galýar. «Garadary»ny yzygider ulanýanlara halkymyz «göknary» diýýärler.

Neşe otuny ulanýanlar bolsa «beňgiler» diýlip atlandyrylýar. Beňgilik ynsany adamkärçilik aýratynlyklaryndan mahrum edýär. Şeýle derde ýoluganlar adam öldürmek, ogurlyk, garakçylyk etmekden hem gaýtmaýarlar. Neşe oty käbir ýerlerde gizlinlikde ekilip, ösdürilýär. Şu günki günde ýurdumyzda göknary hem-de neşe ekýän we köpeldýänlere garşy ýiti göreş alnyp barylýar, olar kanuny jogapkärlige çekilýärler. Özbegistan Respublikasynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aly Mejlisi tarapyndan «Neşekeşlik serişdeleri we psihotrop maddalar barada»ky Kanunyň kabul edilmegi-de neşekeşligiň öňüni almakda möhüm hukuk esas boldy.

Temmäki ösümligi dünýä möçberinde ýörite ekilip köpeldilýär. Temmäki otundan dürli hildäki sigaretler, bedeninden mohorkalar, şonuň ýaly-da, nas hem taýýarlanýar. Temmäki otundan taýýarlanan maddalary çekmek adamyň saglygy üçin gaty zyýanlydyr.

**Çilim çekýänler we naskeşleriň aglabasy öýken raky, nerw, ýürek, bogma keselleri bilen keselleýär.**

Sigaret çekmek netijesinde onuň düzümindäki nikotin maddasy adamyň agzalaryna gyjyndyryjy täsir edip, gan basyşyny artdyrýar, maýda damarlary has-da daraldýar, dem alşyny çaltlandyryp, iýmit siňdiriş ulgamynyň şiresini köpeldýär. Çekmek prosesinde nikotin we temmäki tüssesiniň düzümindäki başga maddalar adamyň agzalaryny zäherleýär. Çekýänleriň ýygy-ýygydan üsgürýän bolup galmagy-da şundandyr. Çilim çekmek agyz boşlugy, damak, dem alyş ýollarynda ösüntgileriň peýda bolmagyna getirmegi mümkin. Çekýän adam kesel bolanda onuň sagalmagy-da agyr geçýär.

Çekmek beýniniň kuwwatynyň peselmegine, hatyranyň gowşamagyna getirýär. Iň ýamany – sigaretiň jemgyýetçilik ýerlerinde, maşgala gurşawynda çekilmegidir. Munda sigaretiň tüssesinden diňe çekýäniň özi däl, eýsem töweregindäki adamlar, köplenç aýallar we çagalar hem zäherlenýär. Dünýäniň ençeme ýurtlarynda işhanalarda, transportda, jemgyýetçilik ýerlerinde, umumy naharlanyş şahamçalarynda çekmek berk gadagan edilýär.

**Narkotik maddalaryň haýsy görnüşini ulanmagyna seretmezden, hemmesi-de nesle ýaman täsir edýär, neşekeş aýalyň ýa-da erkegiň perzentleri maýyp, akyl taýdan gowşak, beden taýdan ösmeýän bolup dogulýar.**

Narkotik maddalara öwrenişen adamyň organizmi ony wagtynda kabul etmese özüne erk edip bilmeýär, şeýle (neşe, göknar, garadary, morfiý, kokain, geroin, kofein we başga) maddalara



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

güýçli zerurlyk duýuberýär. Şeýle adamda baş agyrysy, ýürek rahatsyzlygy, el-aýaklarynyň sandyramagy, çekilmegi, der basmagy, ysgynsyzlyk ýaly ýagdaýlar peýda bolýar.

Narkotik maddalary yzygider ulanýanlar, şonsuz ýaşap bilmeýän şeýle adamlar daşky-gurşaw üçin hem, maşgala we jemgyýet üçin hem howpludyr. Şu sebäpli-de ýurdumyzyň çäginde neşekeşligiň kök atmagynyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek her bir raýatyň Watanperwerlik borjy hasaplanýar.

Çünki käbir maşgalalarda perzendiň dogulmagy guwanç däl, tersine, çäksiz we tükeniksiz alada getirýär. Bu – içýän we neşekeş ata-enelerden köplenç akyl taýdan gowşak, kelesaň perzentleriň dünýä inmegidir. Aslynda umuman günäsiz şeýle çagalar ata-ene üçin hem, jemgyýet üçin hem uly mesele hasaplanýar.

Şu meseläniň ýene bir möhüm, hatarly tarapy bar.

**Narkotik maddalaryň bikanun söwdasy bilen meşgullanýan jenaýatkärler toparlarynyň tapýan uly mukdardaky hapa girdejileri halkara terroristik merkezleri goldamak, söweşjeň toparlary ýaraglandyrmak ýaly ýigrenji işe sarp edilýär.**

Özbegistanyň Prezidenti iň abraýly halkara münberlerde sözlän nutklarynda şu howplardan dünýäniň ilatyny düýpli duýdurmak bilen, dünýä bileleşigini, halkara guramalary şu nogsanlara bilelikde garşy göreşmäge çagyrýar. Ýurtbaşymyzyň 1997-nji ýylda döredilen, şeýle meseleler we olaryň akyly-başly çözmegiň ýollaryny görkezip beren «Özbegistan XXI asyryň bosagasynda: howpsuzlyga wehim, durnuklylyk şertleri we ösüş kepilleri» atly eseri dünýä möçberinde aýratyn ykrar edildi.

**Maşgala gurşawynda-da içgi içmekmi, neşekeşlikmi – haýsy biri bar bolsa, şol ýerde sagdyn pikirli perzendiň kämilligi, maşgalanyň bagtyýarlygy, agzybirligi, özara hormat-yzzat hakynda gürrüň etmesede bolýar.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adamyň ruhyýetini, diýmek, özlügini ýumurýan bu nogsanlaryň täsirine düşen kimselerden hemmeler gaça durýarlar, olaryň ykbaly ýalňyzlyk we umytsyzlykdyr. Alyşir Nowaýy babamyz şeýle adamlar diňe bir özlerine däl, eýsem il-ulusa hem çäksiz bagtsyzlyklary getirýändigini şeýle beýan edýär:

Il gaçsa birekdin, il ýamany bil ony,
Ahwalydan idbor[1] nyşany bil ony,
Ahlak içre ulus belasy jany bil ony,
Älem iliniň ýaman ýamany bil ony.

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Özbegistanda döredilýän jemgyýetiň ileri tutulýan gymmatlyklary nämelerden ybarat?
2. «Adam söwdasy» adamzadyň başyna nähili peläketleri getirmegi mümkin?
3. «Adam söwdasy» bilen meşgullanýan kimseleriň täsirine düşüp galmazlyk üçin ýaşlarda nähili düşünjeler, bilimler bolmaly?
4. Neşekeşligiň peýda bolmagy, onuň görnüşleri, jemgyýete, adam organizmine, nesline erbet täsiri hakynda nämeleri bildiňiz?
5. Siziňçe, içgi içmeklik, neşekeşlik we çilimkeşlige garşy nähili göreşmek mümkin?
6. Şu apatlaryň getiren pajygalary barada hekaýa edýän çeper ýa-da ylmy kitaplardan mysallar getiriň.
7. Narkotik maddalaryň bikanun ýetişdirilişi, taýýarlanyşy we daşalyşy halkara möçberde nähili meseleleri getirip çykarýandygy barada eşidenmisiňiz?
8. Dürli çeşmelerden danyşmentleriň içgi içmekligiň, neşekeşligiň we çilim çekmekligiň zyýany hakyndaky gymmatly pikirlerini toplaň we synpdaşlaryňyz bilen olary ara alyp maslahatlaşyň.

[1] **Idbor** – bagtsyzlyk, pese düşme.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

IV *bap*

# IŇ BEÝIK EDERMENLIK

## RUHY WE MADDY DURMUŞYŇ SAZLAŞYKLYLYGY

Adamlaryň arasynda şeýle bir gürrüň bar, belki, siz hem ony eşiden bolmagyňyz mümkin: «Kimdir iýmit iýmek üçin ýaşaýar, kimdir ýaşamak üçin iýmit iýýär». Şeýle seredende sada, mazmuny çuňňur däl ýaly duýulýan bu sözleriň aňyrsynda uly we çuňňur many gizlenendir. Hakykatdan hem, durmuşda şeýle adamlar bar bolup, olaryň bütin pikir-hyýaly maddy baýlyk toplamak, oňa kowalaşmak, ynha şu baýlyk bilen öwünmek, bir söz bilen aýdanda, nebsiň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen bolýar. Görnükli edebiýatçymyz Ötgür Haşymowyň nygtaýşy ýaly, şeýle adamlar, meselem, haýwanat bagynda müň bir reňkli öwşün atýan ýeleklerini ýaýyp duran tawusa garap, onuň özüne çekiji gözelligine üns bermeýär-de, «şu janaweriň hem etini iýse bolarmyka?» diýen soragy berýär...

Başga bir adam bolsa, dünýäniň nygmatlaryna – ol azyk ýa-da geýim-gejim bolýarmy, jaý ýa-da at-ulag, maşyn bolýarmy – olara durmuş geçirmegiň bir serişdesi, faktory hökmünde garaýar. Ýagny maddy dünýä şeýle adamlaryň durmuşynyň aýrylmaz bir bölegi hasaplansa-da, olar öz durmuşynyň esasy maksady edip umuman maddy baýlygy kesgitlemeýär.

**! Olar ýokary ruhy häsiýetlere, ilki bilen, özi eýe bolýar. Mümkinçilik tapyldygy bu düşünjeleri we gymmatlyklary durmuşa geçirmäge çalyşýar. Bir söz bilen aýdanda, olaryň kalby adamzady azat we bagtly etmek bilen bagly haýyrly niýetlere doly bolýar.**

Bu sözler, hormatly okuwçy, asla howaýy, kitaby sözler bolman, çynlakaý ynsany durmuşyň möhüm we jogapkärli talaplarydyr.

Adamzat durmuşynyň esasynda näme birlenji ýagdaýa eýe – madda (materiýa) – maddy dünýämi ýa-da aň we ruhy dünýämi diýen mesele, adamzat peýda bolaly bäri, ýiti çekişme-bäsleşiklere



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

sebäp bolýar. Olaryň haýsy birini ileri tutmaly, birlenjilik berenine garap, alym-filosoflar iki uly topary emele getiripdirler: materialistler we idealistler.

*Materializm (latynça «materialis» – maddy) – tebigat, jemgyýet we adamyň barlygyny, ýaşaýşyny we ösüşini düşündirmekde madda (materiýa) we onuň häsiýetleri üstün diýip hasaplamaga esaslanan filosofik garaýyşlar toplumy. Materializm materiýa birlenji, aň ikilenji, ýagny onuň şöhlelenmesi, önümi diýip düşündirýär.*

Sowet döwrüniň ylmynda we syýasatynda bu nukdaý nazar absolýut hakykat derejesine göterilmegi netijesinde adamlaryň akyly, pikirlenmesi we ruhy faktorlaryň jemgyýetiň ösüşindäki orny we ähmiýeti kemsidildi.

*Idealizm (grekçe «idea» – göz öňüne getirme, düşünje) – älemiň we adamyň döreýşi, tebigat we jemgyýetiň manysy hem-de ösüşinde ruhy, maddy bolmadyk faktorlary üstün hasaplaýan filosofik garaýyşlar toplumy. Idealizmiň taryhy beýik grek filosofy Platonyň taglymatyndan başlanýar.*

XIX asyrda şekillenen marksistik filosofiýada materiýanyň aňa, tebigatyň ruha täsiri meselesi absolýutlaşdyrylýar we idealizm bilen materializmiň arasynda berk diwar döreýär. Bu dünýägaraýyşlaryň arasyndaky gatnaşyk syýasylaşdyrylyp, materializm öňdebaryjy, progressiw güýçleriň, idealizm bolsa yzagalak, reaksion güýçleriň aňyýeti hökmünde bir-birine gapma-garşy goýuldy. Hakykatda, iki garaýyş hem adamzadyň maddy we ruhy kämilliginde birdeň möhüm ähmiýete eýedigine taryhdan köp mysallary getirmek mümkin.

Prezidentimiz ruhy we maddy durmuşyň özara aýrylmaz bagly taraplaryny düşündirmek bilen, aşakdaky möhüm pikirleri bildirdi:

**«Bu köne dünýä, biz ýaşaýan durmuş ýeke-täk, bitewi bir reallykdyr. Diýmek, maddy zerurlyklary adamyň ruhy älemine gapma-garşy goýmak, olaryň birini üstün diýip hasaplamak bilen, diriligiň esasy maksady hökmünde kabul etmek nähilidir bir taraplaýyn garaýşyň aňladylmasydyr, diýip aýtsak, ýalňyş bolmaýar»[1].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 66–67-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Elbetde, adamlaryň durmuş şertiniň özgermegi bilen olaryň maddy älem hakyndaky göz öňüne getirmeleri, nukdaý nazary, düşünjeleri, edep we ahlak normalary, hatda pikirlenme terzi-de özgermegi mümkin. Ruhy sagdyn jemgyýetde şeýle özgeriş adamlaryň umumy bähbitleri esasynda, durmuşy has-da gözelleşdirmek we amatly etmek maksadynda ýüze çykýar. Başgaça aýdanda, adamyň kadaly durmuş geçirmegi hem maddy, hem ruhy üpjünçiligiň birkemsiz bolmagy, durmuşyň şu iki çeşmesine ünsüň deň gönükdirilmegi bilen aýrylmaz baglydyr.

Şaýady bolşumyz ýaly, garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzy hem ykdysady, hem medeni-aň-bilim taýdan birdeň kuwwatly döwlete öwürmek ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Ykdysady mümkinçiliklerimiziň artmagy halkymyzyň dok we abadan durmuş geçirmegi, gündelik we medeni durmuş derejesiniň ýokarlanmagynyň girewi bolýar. Diňe bir şäherlerimiz däl, eýsem obalarymyz, uzak ilatly punktlarynda hem bir-birinden owadan mekdepler we kolležler, medeniýet mesgenleri, şypahanalar, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän we söwda şahamçalarynyň gurulýandygy, tep-tekiz asfalt ýollar, gelşikli ýaşaýyş jaýlary, baglar we alleýalaryň gurulýandygy ynha şu rowaçlygyň amaldaky tassyklamasydyr. Ata-eneler maşgala harajatlaryndan tygşytlap, perzentleriniň öňdebaryjy ylmyň üstünliklerini, zerur kesp-hünäri eýelemegi, milli we dünýä medeniýetiniň seýrek nusgalaryndan lezzet almagy üçin serişde sarp etmegi-de özüniň terbiýeçilik wezipesi, diýip saýýarlar. Şonuň netijesinde siz we ýaşytdaşlaryňyz, agalaryňyz we doganlaryňyz diňe bir üstüniň bitin, garnynyň dok bolmagy barada däl, eýsem ruhy-aň-bilim zerurlyklaryny hem wagtynda kanagatlandyrylmalydygy barada düýpli öýlanyp, gözleg alyp barýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ähli amatlyklar üpjün edilen medeni aň-bilim ojaklarynda kemala gelýän Özbegistanyň perzentleri isle ylym-bilim ýönelişinde, isle sport ýa-da medeniýet ugurlarynda geçirilýän iň abraýly halkara bäsleşiklerde barha köpräk baýrakly orunlary zabt edýändigide ýurdumyzda maddy we ruhy durmuş ugurlaryny üznüksiz ösdürmäge gönükdirilýän ünsüň önümidir.**



Siz her gün görüp-bilip duran şu meselelere ýene aýratyn ünsüňizi çekmegimiz ýöne ýerden däl. Sebäbi, öňki sowet döwletinden bölünip çykyp, özbaşdak durmuş geçirip baş-lan ençeme ýurtlarda, galyberse-de, dünýäniň käbir başga döwletlerinde-de bu meselelere ýeterli üns berilmänligi netijesinde köpden köp pajygaly hadysalar, jemgyýetçilik durmuşyna wehim salýan erbet işler yzygider ýüze çykýar. Käbir Günbatar ýurtlarynda, hatda daş-töweregimizdäki käbir musulman döwletlerinde-de diňe syýasy we ykdysady meselelere ileri tutulýan mesele hökmünde garalyp, ýaşlaryň terbiýesiniň döwrüň akymyna taşlanyp goýlandygy gaty köp erbet ýagdaýlaryň gelip çykmagyna getirýär. Ýaşlaryň arasynda milletçilik, jynsparazlyk, dini dogmatizm, ahlak taýdan bozuklyk, neşekeşlik, ygtykatsyzlyk ýaly howply nogsanlar kök atdy. Netijede, käbir ýurtlardan alynýan gündelik habarlarda döwlet ýa-da raýatlaryň emläklerini talamak, maşyn ogurlygy, banklary talamak prosesinde köp adamlaryň, hatda şu hadysa biygtyýar şaýat bolup galan adamlaryň hem hiç ikirjiňlenmezden öldürip gidilýändigi, munda ne çagalara we ne-de garrylara rehim edilýändigi aýdylýar.

**Ýa-da özüni demokratiýanyň wagyz edijisi, adam hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün eden öňdebaryjy we baý jemgyýet diýip hasaplaýan käbir ýurt-**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**larda diňe bir daşary ýurt raýatlary däl, eýsem şu döwletiň raýatlary hem bary-ýogy bedeniniň reňki, dili ýa-da dini başga bolany sebäpli kemsidilýär, hatda wagşylarça urulýar. Bu bolsa diňe maddy taýdan üpjün edilmegiň özi jemgyýetiň berkararlygyna kepil bolup bilmeýändigini aýdyň görkezýär.**

Geçen nesilleriň ruhy gymmatlyklaryna äsgermezlik, «köpçülikleýin medeniýet» ady astyndaky medeniýetsizlik, ynsany edep-ahlagyň islendik normalaryny we çäklerini çekinmezden depelemek şol ýerli käbir ýaşlaryň gündelik durmuş terzine öwrülip barýar.

Ýurtbaşymyz şu nogsanlar biziň durmuşymyza-da girip gelip başlan döwürler – geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda bütin jemgyýeti olara garşy göreşmäge çagyrypdy:

**«Gürrüň şu hakda gidýän bolsa, «köpçülikleýin medeniýet» meselelerine-de aýratyn üns bermelidiris. Käbir adamlarda hezil edip ýaşamak, zulumkärlik, haramlyk ruhy agdyklyk edýär. Käte edepsizlik, bihaýalyk, göwnüňe degýän derejedäki çykyşlardan adamlaryň nalyşy artýar. Olar asyrlar boýy gelýän däplerimiz, namys, wyždan, edep babatdaky halk dessurlarynynyň depelenýändigini aýdyp, bizi pikirleniň, diýýärler.**

**Ajaýyp medeni däpleriň eýesi bolan halkymyzy ruhy bozuklyklardan we gödekliklerden goramak üçin kanun çykaryp bolsa-da berk çäre görülmelidir»[1].**

Gynansak-da, bu günki günde köpçülikleýin habar serişdeleri – halkara Internet ulgamy, daşary ýurt telekanallary, dürli elektron çeşmeler arkaly bu jylawsyz durmuş terzi biziň durmuşymyza barha güýçlüräk howp döredýär. Aýratynam, entek ak-garany saýgarmaýan käbir ýaşlarymyz bu hüjümleriň gurbanyna öwrülmek howpy bar. Diýmek, siziň dünýäde bolup geçýän waka-hadysalara ötegçi, bize gatnaşygy ýok zat hökmünde biperwaý

---

[1] **Islam Karimow**. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2011-nji ýyl, 160-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garaman, eýsem olaryň gelip çykyş sebäplerine, düýp köklerine nazar salyp netije çykarmagyňyz örän möhümdir. Bu meselä hemişe üns bilen garaýan Özbegistanyň Prezidentiniň nygtaýşy ýaly:

**«Diňe çynlakaý medeni aň-bilimli adam ynsan gadyryny, milletiň gymmatlyklaryny, bir söz bilen aýdanda, özlügine aň ýetirmegi, erkin we azat jemgyýetde ýaşamagy, garaşsyz döwletimiziň dünýä bileleşiginde mynasyp abraýly orun eýelemegi üçin janypkeşlik bilen göreşmegi mümkin»[1].**



Ynha indi oýlap göreliň: adam haçan çynlakaý aň-bilimli bolýar? Haçan adam gadyryny, milletiň gymmatlyklaryny, özlügini aňýar?

Haçan-da, ol özüni gurşaýan bu durmuşa bir taraplaýyn garamasa, ony bütin çylşyrymlylygy, bitewiligi bilen kabul edip bilse. Ol adamzadyň hem maddy, hem ruhy ösüş taryhyna çuňňur akyl ýetirse, özüniň diňe bir maddy däl, eýsem ruhy älemi hem ýokarlanyp, barha giňelmegi barada yzygider dyrjaşsa.

**Dana halkymyz «Boş halta dik durmaýar», «Ilki tagam, soň kelam», «Aç özüni oda urar», «Gözi doguň ýüzi dok» ýaly nakyllar bilen birlikde «Bugdaý nanyň bolmasa hem, bugdaý sözüň bolsun», «Garnyma aglamok, gadyryma aglaýaryn», «Degirmende doglan syçanyň gylygy giň», «Belent at belent tamdan beýik» ýaly pähimli sözleri asyrlaryň dowamynda taryhy hatyrasynda aýawly saklap, olar esasynda durmuşa baha berip gelýändigi ýöne ýerden däl.**

[1] **Islam Karimow**. Yoshlarimiz – xalqimizning ishonchi va tayanchi. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2006-nji ýyl, 49-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ynha şeýle garaýyşlar biziň ülkämizde gadym-gadymdan maddy we ruhy durmuş talaplaryny deň kanagatlandyrmak, adamlaryň durmuşyny iki tarapdan hem birdeň üpjün etmäge ýokary ähmiýet berlendigini delillendirýär.

Ýurtbaşymyz halkymyzyň bu babatdaky seýrek tejribelerini, durmuşy garaýyşlaryny umumylaşdyrmak bilen, aşakdaky möhüm netijäni nygtaýar: **«Adama mahsus bolan arzuw-islegleri amala aşyrmak, onuň aňly durmuşa geçirmegi üçin zerur bolan maddy we ruhy älemi edil perwaz edýän guşuň iki ganatyna deňeşdirsek, meniň pikirimçe ýerlikli bolar»[1].**

Hakykatdan hem, ine şu iki möhüm faktor özara sazlaşsa, sözüň doly manysyndaky goşa ganata öwrülse, diňe şonda adam, döwlet we jemgyýet durmuşynda ösüş-özgeriş, ilerlemeler bolýar.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, garaşsyz ýurdumyzda ösüşiň ynha şu goşa ganaty – hem maddy, hem ruhy ugurlary her taraplaýyn ösdürmek, kämilleşdirmek ugrunda beýik taryhy işler amala aşyrylýar we bu güýçli ganatlar, şübhesiz, halkymyzy we ýurdumyzy beýik geljege tarap sag-aman elter.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. «Materializm» tarapdarlary dünýäniň, adamyň, jemgyýetiň peýda bolşuny nähili düşündirýärler?
2. «Idealizm» tarapdarlary nähili?
3. Prezidentimiz näme üçin bu köne dünýäni, biz ýaşaýan durmuşy ýeke-täk, bitewi bir reallyk diýip kesgitleýär?
4. Garaşsyzlyk ýyllarynda halkymyzyň durmuşynyň hem maddy, hem ruhy ugurlaryny ösdürmek boýunça nähili işler amala aşyryldy?
5. Maddy we ruhy durmuş ugurlaryny deň ösdürmäge aýratyn üns berilmeginiň sebäbi nämede?

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 67-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MADDY WE RUHY DURMUŞYŇ SAZLAŞYKLYLYGY

## *(Amaly sapak)*

Bu gezekki amaly sapak Ýurtbaşymyzyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» eseriniň 65–70-nji sahypalaryndan orun alan pikirlerini doly okamaga we ara alyp maslahatlaşmaga bagyşlanýar. Ilki bilen, awtoryň materializm we idealizm taglymatlarynyň ýüze çykyş taryhy baradaky pikirleri derslikde şu terminlere berlen kesgitlemeleriň kömeginde giňden düşündirilmegi maksada laýykdyr. Şundan soň sowet zamanynda materialistik garaýşy üstün goýmak netijesinde peýda bolan, adamyň ruhy gymmatlyklaryna, aýratynam, onuň milli we dini duýgularyna pisintsiz gatnaşykda bolmagyň erbet netijeleri durmuşy mysallaryň kömeginde düşündirilýär. Munda, meselem, «Özbekkino» Milli agentligi tarapyndan surata düşürlen «Ortak Baýkenjaýew» atly çeper filmde suratlandyrylan hem gaýgyly, hem gülküli taryhy pursatlaryň gysgaça beýany arkaly sowet syýasatynyň ynsanylyga ters mazmunyny açyp bermek mümkin. Ýa-da «Demir hatyn» çeper filmindäki adam we onuň takdyryna diňe maddy baýlyk döretmeli bolan bir maşyn ýaly gatnaşygyň görkezilendigi, adamyň ruhy älemi, ruhy zerurlyklary bolsa aç-açan aýagasty edilendigi barada netije çykarmak maksada laýykdyr.

Umuman, adamyň maddy we ruhy zerurlyklaryny bir-birine gapma-garşy goýmak ahyrky netijede jemgyýetçilik durmuşyny krizise getirjekdigini gutulgysyzdygyny subut edýän taryhy mysallary amaly sapak wagtynda köp getirmek mümkin.

Sapagyň dowamynda Ýurtbaşymyzyň aşakdaky pikirlerine aýratyn durup geçmek, olary amaly mysallaryň kömeginde giňden düşündirmek maslahat berilýär:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Biz ykdysady ýola goýma, ykdysady dikeldiş, ykdysady ösüş prosesleriniň ruhy päkleniş, ruhy ösüş hereketleri bilen doly utgaşyklykda ösmegini hemişe döwletimiziň we jemgyýetimiziň üns merkezine goýup gelýäris»[1].**

Şu prinsip esasynda ösýän Özbegistanda raýatlarara, milletara, dinlerara özara raýdaşlygyň üpjün edilýändigi, jemgyýetimizde adamyň gadyry, hukuklary we azatlyklary hormatlanýan durmuş hakykatydyr. Käbir ýurtlarda bazar ykdysadyýetine geçiş prosesinde ilatyň gatlaklarynyň arasynda özara deňsizligiň ýiti güýçlenendigi, nebis gymmatlyklarynyň merkezi orun eýeläp barýandygy, şonuň netijesinde şu jemgyýetlerde «Baý baýa bakar, suw saýa akar» ýaly garaýyşlaryň agalyk edip başlandygy-da syr däl.

Şundan gelip çykyp, biziň ýurdumyzda maddy we ruhy prosesleriň özara otnositel terzde ösdürilýändigi syýasy-sosial berkararlylygyň we ösüşiň pugta girewi bolup hyzmat edýändigini aýratyn nygtamak ýerliklidir.

Amaly sapaga taýýarlanan mahalyňyzda surat çekmek elinden gelýän okuwçylaryň kömeginde uly kagyza ganatlaryny giň ýaýyp uçýan guşuň suratyny çekmek, onuň bir ganatyna maddy durmuş bilen baglanyşykly düşünjeleri, ikinji ganatyna bolsa ruhy durmuşyň gymmatlyklaryny ýazyp çykmak temany pugta özleşdirmegiňize kömek eder, diýip oýlaýarys.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 69-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HALAL ZÄHMET – RUHY ROWAÇLYGYŇ GIREWIDIR

Eziz okuwçy, eger bizi gurşaýan äleme üns bilen nazar salsaňyz, özüňiz, geljekki durmuşyňyz üçin görelde bolýan köp zatlara şaýat bolarsyňyz. Aýagyňyzyň aşagyna garaň – ýüzlerçe, müňlerçe garynjalaryň dyngysyz zähmet çekýändigini – hinine zerur zatlary daşaýandygyny görýärsiňiz. Biri kynçylyk çekse, ikinjisi, üçünjisi kömege gelýär, ýekejesi-de gyra çykyp, «el gowşuryp» duranok. Olar üçin ýeriň astyndaky ine şu kiçijik ýer watan hasaplanýar. Şu ýerde parahat, asuda, arkaýyn ýaşamak niýeti olary aýaga galdyrypdyr, kiçijik ýüreklerine gujur, gyl ýaly el-aýaklaryna gaýrat bagyş edipdir. Hakykatda bular – biz «aňsyz», «akylsyz» hasaplaýan garynjalardyr.

! **Siz bilen biz bolsa YNSAN diýen ady yhlas bilen aklap saklamalydyrys.**

Ýeri gelende beýik babamyz hezret Alyşir Nowaýa ýüzlenýäris. Ol beýik ynsan jemiki adam çagalaryna ýüzlenip şeýle diýipdir:

Tohum ýere girip çeçek boldy,  
Gurçuk jandan geçip ýüpek boldy.  
Läle tohumyça gaýratyň ýokmy,  
Pile gurçugyça hümmetiň ýokmy?

Läläniň tohumyny siz ýa görensiňiz ýa-da ýok: ol iňňän maýda zat. Oba ýerlerinde ýaşaýan okuwçylar bolsa baharda alyp gelip, tuduň ýapragy bilen bakylýan ýüpek gurçugynyň ele ýük bolmaýan derejede näzik, ejiz bolýandygyny gowy bilýärler. Serediň, läläniň tohumy gara ýere girip, bir gün garasaňyz, tebigaty, adamyň gözüni we göwnüni çäksiz göterýän çeçege –



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



güle öwrülýär. Pile gurçugy bolsa, öz janyndan geçmeginiň hasabyna daşyna nepis ýüpek saraýar, ondan dünýäniň adamlary özüne lybas tikip, ynsanyň keşbini bezeýär...

Guş çagasyny bakmak, ideg etmek, dürli hüjümlerden gorap saklamak ugrunda jan edýän guşy, neslini saklap galmak üçin janyny girewe goýup hereket edýän başga guşlardyr ýyrtyjylary aýtmasak-da bolýar. Beýik akyldarymyz ynsan çagasyny şu zatlardan görelde almaga çagyrýar.

**Käbir mugthor, «berseň – iýjek, ursaň – öljek» diýip gün geçirýän kimselere bolsa hiç bolmanda «läle tohumyça gaýrat, pile gurçugyça hümmet» dileýär!**

Hakykatdan hem, diňe aňly, akylly-başly guralan zähmet adamzat jemgyýetiniň gülläp-ösmegine, raýatlaryň adam ýaly durmuş geçirmegine esas bolup bilýär. Hut zähmet sebäpli adam özüniň maddy we ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrýar. Zähmet arkaly adamyň talanty, ukyby, başarnygy ýüze çykýar, görünýär. Zähmet bilen meşgul bolan mahalynda adamyň dünýägaraýşy giňeýär, bilimi artýar, beden hem-de ruhy taýdan şekillenmegi we ösüşi çaltlanýar.

**Adam zähmeti akyl we fiziki zähmet görnüşlerine bölünýär. Olaryň arasyna emeli böwet dikip, birbirine garşy goýmak bolsa umuman bolmaýar.**

Tersine, öz durmuşynda zähmetiň iki görnüşiniň-de sazlaşyklylygyny gazanmagy başaran şahs her taraplaýyn kämillige galýar. Akyl zähmeti adamyň akylyny ýiteldip, pikirlenmesini ösdürse, fiziki zähmet onuň bedeniniň kämil, sagdyn ösmegi üçin esasdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýle adamlar zähmetde taplanan, il-ýurdunda we maşgalasynda abraý tapan, öz zähmeti bilen bir hatarda özgeleriň zähmetinden rahatlanýan, ony gadyrlaýan adamlar hasaplanýar. Siz «Edebiýat» ylmy arkaly hem akyl, hem fiziki zähmet çekip, beýik eserler döreden özbek we dünýä ýazyjylary barada ýeterli maglumat alansyňyz. Iki zähmet görnüşiniň hem sazlaşyklylygyny gazanan bu ýazyjylar tarapyndan döredilen eserleriň halkçyllygynyň, akgynlylygynyň syry hem ynha şundadyr.

Tersine, zähmeti söýmeýän hem adam bar, diýmek, ol özüni hem söýmeýär. Şeýle adamlaryň ýaltalygy, işýakmazlygy ahyrky netijede düşünjesiz we durnuksyz bolup galmagyna sebäp bolýar. Hut şeýle adamlar garnyny doýurmak, gününi bir emelläp geçirmek üçin islendik jenaýata, peslige el urýarlar.

Ýaltalyk adamyň durmuşynyň, geljeginiň zowaly, garyplyga eltýän esasy ýoldur. Gözel we baý durmuş geçirmek üçin bolsa bar güýç-mümkinçiligi işe salmaly, hünär öwrenmeli, gujur-gaýrat bilen zähmet çekmeli.

**Bagt, baýlyk, at-abraý, asudalyk öz-özünden gelmeýär. Durmuşdaky ähli ýagty ýoly ynsan diňe öz akyl-paýhasy, zähmeti sebäpli gazanýar.**

Maşgalanyň maddy we ruhy ýagdaýy-da zähmet arkaly ýokarlanýar. Maşgala agzalarynyň orny, mähelledäki abraýy, olara görä özgeleriň gatnaşygy-da çekilen zähmetiň netijelerine bagly. Bir gün gelip adam aradan çykandan soň, onuň zähmeti, peýdaly işleri gowy sözler bilen ýatlanýar. Ata-enäniň maşgalada perzentlerine öwreden zähmet sapaklary, kesp-käri nesilleri üçin pugta daýanç bolup galýar.

**Adam ýöne bir gara zähmet adamyna öwrülip galmazlygy üçin ýaşlygyndan kesp-hünär öwrenmäge yhlas goýmalydyr.**

Maglumatlara görä, dünýäde 50 müňden gowrak kesp-hünär bar bolup, olar ýer ýüzündäki ilatyň durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga hyzmat edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her bir adam ol ýa-da bu kesbi ýa-da birnäçe kesp-hünäri eýelemegi mümkin. «Bir ýigide kyrk hünär hem az» diýen nakylyň mazmuny gaty çuňdur. Çünki ynsan nobatdaky bir kesbi, ylmy eýeledigi saýyn, durmuş diýlip atlandyrylýan ummanyň nähili çuňdygyna şaýat bolup barybeřýär. Filosof şahyr Mürze Abdulkadyr Bedil:

Öz bilimsizligin bilsin, diýip Alla,
Ýüz hünäre kalbyň eýledi hemra.
Iňňe ýaly ýüz hili geýimden geçseň,
Ýalaňaçdygyn bilersiň şol bada, –

diýende adam öwrenmeli bolan hünärleriň we ylymlaryň hasapsyz köpdügine yşarat edipdir, adamy bir netijede durup galmazlyga ündäpdi.

Elbetde, her bir kesbiň, hünäriň özboluşly kynçylygy we lezzeti bar. Onuň kynçylygyny diňe dyngysyz gözleg, sabyr-takat bilen ýeňen adam ondan lezzet alýar. Ýaşlykda pugta eýelenen hünär, zähmet endigi ynsan ömrüniň ahyryna çenli rahatlykda durmuş geçirmeginiň girewidir. «Hünärli är har bolmaz, döwüm çörege zar bolmaz», «Hünärmendiň çöregi bitin», «Bilen biter, bilmedik ýiter» ýaly nakyllarda hem ynsan rysgalynyň bitinligi hünär arkaly gelýändigi nygtalýar.

**Hünär şeýle bir berk baýlyk bolup, ony ogurlamak hem, ýandyrmak hem, ýok etmek hem mümkin däl.**

Dünýä gören beýik alymlar ýaşlykdan hünär eýelemegiň artykmaçlygy hakynda seýrek pikirleri beýan edipdirler. Şol sanda, danyşment Saady özüniň «Gülüstan» eserinde perzentlerine şeýle nesihat edýär:

«Eziz gerçeklerim, hünär öwreniň, çünki mal-dünýä ynam ýok we altyn, kümüş saparda hatarlydyr. Garakçy ogurlap gidýär ýa-da eýesi içip gutarýar. Emma hünär gaýnap duran bulak, tükeniksiz döwletdir, eger hünärment malyndan mahrum bolsa, gaýgysy ýokdur. Çünki hünäriň özi döwletdir. Hünärment nirä barsa gadyrlanýar we öýüň törüne geçýär. Hünärsiz adam bolsa hemişe kynçylyk çekýär, dilegçilik edýär».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Siz haýsy-da bolsa bir kesp-hünäri eýelemegiňiz üçin halypa-şägirt däplerini bilmelisiňiz. Çünki «Halypa görmedik şägirt müň mukama ýorgalar» diýip ýöne ýere aýtmaýarlar. Şeýle «hünärmendiň» işinde ne önüm, ne netije, ne hil bolýar. Öz hünäriniň syrlaryny doly bilmänliginden döreden önüminiň hili pes, hyrydary gaçyrýan bolýar.

Halypaňyzyň siz – şägirde görä berkligi, talapedijiligi, wagtynda höweslendirmegi ýa-da jezalandyrmagy geljekde ökde hünäriň eýesi bolup şekillenmegiňiziň girewidir. Şonuň üçin hem halypanyň azajyk duýduryşyndan öýkelemek, şonuň üçin hem, ussahanany taşlap gitmek baryp ýatan gowşaklykdan başga zat däl. Sebäbi, halypaňyz bir hakykaty sizden görä gowy bilýär – şägirde bolan artykmaç mähribanlyk, aýamak, ýüz görmeklik ony ortaça ussa öwürýär. Şonuň üçin halypa özündäki bar bilimi we tejribäni şägirdine sabyr-takat bilen siňdirmäge, özünden soň onuň hünärini dowam etdirýän hakyky şägirt ýetişdirmäge bar güýji bilen hereket edýär. Çünki her bir hakyky halypa hünärmendiň kalbynda hezret Nowaýynyň aşakdaky hikmeti ýaşaýar:

Hünäri saklap sen nätjeksiň ahyr,
Alyp ony topraga äkitjekmiň ahyr...

Şägirdiň halypa hormaty, ynamy we wepalylygy onuň ussasyndan-da ökde bolup ýetişmegine sebäp bolýar. Çünki halypa hormat ol öwredýän kesp-hünäre bolan söýgini, ygtykady has-da artdyrýar. Bularyň ählisi zähmet we kesp-hünär medeniýeti, diýlip atlandyrylýar.

Siz mekdepde alýan bilimleriňizden gowy bilşiňiz ýaly, özbek halky ozal-ozaldan özüniň zähmetsöýerligi, çöregini halallap tapýandygy bilen dünýä tanalypdyr. Halkymyzyň daýhançylyk, zergärlik, nakgaşlyk, agaç ussaçylygy, maldarçylyk, tikinçilik, daş



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýonujylyk, oýmakärlik, küýzegärçilik, bagbanlyk, keşdeçilik, dokmaçylyk, tahýaçylyk, gençkärlik, sandykçylyk, bişikçilik, ädikçilik we başga ýüzlerçe hünärmentçilik önümleri özüniň gaýtalanmazlygy, gözelligi, özüne çekijiligi bilen dünýä halklaryny haýran galdyrýar.

Samarkant, Buhara, Hywa şäherlerindäki gadymy, ýekejeside bir-birini gaýtalamaýan ýadygärlikler, Hywa küýzegärçiligi, Kokant we Andijan agaç oýmakärligi, Urgut keşdeleri, Fergana jülgesiniň tahýalary, Buhara zerdozlygy, her bir çäge mahsus binagärlik mekdepleri özbek halkynyň kesp-hünär medeniýetiniň nähili ýokarydygyny delillendirýär. Hünärmentler dinastiýalarynyň, olar ýaşap-işleýän güzerleriň we mähelleleriň döreýşi, şu ýerleriň belli bir kesp-hünäriň ady bilen atlandyrylyşy («Okçy», «Bezzazlyk», «Demirçilik», «Nalçy», «Bişikçi» w.b.) hem esasan biziň ýurdumyza mahsus aýratynlykdyr.

! **Biz gurýan erkin bazar ykdysadyýetine esaslanan düzüm şertlerinde hünärli bolmak möhüm durmuş zerurlygyna öwrüldi.**

Ýurdumyz ýaşlar ýurdy bolany sebäpli-de olaryň ählisine wagtynda, ýeterli mukdarda işçi ornuny döredip bermek aňsat wezipe däl. Şuny hasaba almak bilen, galyberse-de, bazaryň talap-teklibinden gelip çykyp, ýaşlar dürli hünärleri eýelemäge özbaşdak hereket etmelidirler. Şu maksatda ýurdumyzda ýüzlerçe kesp-hünär kolležleri guruldy, her ýyl onlarça täzeleri gurulýar.

Ýaş adamyň özüne hünär saýlamagynda-da birinji mugallym, maslahatçy, elbetde, ata-ene bolýar. Adamyň eýeleýän hünäri bolsa onuň jynsyna, gyzyklanmasyna, ukybyna, saglygyna, maşgalanyň we jemgyýetiň zerurlyklaryna laýyk bolmalydyr. Kesp-hünär saýlamak erkindir. Diňe şonda adam özi söýüp eýelän kärine mähirli bolýar, işi näçe agyr bolsa-da, ýadamaýar, nalamaýar. Şeýle adam özi we özgeleriň döreden önümleriniň gadyryna ýetýär, halal zähmetiniň hasabyna tapylan baýlygy oýlap, tygşytlylyk bilen sarp edýär.

Gynansak-da, durmuşda şeýle ata-eneler hem duşýar, olar perzendiniň meýlini, başarnygyny hasaba alman, ony özleri makul bilen kesbini eýelemäge mejbur edýärler. Netijede okuw mesgenini islegsiz, gyzyklanmasyz tamamlap çykan hünärmen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



öz käri boýunça çuňňur bilime, zerur başarnyga eýe bolmazdan, ýöne bir zähmet çekýär ýa-da umuman özüne ýat ugurda aňrydan bäri işläp gezýär. Onuň zähmetinde öndürijilik we hil bolmaýar. Şeýle hünärmenden ne maşgala, ne jemgyýet bähbit görýär. Tersine, şeýle ýagdaýlar hem bolup, ýekeje ukypsyz işgäriň eden işi başgalaryň durmuşyna, takdyryna erbet täsir etmegi-de mümkin. Bu ýagdaý, aýratynam, lukmançylyk, hukuk-düzgünçilik, söwda ugrunda köp duşýandygy gynandyryjydyr. Kesel adamy görende, burnuny ýygyrýan ýigit-gyzlaryň nädip bolsa-da lukman, şepagat uýasy bolmaga dyrjaşmagynyň soňy näme bilen gutarjakdygyny göz öňüne getirip görüň. Gynansak-da, ynha şeýle – boýnundan daňlyp kesp-hünäre eýe bolan adamlaryň ukypsyzlygy, jogapkärsizligi, käte bolsa aç-açan wyždansyzlygy netijesinde günäsiz adamlar durmuşdan biwagt göz ýummagy mümkin.

! **Diýmek, hünär saýlamak, ony ahyryna çenli yhlas bilen eýelemek diňe bir şahsy iş bolman, umumy-jemgyýet takdyryna degişli mesele hem eken.**

Aslynda hünäriň gowusy ýa-da ýamany bolmaýar, möhümi, saýlanan kesp-hünäre mähir-muhabbet goýmak we onuň syrlaryny, tärlerini çuňňur öwrenmek hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Çünki, ata-enäniň baýlygy, wezipesi bilen uzaga baryp bolmaýar. Başyna iş düşende ýa-da kynçylyklara duş gelende perzendi diňe elindäki hünäri, zähmeti saklap galýar.

**Şuny ýatda saklaň, ýaltalyk, şan-şöhrata kowalaşmak, howlukmaçlyk hünärmentçiligiň, islendik zähmetiň zyýankeşi hasaplanýar.**

Amala aşyrylýan her bir iş pugta, her taraplaýyn oýlap edilmelidir. Gysga möhletde, howlugyp, sowuk-sala edilen işiň netijesi-de, hili-de pes bolýar.

Her bir hünäri üstünlikli eýelemek üçin şu günki işi ertä galdyrmaly däl, çünki ertiriň ýerine ýetirilýän öz işleri bolýar. Gündelik durmuşda sowuk-salalyk bolmasyn diýseňiz, her günki işi öz wagtynda ýerine ýetirmäge endik edinen makul.

**Haýsy-da bolsa bir zat diňe dykgat-üns bilen, bütin ukybyň işe salyp döredilende iliň nazaryna düşýär. Ýogsam zähmetiňiziň önüminden özüňizem, özgeler hem kanagatlanmaz.**

Islendik ýumşa diňe bir şahsy zerurlygy gözläp däl, eýsem jemgyýetiň, halkyň bähbidini oýlap, yhlas bilen girişilmelidir. Hünär eýesiniň keýpi hem onuň döreden zähmet önüminiň hiline



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gowy ýa-da ýaman täsir edýär. Gowy keýp bilen amala aşyrylan iş, näçe çylşyrymly bolsa-da, ýeňil we oňat hilli ýerine ýetirilýär.

Hünäriň eýelenen syrlary bilen kanagatlanmazdan, onuň açylmadyk taraplaryny gözlemegiňiz, öz üstüňizde dyngysyz işlemek we zähmet çekmek ökde hünärmen bolup ýetişmegiňizde möhüm faktordyr. Çünki, bir ýerde durup galsa, bulagyň dury suwy-da bozulýar.

Öz maşgalasynyň, ýurdunyň abatlygy, iliniň abadançylygy üçin hereket etmedik adam kanagatlanma hem, yzzat hem tapmaýar. Bu hakda Abdulla Awlany aladalanyp şeýle diýipdir:

«Gaýrat endamyňyza kuwwat, bagt we bagtyýar bolmagyňyza sebäpdir. Şonuň üçin her birimiz hereket edip, öz güýjümiz bilen gowy ýaşamagymyza gerek bolan zatlary tapyp, başgalara mätäç bolman rahat-rahat ýaşamalydyrys. Saglygymyz, bagtymyz, baýlygymyz, kanagatymyz, sabyrymyz, sypatymyz, ahyrynda, bütin durmuşymyz hereketimize baglydyr. Hereketsiz adamlar her zatdan mahrum. Hemişe başgalaryň kömegine mätäç bolup harlykda galýarlar. Adam ýaş wagtynda ylym-bilim, hünärdir sungata boýun egmese, oýlanmasa, elbetde, gara işçi bolup galar»[1].

Beýikleriň şu öwütlerini unutman, olara tüýs ýürekden amal etmeli. Diňe şonda gaýratly millet, hünärli ildigimizi ýene bütin dünýä aýdyň görkezip bileris.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Zähmet terbiýesi adamyň dogry şekillenmeginde nähili orun tutýar?
2. Akyl zähmeti bilen fiziki zähmetiň arasyndaky özara baglylygy kimleriň işinde görüpdiňiz?
3. Maşgalaňyzda nähili käriň eýeleri bar? Ýene nähili käriň eýesi bolmagy isleýärsiňiz?
4. Jemgyýetimizde adamlaryň arasynda yzzat-hormata sezewar bolan hünärmentlerden kimleri bilýärsiňiz?
5. Zähmet we zähmetsöýerligi beýgeldýän halk nakyllaryndan on sanysyny depderiňize ýazyp geliň.
6. Welaýatyňyzda, tümeniňizde iş alyp baryp, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ýokarlandyrmaga goşant goşýan kesp-hünär eýeleriniň zähmetine kesgitleme beriň.

---

[1] **Abdulla Awlany.** Tanlangan asarlar. 2-nji jiltlik. 2-nji jild. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2006-njy ýyl, 45-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## RUHY EDERMENLIK

Eziz okuwçy, siz ençeme kitaplarda, çeper we dokumental kino eserlerinde öz durmuşyny howp astyna goýup ýanýan öýden ýaş çagany alyp çykan, suwa gark bolýan adamy halas eden, duşmanyň okuna dik seredip, ýaragdaşlaryny ölümden saklap galan, serhedi duşmanlardan goramakda özüni pida eden adamlaryň edermenligine şaýat bolansyňyz. Hakykatdan hem, şeýle mertlik, edermenlik hemmäniň hem elinden gelibermeýär. Prezidentimiz özüniň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynyň «Iň beýik edermenlik» diýen sözbaşy goýlan soňky böleginde ýokarda agzalan ýagdaýlarda görkezilen gahrymançylyk nusgalaryny şeýle ykrar edýär:

**«Köpçülik hatarynda, diňe ýagdaý talap eden takdyrda meýdana atylyp çykmak, gahrymançylyk görkezmek – elbetde, bu hem aňsat däl. Munuň üçin hem adamda uly ýürek, gujur-gaýrat, iň möhümi, özüne, özüniň güýç-kuwwatyna pugta ynam bolmalydyr»[1].**

Ýurtbaşymyzyň sözlerindäki «diňe ýagdaý talap eden takdyrda» diýen ýatlatma aýratyn üns bereliň. Diýmek, beýle gahrymançylyklar köpräk adatdan daşary, garaşylmadyk ýagdaýlarda ýüze çykýar, hatda şol gahrymançylygy eden adam näme edýändigine ahyryna çenli aňyp ýetişmezligi-de mümkin. Eger ýüregine düwen işiniň netijesini, soňuny öňünden bilende, belki muňa käbirleriň ýüregi dözmezligi-de tebigydy.

Ýöne meseläniň başga tarapy hem bar. Mälim bolşy ýaly, adatdan daşary ýagdaýlar, garaşylmadyk hadysalar gündelik

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 165-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

durmuşda gaty seýrek ýüze çykýar. Diýmek, şeýle gahrymançylyklar her gün däl, eýsem käte-käte bolýar. Ýöne bu diýildigi – şol durmuş öz-özünden, adamlaryň işinden aýry ýagdaýda dowam ediberýär, diýeni hem däl. Ýagny durmuşyň bu dowamylylygy, durnuklylygy, aýratynam, parahatçylygy we abadançylygy köp adamlaryň gündelik işi bilen, göze derrew ilmeýän janaýamazlykly zähmeti, minnetsiz hereketleri bilen ýüze çykýar. Ýurtbaşymyz meseläniň ine şu möhüm tarapyna ünsümizi çekmek bilen, pikirlerini aşakdaky ýaly dowam etdirýär:

**«Ýöne maňa buýursa, her gün, her sagatda janypkeş bolmak, özüni damja we damja, bölek-bölek beýik maksatlara tarap ýadaman, haldan taýman dyngysyz gönükdirmek, şu sypaty hemişe, gündelik iş ölçegine öwürmek – hakyky gahrymanlyk aslynda ynha şu, diýip aýdan bolardym»[1].**

Şaýady bolşuňyz ýaly, Prezidentimiz diňe bir adatdan daşary hadysalar wagtynda, käte-käte ýüze çykýan hereketleri däl, eýsem bütin işiniň maksadyna öwrülen janypkeşligi gündelik durmuş ölçegi diýip hasaplaýan adamlaryň hereketini hakyky gahrymançylyk, hakyky edermenlik diýip atlandyrýar. Bu gahrymançylyk, ýokarda belleýşimiz ýaly, elmydama adamlaryň gözüne düşübermeýär, daşyndakylara duýulmazlygy-da mümkin. Ýöne şu janypkeşlik bolmasa, ony başga birine göz etmän öz durmuşynda yzygider amala aşyrýan adamlar bolmasa, ne jemgyýet, ne döwlet, ne-de adamzat rowaçlanýar, gülläp ösýär.

Şu ýokary ölçeglerden gelip çykyp, Ýurtbaşymyz **«Bu ýagty dünýäde iň beýik edermenlik näme, diýen soraga, hiç ikirjiňlenmezden, iň beýik edermenlik – bu ruhy edermenlik, diýip jogap bersek, ýaňlyşmadyk bolarys, diýip pikir edýärin»[2]**, – diýip düşündirýär.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 165–166-njy sahypalar.

[2] Şol eserde, 159–160-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ynha şu edermenligiň eýeleri hökmünde adamzat ylym-bilimi, medeniýeti, azatlygy ugrunda özüni aýamadyk beýik alymlar, akyldarlar, serkerdeler, döwlet we jemgyýetçilik işgärleri hormat bilen dile alynýar. Olaryň arasynda:

– Gündogarda «ustodi avval», ýagny birinji mugallym diýen hormatly ada sezewar bolan grek filosofy Platon (Aflatun);

– Bagdatdaky «Baýtul-hikma» («Ylymlar öýi») we Horezm Ma’mun akademiýasynda beýik ylmy açyşlary amala aşyran ýetişen alymlarymyz;

–Orta asyrlar Ýewropa ylmynyň buýsanjy hasaplanýan Nikolaý Kopernik, Jordano Bruno, Galileo Galileý ýaly alymlar;

– ýurdumyzyň azatlygy we garaşsyzlygy ugrunda janyny pida eden Nejmiddin Kubra, Jelaliddin Meňguberdi, Emir Temur ýaly beýik eždatlarymyz, magaryfperwer babalarymyz bar.

Meselem, siz taryh, edebiýat dersleri arkaly XX asyryň başlarynda halkymyzyň magaryfyny we medeniýetini ýokarlandyrmak, ykdysady hem-de syýasy durmuşyny basybalyjylaryň zulmundan azat etmek ugrunda misli görülmedik janypkeşlik görkezen Mahmythoja Behbudi, Abdulla Awlany, Fitrat, Hajy Muin, Abdulla Kadyry, Çolpan, Nihany ýaly döredijilik işgärleriniň göreldeli işi bilen tanyşansyňyz.

Olar eziz janlaryny howp astyna goýup, şonsuz hem aşyp ýatmadyk şahsy emläklerini sarp edip ýurduň çagalary üçin täze usulda tälim berýän mekdepleri, okalgalary, teatr truppalaryny, gazet we žurnallary döredipdirler. Olaryň bu hereketi bir tarapdan ilki patyşa hökümetiniň, soňluk bilen bolsa sowetler hökümetiniň zor salmalaryna duçar bolan bolsa, ikinji tarapdan nadanlyk batgasyna batan fanatik dindarlaryň berk garşylygyna duçar bolupdyrlar. Ynha şeýle agyr şerte





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

seretmezden, halkyny, milletini, onuň geljegini oýlap jan eden janypkeş babalarymyz öz ýollaryndan, haýyrly maksatlaryndan yza çekinmändirler. Şu göreşler prosesinde olaryň näçesi gurban boldy, tä garaşsyzlyga çenli ady ýamanatly edildi.

**Ýurtbaşymyz taryhyň agyr we maşakgatly synaglaryndan halkymyzyň sag-aman geçmeginde, onuň geçmişiň tupanlarynyň arasynda ýok bolup gitmän zowalsyz ýaşap gelmeginde, özlügini, ozaldan gelýän gymmatlyklaryny saklap galmakda şu halkyň ganynda, süňkünde bolan ine şu ruhy edermenlik duýgusy aýgytlaýjy rol oýnandygyny aýratyn nygtaýar.**

Bu günki günde ýurdumyzyň barha ösüşine, ykdysady kuwwatynyň artmagyna mynasyp goşant goşýan, müňlerçe kärhanalarda, edaralarda, hojalyklarda halal zähmet çekip rysgal döredýän millionlarça ýurtdaşlarymyzyň – ata-enelerimiziň, agalarymyzyň we doganlarymyzyň işine Ýurtbaşymyz hormat bilen üns berýär:

**«Hut men zähmetkeş we döredijilikli halkymyzyň durmuşyny, aýratynam gyşyň aýazynda we ýazyň jokramasynda hem, baharyň we güýzüň ýagynly günlerinde-de ýerden rysgal öndürmek maksadynda güni güne, gijäni gijä ulaşdyryp zähmet çekýän daýhanlarymyzyň durmuşyny doly manydaky edermenlik nusgasy, diýip hasaplaýaryn»[1].**

Diýmek, hormatly okuwçy, siziň bilen biziň dok we abadan durmuş geçirmegimiz ugrunda zähmet çekýän bu eziz adamlaryň zähmetiniň gadyryna ýetmek, olara elden gelenden kömek bermek, geljekde aljak bilimlerimiz, döretjek açyşlarymyz bilen olaryň zähmetini ýeňilleşdirmek, netijeliligini artdyrmak arkaly ýurt abadançylygynyň has-da ýokarlanmagyna goşant goşmak her birimiz üçin hem karz, hem parzdyr.

Prezidentimiz «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda hakyky ruhy edermenligiň eýeleri hökmünde üç sany watandaşymyzyň işini aýratyn belläp geçýär.

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 165-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





**Olar – meşhur arheolog alym, akademik Ýahýo Gulamow, Özbegistanyň halk şahyry Zulfiýahanym we Özbegistanyň Gahrymany, edebiýatşynas alym Azat Şarafiddinowdyr.**

Eserde şu janypkeş ýurtdaşlarymyzyň edermenlikli hem-de göreldeli durmuşy, amala aşyran saldamly ylmy-döredijilik işleri içgin we hakyky ykrar edilendir.

Dersimizi şu kitabyň «Iň beýik edermenlik» sözbaşyly böleginiň soňunda getirilen aşakdaky möhüm pikiriň düşündirişi bilen tamamlamak maksada laýykdyr.

Ýurtbaşymyz şeýle ýazýar: **«1991-nji ýylyň 31-nji awgust senesinde ele alnan milli garaşsyzlyk – XX asyrda halkymyz tarapyndan amala aşyrylan beýik ruhy edermenlik nusgasydyr, diýsek, hut hakykaty aýdan bolarys»[1].**

Hakykatdan hem, her bir milletiň, halkyň takdyrynda onuň islendik zulumdan azat bolşy ýaly, öz takdyryny özi özbaşdak kesgitlemek hukugyny ele almak ýaly, dünýä halklarynyň arasynda deňler içre deň derejäni eýelemek ýaly, bir söz bilen aýdanda,

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 170-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

milli garaşsyzlygy gazanmak ýaly uly hadysa bolmandyr, bolmaýar hem. Çünki ähli ugurlardaky ösüş-özgeriş, halkyň we ýurduň gazanmagy mümkin bolan ähli üstünlikleri, onuň dünýädäki at-abraýynyň ýokarlanmagy ilki bilen ine şu faktora aýrylmaz baglydyr.

! **Biziň Watanymyzyň mysalynda aýtsak, baryp 130 ýyl dowam eden zulumdan doly halas bolmagymyz, dünýä kartasynda Özbegistan Respublikasy diýlip atlandyrylýan suweren döwletiň peýda bolmagynda 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Özbegistanyň birinji Prezidenti Islam Karimow tarapyndan garaşsyzlygyň yglan edilmegi doly manydaky taryhy hadysa, beýik ruhy edermenlik boldy.**

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Ruhy edermenlik düşünjesi öz mazmunynda adam şahsyýetindäki, işindäki nähili sypatlary, aýratynlyklary jemleýär?
2. Geçmişde öz işi, ylmy-döredijilik gözlegleri bilen hakyky ruhy edermenlik nusgasyny görkezen haýsy şahslary mysal getirip bilersiňiz?
3. Sahypgyran Emir Temuryň ruhy edermenligi nämelerde ýüze çykypdy?
4. Ýurtbaşymyz tarapyndan Özbegistanyň Gahrymany Azat Şarafiddinowyň durmuşy we ylmy-döredijilik işi ruhy edermenligiň nusgasy hökmünde bahalanyşyny «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabyny okap, bilip alyň.
5. Näme üçin 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda ele alnan milli garaşsyzlygymyzy beýik ruhy edermenligiň nusgasy diýip hasaplaýarys?
6. Öziňiz ýaşaýan ýerde zähmet çekýän we döredijilik edýän adamlaryň işinde ruhy edermenligiň nähili alamatlarynyň ýüze çykýandygy barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BARLAG IŞI

*Ýumuş:* **«Iň beýik edermenlik»** temasyndan referat taýýarlaň.

Ony ýazanda aşakdaky meseleler boýunça özbaşdak pikir ýöretmäge çalyşyň:

– «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynda Ýurtbaşymyzyň bildiren pikirleri (eseriň 159–170-nji sahypalary);

– adatdan daşary ýagdaýlarda, ýagdaýyň talap etmegi bilen mertlik we gahrymançylyk görkezmek hem ynsany edermenlige mysaldygy;

– Watanymyzyň taryhynda adalat we hakykat, il-ýurt azatlygy ugrunda özüni aýaman göreldeli işleri amala aşyran adamlaryň işi;

– Tomaris we Şirak ýaly milli gahrymanlarymyzyň kalbyndaky ruhy edermenlik duýgusy;

– ylmy-döredijilik edermenliginiň nusgalary;

– meşhur arheolog, akademik Ýahýa Gulamow, Özbegistanyň Halk şahyry Zulfiýa, Özbegistanyň Gahrymany, edebiýatşynas Azat Şarafiddinowlaryň işiniň şu günki ýaşlaryň dünýägaraýşynyň sagdyn şekillenmegindäki ähmiýeti;

– Özbegistanymyzyň garaşsyzlygyny gazanmagynda Ýurtbaşymyzyň görkezen ruhy edermenliginiň taryhy ähmiýeti.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## JEMLEÝJI SAPAK

Hormatli okuwçy! Ine, soňky üç ýylyň dowamynda siz eziz mekdebiňiziň gujagynda mugallymlaryňyzdan hem-de derslik-lerden «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmy boýunça çuňňur bilim aldyňyz. Şu ýyllaryň dowamynda diňe bir siziň bedeniňiz däl, eýsem dünýägaraýşyňyz, düşünjeleriňiz, ruhy älemiňiz hem ösdi, ulaldy. Garaşsyz ýurdumyzy we halkymyzy beýik geljege tarap ugrukdyrmakda möhüm faktor bolýan milli taglymymyzyň many-mazmuny, ony düzýän düşünjeler we prin-sipler barada belli bir garaýyşlara we başarnyklara eýe bolduňyz.

**Alan bilimleriňiz esasynda, hiç bir halkyň milli taglymsyz, ýagşylyga eltýän aňyýetsiz ýaşamagy-da, ösmegi-de mümkin däldigine göz ýetirdiňiz.**

Öz takdyryna, geljegine biparh garamaýan her bir halkyň öz taglymy, onuň öňünde çagyryp durýan maýagy bolýar. Halkymyz Prezidentimiz Islam Karimow tarapyndan esaslandyrylan milli taglymy aňyna we kalbyna ornatmak bilen beýik geljege tarap aýgytly ädim bilen barýar.

Şu ýylky sapaklaryň dowamynda öwrenen temalarymyz – milli taglymyň we milli ösüşiň özara aýrylmaz baglylygy, şu günki dünýäniň çylşyrymly aňyýet teswiri, zyýanlylygy taýdan ýadro poligonlaryndan güýçlüräk bolan aňyýet poligonlarynda bolup geçýän göreşler baradaky pikirler sizi biparh galdyrmadyk bolsa gerek. Şu göreşde möhüm ähmiýete eýe bolan taglym boşlugyna ýol bermezlik, ýaşlaryň aňynda we kalbynda aňyýet immunitetini, eserdeňlik hem-de degişlilik duýgusyny güýçlendir-mekde siziň hem işeňňir gatnaşmalydygyňyzy aňýarsyňyz. Şonuň üçin bolsa adamyň kalbynda mukaddes Watanyna, ene diline



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

söýgi, milli we umumyadamzat gymmatlyklaryna hormat, halal zähmet çekip, abadan ýaşamaga ymtylyş duýgularynyň şekillenmelidigini hem gowy düşünýärsiňiz. Şonuň ýaly-da, maşgala, mähelle ýaly milli ruhyýetimiziň gadymy galalaryny gorap saklamak, maddy we ruhy durmuşy özara sazlaşykly ösdürmek häzirki günde nähili möhüm ähmiýete eýedigi barada hem belli bir düşünjelere eýe bolduňyz.

Ýurtbaşymyz özüniň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» eseriniň Netije böleginde aşakdaky möhüm meselä ünsümizi çekýär:

**«Ruhy rowaçlygy gazanmak – bu bir ýyllyk ýa-da bäş-alty ýyllyk iş däl. Halk, millet öz milli ruhyýetini ýyllaryň, asyrlaryň dowamynda ýokarlandyryp, barha baýlaşdyrýar. Çünki ruhyýet gatap galan dogmalaryň ýygyndysy däl, tersine, hemişelik hereketdäki üznüksiz proses bolup, ösüş dowam edýärkä, onuň güýçli ýörişi sebäpli ruhy durmuşyň öňüne goýulýan talaplar hem yzygider peýda boluberýär»[1].**

Edil ruhyýet ýaly milli taglym hem döwrüň talaplaryndan gelip çykyp yzygider kämilleşip, barha baýamagy tebigydyr. Mundan şeýle netije çykýar, siziň milli taglym we ruhyýet baradaky bilimleriňiz we düşünjeleriňiz, tejribeleriňiz we endikleriňiz hem şoňa laýyklykda ilerläp ösmelidir. Iň esasysy, siz janajan ýurdumyzda, bütin dünýä möçberinde bolup geçýän möhüm wakalardan, özgerişlerden wagtynda habardar bolmagyňyz, şol bir waka-hadysalar köpçüligiň hatarynda siziň hem durmuşyňyz, takdyryňyza degişlidigine çuňňur düşünmelisiňiz. Çünki bu ýurduň, şu mukaddes Watanyň ertirki eýeleri, onuň beýik geljegini döredijileriniň hatarynda siziň hem jogapkärli ornuňyz bar. 1991-nji ýylda ele alnan garaşsyzlygy gözüň göreji ýaly gorap saklamak, ýurdumyzy dünýäniň iň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna alyp çykmak her birimizden hakyky janypkeşligi, şu ýurt, şu Watan diýip ýaşamak ýaly ýokary aňlylygy talap edýär.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 171-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Ýurtbaşymyz Islam Karimow Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygynyň ýigrimi üç ýyllygyna bagyşlanan dabaradaky gutlag sözünde, şol sanda, aşakdakylary nygtady:

**«Maddy nukdaý nazardan biz belki iň ösen döwletlerden entek yzrakdadyrys. Ýöne biz öz ýolumyzy seçip aldyk we bu ýoldan gaýtmazdan, berk ynam bilen aýdyp bileris: maddy nukdaý nazardan hem bu sepgit hökman biziňki bolar, emma ruhy nukdaý nazardan garanda, iň ýeňilmez güýjüň özi näme? Belent ruhly halk dälmi? Özüňiz aýdyň, şeýle halky ýeňip bolarmy?»[1].**

Hakykatdan hem, öz güýjüne we ukybyna taýanýan, özüniň jan beriji, döredijiliklilige çagyrýan milli taglymyna we aňyýetine eýe, milli ruhyýetini yzygider ýokarlandyrýan halky dünýädäki hiç bir güýç ýeňip bilmeýär.

Siz – eziz perzentlerimize dilegimiz hem durmuşyň şu beýik hakykatyndan gelip çykýar: milli taglym ýaly gowy taglym, milli ruhyýet ýaly uly miras size elmydama güýç-kuwwat berip, haýyrly işlere ruhlandyryp dursun.

---

[1] «Xalq so‘zi» gazeti, 2014-nji ýyl 1-nji sentýabr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAZMUNY

*I bap.* **Garaşsyzlyk we milli taglym** ............ 3

Iň beýik maksat ............ 3
Milli taglym we ösüş ............ 8
Dünýäniň aňyýet teswiri ............ 13
Aňyýet poligony ............ 20
*Barlag işi* ............ 24

*II bap.* **Milli taglym we kämil nesil** ............ 25

Taglym boşlugy ............ 25
Aňyýet immuniteti ............ 30
Ene dili – milletiň ruhy ............ 36
Milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň sazlaşyklylygy . 42
Ösüşiň özbek modeli we onuň ähmiýeti ............ 47
*Barlag işi* ............ 53
*Amaly sapak.* Bu günki özgertmeler barada söhbet ............ 54

*III bap.* **Ruhyýetiň pugta daýançlary** ............ 58

Ruhyýet galasy ............ 58
Milli gymmatlyklar mesgeni ............ 69
*Barlag işi* ............ 80
Tälim we terbiýäniň sazlaşyklylygy ............ 81
Ruhyýete wehim – özlügimize wehim ............ 87

*IV bap.* **Iň beýik edermenlik** ............ 98

Ruhy we maddy durmuşyň sazlaşyklylygy ............ 98
*Amaly sapak.* Maddy we ruhy durmuşyň sazlaşyklylygy .... 105
Halal zähmet – ruhy ösüşiň girewidir ............ 107
Ruhy edermenlik ............ 116
*Barlag işi* ............ 122
Jemleýji ders ............ 123

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O'quv nashri*

OYNISA MUSURMONOVA, MURTAZO QARSHIBOYEV,
RAHMON QO'CHQOROV

# MILLIY ISTIQLOL G'OYASI VA MA'NAVIYAT ASOSLARI

**Umumiy o'rta ta'lim maktablarining 9-sinflari uchun o'quv qo'llanmasi**

*(Turkman tilida)*

*To'ldirilgan va qayta ishlangan 7-nashri*

*Toshkent «Ma'naviyat» 2015*

Terjime eden *K. Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Suratçy *M. Alamow*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ş. Sohibow*

Lisenziýa AI №189, 2011-nji ýylyň 10-njy maýynda berlen. Çap etmäge 2015-nji ýylyň 25-nji iýunynda rugsat edildi. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$. Tayms garniturasy. Ofset usulynda çap edildi. Ofset kagyzy. Şertli çap listi 8,00. Neşir listi 7,62. 879 nusgada çap edildi. Buýurma № 3873.

«Ma'naviyat» neşirýaty. Daşkent, Tarakkiýot 2-nji öňi ýapyk köçesi, 2. Şertnama №61-15.

**«SHARQ» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynda çap edildi. Daşkent, 100000, Beýik Turan köçesi, 41. 2015.**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly | Dersligiň tapşyrlan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Ýagşy | Jilti gowy, dersligiň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgy-lar we çyzgylar ýok. |
| Kanagat-lanarly | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýda-lanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanyp-dyr. Goparylan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| Kanagat-lanarsyz | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyr-tylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abat-lanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Dersligi gaýtadan dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE